HIÇ ZADY ÝAŞYRMAZDAN
JYNS GATNAŞYGY BARADA ÖZ
ÇAGALARYŇ BILEN NÄDIP
GÜRRÜŇ ETMELI?



Joş we Dotti MAKDAUELL

# AÇ-AÇAN GÜRRÜŇ



Joş we Dotti MAKDAUELL

# AÇ-AÇAN GÜRRÜŇ

HIÇ ZADY ÝAŞYRMAZDAN JYNS GATNAŞYGY BARADA ÖZ ÇAGALARYŇ BILEN NÄDIP GÜRRÜŇ ETMELI?

*Iňlis dilinden terjime*

Originally published in English under the title:
**STRAIGHT TALK WITH YOUR KIDS ABOUT SEX**
by Josh & Dottie McDowell.

Published by Harvest House Publishers,
Eugene, Oregon 97402, USA.
www.harvesthousepublishers.com

Translated by permission.
All rights reserved.

*Turkmen edition*

*Öz çagalaryna jyns gatnaşygy baradaky*
*Hudaýyň niýetini batyrgaý, ynamly we söýgi bilen*
*gürrüň berýän hem-de muny*
*terbiýe bermegiň bütin dowamynda*
*tiz-tizden we aç-açan amala aşyrýan*
*ata-enelere bagyşlanylýar*

## 1

# Bary-ýogy ýekeje düwmejigi basmak bilen

*Jyns gatnaşygy*. Käbirleri bu sözi «hapa söz» hasaplaýarlar, başga birileri muny ajaýyp hasap edýärler, üçünji biriler üçin bolsa, bu hakda sesli aýtmak bolmaýan nämedir bir zada küşgüriji bolup duýulýar. Siziň bu söze nähili seredýändigiňize garamazdan, jyns gatnaşygy — näzik we şol bir wagtyň özünde juda möhüm bolup durýan mowzukdyr. Muny özüne seresap gatnaşygy talap ediji, ajaýyp we kuwwatly güýç hasap edýänler üçin (meselem, ata-eneler ýa-da ýaşlaryň liderleri üçin) jyns gatnaşygy, ýagny entek gaty bir ulalyp ýetişmedik iki adamyň arasyndaky pynhan ýakynlaşyk — bu az bolmadyk howsalany döredij meseledir.

Eger-de haýsydyr bir keseki adam günde siziň çagaňyzyň ýatakhanasyna sümülip girýän bolsa, onda siz howatyrlanardyňyzmy? Belki bu päliýaman hemişe çagaňyzyň beýnisine jyns gatnaşyklary baradaky ýoýulan, galyberse-de, bütinleý bozuk düşünjeleri guýýan bolsa näme? Birden beýle bilim çagaňyzy azgynlyk ýoluna iteklese näme? Şübhäm ýok, eger bu haramzada siziň çagaňyzyň aňyny we kalbyny şeýle bihaýa heläkleýän bolsa, onda siz däliräp, gazap donuny geýerdiňiz.

Nähili howpy göz öňünde tutýandygymyzy düşündirmezimizden ozal, ilki size özümiz hakda gysgajyk gürrüň bermäge rugsat ediň. Biz, Joş we Dotti, özümiz dört çagany terbiýeläp ýetişdirip, howsa-

la düşer ýaly sebäpler bolsa-da, onda-da olaryň çynlakaý sebäplerdigine garamazdan, biz bu kitaby sizi gorkuzmak üçin ýazmaýarys. Ilki bilen biziň maksadymyz — siziň çagaňyzyň kämahallar duş gelýän zatlaryna garşy durup bilmekliginiň öňünden oýlanylan ýoluny teklip etmek. Munuň üstesine, biz size ony nädip jyns gatnaşyklary barada sagdyn (takwa) düşünjeli edip terbiýe bermegiň peýdaly usullaryny görkezmegi umyt edýäris.

Her zat diýseňizem, jyns gatnaşygy — gaty gowy zat! Ajaýyp! Şeýle bir tolgundyryjy welin, aýdyp diýer ýaly däl! Muny Hudaý şeýle edip döretdi. Elbetde, siz özüňiziň ýetişip barýan ogluňyzyň ýa-da gyzyňyzyň Hudaýyň jyns gatnaşyk baradaky niýetine düşünmegini we ony kabul etmegini, şeýdibem geljekde edil Rebbiň niýetleýşi ýaly, onuň jyns gatnaşykdan lezzet almagyny isleýänsiňiz. Şonuň üçin hem, haýsydyr bir ahlaksyz adam siziň çagaňyzy Hudaýyň täsin sowgadyny özüne zyýan etmek üçin ulanmaga mejbur edýän bolsa, bu siziň ýüregiňizi agyrdardy.

Barlaglaryň görkezişi ýaly, mesihi ata-eneleriň we ýygnak ýolbaşçylarynyň birinji derejeli gorkusy dünýewi dünýägaraýyşyň we hemme ýerde höküm sürýän jyns azgynlygyň biziň çagalarymyzyň ýüregine we aňyna nähili-de bolsa täsir edýänligidir. Elbetde, biz hem mundan gorkýardyk. Şeýle gorky bilen herekete gelýän ene-atalar täze mesihi mekdepleri açmaga kömek edip, bar güýçleri bilen olaryň ösmegine ýardam berýärler, köpler bolsa öz çagalaryny tomusky mesihi lagerlere iberýärler. Öýde berilýän bilim görlüp-eşidilmedik ýagdaýdaky meşhurlyga ýetdi. Maşgalalar at-abraýy tas göklere ýeten, ýaşlar üçin meýilnamasy bar bolan ýygnaklara baryp başlaýarlar. Şu hili ýollar arkaly ene-atalar öz çagalaryny häzirki zaman dünýewi medeniýetiň weýran ediji täsirinden goramagy umyt edýärler.

Iş ýüzünde bolsa, bu ähli ýagşy niýetli seresaplylyk hereketleri köp ene-atalaryň we pedagoglaryň hüşgärligini gowşadýar, çünki mesihi maşgalalarda ösüp-ulalýan, gowy ýygnaga gatnaýan, Mukaddes Kitap boýunça çynlakaý bilim alyp, ulularyň

gözegçiligindäki wagt geçirmelere gatnaşýan çagalar heläk ediji täsirden çetleşdirilen diýip düşünilmeklik adaty zat ýaly bolup görünýär.

Şeýle hem bolsa, bary-ýogy, aýdaly, haýsydyr bir on ýyl mundan ozalka seredeniňde, şu gün olar has köp howpa sezewar edilendirler. Bu ýagdaýyň sebäbi, göni häziriň özünde jemgyýetiň biziň çagalarymyzyň ahlak baradaky ýoýulan, bozuk düşünjeleri almagyna kömek edýän sosial aragatnaşyk serişdeleriniň pajarlap ösüşini başdan geçirýänligindedir. Üstesine-de, çagalarymyz bu düşünjeleri, öňküler bilen deňeşdireniňde, gaty näzik döwürde alýarlar. Munuň üçin bolsa, olara öz mähriban öýüniň diwarlaryndan-da we öz şahsy otagyndan-da daşa gitmek gerek bolmaýar. Biz, ine, nähili «hyýanatçy» barada, nähili howp barada gürrüň edýäris.

## Sosial köpçülikleýin habar beriş ulgamyndaky ösüş

Ozallar dünýä radio ýaly, telewideniýe ýaly, kino, kagyz neşir serişdeleri ýaly we şuňa meňzeş ýaýradyjylar arkaly ösüp barýan ýaş nesile täsir edýärdi. Eger ene-atalar öz çagasynyň näme diňleýändigini, näme görüp, nämeleri okaýandygyny yzarlap bilseler, onda olary dünýäniň çüýrediji täsirinden gorap bilendiklerine azda-kände ynamly bolup bilerdiler. Emma bu günki günüň sosial köpçülikleýin habar beriş ulgamyndaky ösüş ýagdaýy düýpgöter özgertdi. Häzirki zaman dünýewi medeniýet on ýyl mundan ozal hiç kimiň eşidip görmedik ýollary boýunça biziň çagalarymyzyň durmuşyna aralaşýar. Ine, mysal üçin, geçen onýyllyk boýunça Internetiň täsiriniň ösüşini görkezýän jedweli (görkezijiler ABŞ-nyň ilatyna degişli).

| 2000-nji ýylda | 2010–2011-nji ýyllarda |
| --- | --- |
| Ortaça ulanyjy hepdäniň dowamynda 2,7 sagadyny internetde geçirýär. | Ortaça ulanyjy hepdäniň dowamynda 18 sagadyny internetde geçirýär. |

| | |
|---|---|
| Google gözleg ulgamyna günde 100 mln gözleg talaby berilýär. | Google gözleg ulgamyna günde 2 mlrd gözleg talaby berilýär. |
| Günde 12 mlrd elektron habarlary iberilýär. | Günde 247 mlrd elektron habarlary iberilýär. |
| Aktiw bloglaryň 12 müňi hasaba alnan. | Aktiw bloglaryň 141 milliony hasaba alnan. |
| iTunes-den ýüklemeler ýok. | iTunes-den 10 mlrd ýüklemeler[1] bar. |
| Twittere habar ýerleşdirme ýok. | Twittere 25 mlrd habar ýerleşdirilýär[2]. |
| YouTube-de her gün wideo görmeklik ýok. | YouTube-de her gün 4 mlrd wideo görmeklik[3] bar. |
| YouTube-den her minutda 0 sagatlyk wideomaterial ýüklenilýär. | YouTube-den her minutda 60 sagatlyk wideomaterial ýüklenilýär[4]. |
| Facebook-da ýekeje-de ulanyjy hasaba alynmady. | Facebook-da 845 mln aktiw ulanyjy hasaba alyndy[5]. |
| Wikipediýada ýekeje-de makala ýok. | Wikipediýada 20 mln makala bar. |

2010-njy ýylda her aý hemmäniň tomaşa etmegi üçin her hili mazmunlaryň 30 milliard birligini ýerleşdirilýän Facebook-da täze 250 million ulanyjy hasaba alnypdyr[6]. Eger-de Facebook bir ýurt bolan bolsady, onda bu ýurt ilat sany boýunça dünýäde üçünji orny eýelärdi.

Facebookda takmynan 20 million çagadyr ýetginjekler hasaba alynandyr. Olaryň 7,5 milliony on üç ýaşyna-da ýetmedik, 5 milliony bolsa — on ýaşdan aşakda[7]. Käbir anyklamalara görä,

sosial ulgamyň ähli ulanyjylarynyň 90%-ni we ABŞ-daky internetiň 57,1%-ni Facebook özüne çeker. 2013-nji ýyla çenli internet ulanyjylaryň 62%-i we Birleşen Ştatlaryň ilatynyň ýarysy Facebookda hasaba alnar diýlip garaşylýar[8].

Eger internetiň wideo düzümine ýüzlensek, onda eMarketer-iň baha bermegine görä, 2011-nji ýylda on iki ýaşa çenli bolan 50 million amerikaly çagalaryň 12 milliony (bu 25%-e golaýy) «wideolara onlaýn ýagdaýda tomaşa edipdirler». 2015-nji ýyla çenli bu görkeziji 70%-e ýeter diýlip garaşylýar[9]. «Harris Interactive» barlag kompaniýasynyň geçiren soraglaryna laýyklykda, 2010-njy ýylda on iki ýaşyna ýetmedik, emma eýýäm günde bir sagatdan kem bolmadyk wagtyny internetde onlaýn arkaly geçirýän çagalaryň sany 61%-den 76%-e çenli artar[10].

Internet, köpçülikleýin habar beriş serişdesi hökmünde, çagalaryň arasynda özüniň meşhurlygy boýunça telewideniýeden hem ozdy[11]. ABŞ-nyň bilim ministrliginiň geçiren barlagynyň görkezişi ýaly, çagalaryň dört ýaşdan alty ýaşa çenli bolanlarynyň eýýäm 27%-ne Internet elýeterlidir[12]. Bu gün hatda çagalar bagynyň esasy öwrediji guraly hem hek bilen tagta däl-de, aýpeddir.

Sosial ulgamyň ösmegi bary-ýogy on ýa-da ýigrimi ýyl mundan ozal hiç kimiň göz öňüne getirip bilmedik şeýle aragatnaşyk mümkinçiliklerini berip, adamlary birleşdirýär. Eger siziň çagaňyzyň bütin dünýä boýunça islendik adam bilen çäksiz gatnaşyp bilmeklik mümkinçiligi sizde howsala döredýän bolsa, onda munuň esaslydygyny aýtmak gerek. Häzirki zaman dünýewi medeniýetiň biziň çagalarymyza beýle çalt ýetip bilmekliginiň ters tarapy-da bardyr.

## Erkiňe goýmaýan ahlaksyzlyk

Ene-atalar hökmünde we ýygnagyň ýolbaşçylary hökmünde biz ýigitlerdir gyzlaryň jyns gatnaşygyny Mukaddes Kitabyň düşün-

dirişi boýunça kabul etmeklerini isleýäris. Biz olaryň Hudaýyň niýeti boýunça öz müddeti gelende, ýagny kanuny nika baglaşma arkaly jynsy ýakynlaşykdan lezzet almaklaryny isleýäris. Bary-ýogy on-on bäş ýyl mundan ozal ene-atalar, dynç günki mekdepleriň mugallymlary, ýygnak çopanlary ýaşlaryň görýän we eşidýän zatlaryny we olaryň jyns gatnaşyklary baradaky düşünjeleriniň esasynda durýan zatlaryny gözegçilikde saklap, olaryň garaýyşlaryna täsir edip bilerdiler. Biz ýöne: «Biziň öýümizde käbir görnüşli teleprogrammalara seredilmeýär we belli bir kitaplar okalmaýar» diýip bilerdik. Şeýdip, öz çagalarymyzy köpçülikleýin habar berişnyň erbet täsirinden gorap bolardy. Haçanda olar goňşulara ýa-da dostlaryna myhmançylyga gitjek bolsalar-da, biz howsala düşmezdik, çünki biz eýýäm olaryň gatnaşyp biljek birmeňzeş ynançlary bolan adamlary kesgitläp beripdik.

Emma bu gün biz gözegçilik etmekligiň tutawaçlaryny çyndanam ýitirdik. Biziň günlerimizde ahlaksyzlyk bilen azgynlyk biziň çagalarymyzyň ýekeje bir düwmejigi basmagynda ýerleşýär. Çaganyň smartfondaky, aýpeddäki ýa-da noutbukdaky ýekeje düwmejigi basmagy ýeterlik: aklyňa sygdyryp bolmajak pornografiýa mazmunly ýaramaz suratdyr wideolar onuň üstüne dökülýär. Beýle görnüşdäki suratlary bolan žurnallar birnäçe onýyllyklar mundan öň gizlin satylyp, içi görünmeýän, tutuk bukjalarda öýlere äkidilýärdi. Köp erkek adamlar özleriniň ellerinde şeýle neşir bilen köçelerde görülmegini islemeýärdiler. Bu gün bolsa, pornografiýa siziň çagaňyz bilen birlikde islendik adama elýeterli bolup, mundan çekinip barýan adam hem az.

Ahlaksyz jyns gatnaşyk mazmunly saýtlar, eger häzirki çagalaryň hemmesiniň bolmasa-da, ençemesiniň eline düşýär. «Maşgala Howpsuzlygy habar beriş serişdesiniň» geçiren barlagyna laýyklykda, internetde pornografiýany ilkinji gezek tomaşa etmekligiň ortaça ýaşy — dokuz ýaşdyr[13]. Şunuň bilen

birlikde elýeter çeşmeleriň saýlawy-da juda beýik. Her gün tomaşa etmäge talaplaryň 68 millionyny alýan 5 milliondan gowrak pornosaýtlar bar[14]. Internet ulgamynda her gün 2,5 milliarddan gowrak pornografiýa mazmunly elektron hatlar ýaýradylýar[15].

2009-njy ýyldaky 29 müň sany demirgazyk amerikaly talyplaryň arasynda geçirilen soraglar, erkek adamlaryň 51%-niň we aýallaryň hem 32%-niň entek ýetginjeklik ýaşyna ýetmänkä ilkinji gezek pornografiýa bilen ýüzbe-ýüz bolandyklaryny ýüze çykardy[16]. Ýigitleriň 93%-niň we gyzlaryň 62%-niň on sekiz ýaşyna ýetmänkä Internetde pornografiýa bilen tanyş bolandyklary «Ýaşlara internet pornografiýanyň täsiriniň tebigaty we ösüşi» atly žurnalyň makalasynda aýdylýar. Ýigitleriň 83%-i, gyzlaryň bolsa 57%-i internetde toparlaýyn jynsy gatnaşyk sahnalaryna tomaşa edipdirler, ýigitleriň 69%-i, gyzlaryň-da 55%-i gomoseksual (*erkek bilen erkegiň arasyndaky*) ýa-da lesbilik (*aýal bilen aýalyň arasyndaky*)* jyns gatnaşyklaryna, ýigitleriň 39%-i we gyzlaryň-da 23%-i gol gandallaryny ulanmak bilen geçýän jyns gatnaşyklaryna tomaşa edipdirler[17].

«Waşington Poçtasynda» çap edilen barlaga laýyklykda, ýetginjekleriň 11 milliondan gowragy her gün pornografiýa saýtlara ýüz tutýarlar[18]. «Maşgala üns merkezinde» diýen guramanyň geçiren soragy ata-eneleriň 47%-niň pornografiýa meýilliligi öz maşgalasynyň hakyky kynçylygy hasap edýändiklerini görkezdi[19], galyberse-de, bu soraga gatnaşanlaryň aglaba bölegi mesihi maşgalalardy.

## Bu kimi alada goýýar?

Birnäçe onýyllyklar mundan ozalky emele gelen ýagdaýdan tapawutlylykda, häzirki döwrüň ýigitleridir gyzlary pornografiýa önümlere ýüz tutmaklykda hiç hili ýazgaryjy zat görmeýärler.

* Ýaý içindäki kursiw edilen düşündirişler terjimeçä degişlidir.

Giňişleýin geçirilýän barlaglaryň görkezişi ýaly, on sekiz ýaşdan ýigrimi alty ýaş aralygyndaky erkekleriň 67%-i, aýallaryň bolsa 49%-i erotika we pornografiýa bolan gyzyklanmany esasly hasaplaýarlar[20].

Siz, elbetde, alada ediji ene-ata bolýandygyňyza görä, şübhesiz öz çagaňyzyň seksual mowzukly saýtlaryndan gaça durmagyny sorarsyňyz. Jogapkär we uzakdan görüji adam hökmünde, siz hatda internet düzümini süzmäge we öz kompýuterleriňize gözegçilik ediji programmalary goýmaga-da bararsyňyz. Bularyň bary hökmany çärelerdir.

Emma haçanda siziň çagaňyz dostlarynyňka baranda, olaram öz el telefonlaryny ýakan wagty näme bolup geçýär? Olaryň ene-atalary hem öýdäki elektron enjamlaryň baryny seksual manyly düzümden howpsuzlandyrdylarmyka? Kynçylyk seksual ugurly we şol bir wagtda bozuk düzümleriň bütin kiber giňişligi dolduryp durýanlygyndadyr, hatda siz gelşiksiz häsiýete eýe bolan maglumaty böwetlejek bolsaňyz-da, ondan gaçyp gutulmak kyndyr.

Ulanyjylaryň her aýda, köpüsi «maşgala süzgüçleri» tarapyndan tanalyp bilinmeýän, (bir kompýuterden başga bir kompýutere iberip) ulgama ýükleýän pornografik mazmunly maglumatyň 1,5 milliard birligini munuň üstüne goşalyň[21]. Çaga pornografik suratlary we wideolary şeýle bir ýagdaýda alyp bilýär welin, hatda ene-atalar bu hakda bilmezlerem.

Adamy näçe jynsy göçgünlik ýagdaýyna eltip biljegine garamazdan, bu gün elýeterli bolan jyns azgynlygy baradaky materiallar ýaş adamlaryň duýgurlygyny peseldýär. Ýaşlar ýakynlyga eltjek we nika gatnaşyklarynda lezzeti sowgat edip biljek jyns gatnaşygy hakdaky we belli bir çäkleriň hökmanylygy hakdaky dogry düşünjeleri almagyň deregine, daş-töwerekdäkiler kellesine gelenini edýärler, şonda-da hiç hili erbet netije ýüze çykmaýar diýen ynama gelýärler. Ine, kiber giňişligiň olara barha aýdyň siňdirýän pikirleri nähili.

Ýigitlerdir gyzlaryň köp bölegi aç-açan diýlip atlandyrylýan maglumatlara şu derejede duýgurlygyny ýitiripdirler welin, hatda biri-birine gelşiksiz degişmeleri ýazmakda ýa-da özleriniň höwesi tutaşdyryjy suratlary bilen paýlaşmakda hiç hili geň zat görmeýärler. Size on ýetginjegiň dördüsiniň biri-biri bilen jyns gatnaşygy baradaky pikirlere getirýän habarlary alyşandyklary mälimmi? Ýetginjek ýigitleriň 39%-i we ýetginjek gyzlaryň-da 38%-i, ilkibaşda başga adam üçin niýetlenen mazmunynyň esasynda jyns gatnaşygy göz öňünde tutulan habarlary we elektron hatlary özlerine iberilendigini habar berdiler[22].

Biziň çagalarymyzyň hyýalyna, bütin dünýä, şol sanda olaryň boýdaşlary-da, sübhesiz, nikadan öň jyns gatnaşygyny edýärler. Biz ene-atalara «hemmeleriň beýle işi etmeýändigi», elbetde, belli zat, emma biziň çagalarymyzyň dünýäni kabul edişindäki hakyky durmuş welin, hut şeýle. Kysmatyň oýny bilen, köp uly ýaşdaky mesihiler bu meseläniň öz çagalarynyň hiç birine-de degip geçmedi diýip pikir etmegiň tarapynda, emma welin olaryň çagalary «hemmeleriň bu işi edýändigine» ynanýarlar. Bu biri-birini ret ediji pikirleriň ikisi-de giňden ýaýrandyr.

Ýakynda men (Joş) Hoş Habarçy guramalaryň biriniň gurnamagynda geçirilen konferensiýada özümiň «Aýdyň faktlar» atly kitabym boýunça iki sagatlyk seminary geçirdim. Meniň çykyşyma çagalary-da goşanyňda bir müň sekiz ýüz adam gatnaşdy. Öňdäki üç günüň dowamynda bu guramanyň on sany işgäri maňa özleriniň çagalarynyň (hemmesiniň ýaşy on dörtden aşakda bolanlarynyň) hiç bolmanda biriniň Internetde pornografiýa bilen gyzyklanmasynyň bardygyny boýun alandygyny gürrüň berdiler. Her bir ene-ata howsala düşdi, çünki bu hakda güman hem etmändirler.

Ýakynda bolup geçen ýygnak çopanlarynyň konferensiýasynda men ýene-de şol mowzuga gaýdyp bardym, netijede çopanlardan bäşisi çykyşyň soňunda hersi öz betbagtçylygy bilen paýlaşmak üçin meniň ýanyma geldiler.

- Birinji çopan: «Men hut häziriň özünde özümiň iki oglumyň (biri on dört, beýlekisi on sekiz ýaşlarynda) internetde pornografiýa görmeklige ýykgyn edendiklerini bilip galdym». Ol özüniň hem on bir ýylyň dowamynda şu kynçylygynyň bolandygyny boýun aldy.
- Ikinji çopan: «Geçen hepde men özümiň on ýedi ýaşyndaky oglumyň tirkeşýän gyzynyň ondan göwreli bolandygyny, on bäş ýaşyndaky gyzymyň hem göwrelidigini bildim. Tiz wagtdan meniň iki sany agtygym bolar! Näme etmeli?» Ol oglunyň yzygiderli pornografiýa filmleri görendigini gürrüň berdi.
- Üçünji (ýaşlaryň) çopany: «Mesihi mekdepdäki oglanlar meniň on dört ýaşyndaky gyzymy oral jyns gatnaşygyna yrypdyrlar».
- Dördünji çopan: «Ýakynda men oglumyň meniň edara kompýuterimde pornografik filmi görüp durandygyny gördüm».
- Bäşinji çopan: «Görüp otursam, meniň bäş ýaşyndaky oglum eýýäm dört ýaşyndan bäri pornografiýa tomaşa edýän eken». Betbagt atanyň bu eden açyşy bilen sussy basylypdy.

Bu gürrüňleriň bäşisi-de meniň öz ulagymdan tä çykyş etmeli münbere barmagym üçin maňa gerekli bolan ýigrimi minutlyk wagt aralykda bolup geçdi.

Heniz men rulyň başyna oturyp ýetişmänkäm, bir nätanyş ýetginjek meniň elimden ýapyşyp, lapykeçlik bilen şeýle diýdi: «Jenap Makdauell, sizden haýyş edýärin, meniň üçin dileg edip bilmersiňizmi? Eýýäm üç ýyldyr, men pornografiýa ýykgyn etdim, indi hem ol meniň kalbymy zaýalaýar!»

Birnäçe ýyl mundan ozal meni Demirgazyk Amerikanyň uly we iň abraýly Hoş Habarçy mekdepleriniň birinde jyns gatnaşygy we söýgi gatnaşyklary barada leksiýa bermegim üçin çagyrdylar.

Mekdebiň ýolbaşçylary meniň razy bolanyma begenişdiler, ýöne oral jyns gatnaşygyny agzamazlygymy menden şobada haýyş etdiler. «Bizde beýle kynçylyk ýok,— diýip, olar maňa aýtdylar.— Eger siz bu hakda söz açaýsaňyz, onda çagalarda erbet pikirler döräp, olar muny edip görmek islärler».

Maňa bu haýyş sadalyk ýaly we bolgusyz bolup görünse-de, men mekdebiň ýolbaşçylaryna hormatym üçin muny berjaý etdim. Men çykyş etmämi gutaran dessime onlarça çagalar meniň töweregimi gurşap alyp, meni soraglar bilen gömdüler. Bu soraglaryň hemmesi diýen ýaly oral jyns gatnaşygy hakdady. «Bu jyns gatnaşygy hasaplanýarmyka?», «Bu näme, dogry dälmikä?», «Şu ýol bilenem haýsydyr bir keseli ýokuşdyrmak mümkinmi?» we şuňa meňzeşler.

Men müdiriň öz okuwçylaryny eşitmegini isledim. Haçanda men köçä çykanymda, kiçi synplaryň okuwçylarydygy görnüp duran üç oglan bilen iki gyz gelip, menden şeýle soradylar: «Siz näme üçin oral jyns gatnaşyklary hakda bir agyz söz hem aýtmadyňyz?»

Men özümden dymmagymy haýyş edendiklerini aýtmazlygy çözdüm-de, gaýtam munuň deregine olardan soradym: «Hä, näme? Bu ýerde beýle kynçylyk barmydy?» — «Umuman aýdanda-hä, ýok»,— diýip, jogap berdiler. «Bu gowy» — diýen şatlygyma olar birden şeýle diýdiler: «Hiç hili kynçylyk ýok, ýöne hemmeler munuň bilen meşgullanýarlar». (Çagalar-da muny ulaldyp aýtdylar).

Men olaryň aýdanlaryny düşündirmeklerini soradym. Olar şeýle jogap berdiler: – «Aý, biziň mekdepde oglan oral jyns gatnaşygyny etmegi islände, gyzyň ýanyna barýar-da: "Tako isleýärmisiň?" diýip soraýar»*. «Tako» olaryň ýaşyryn kodly sözi eken. «Eger ol gyz razy bolsa,— diýip, çagalar gürrüňini

* Içine her hili huruş salnyp bişirilen mekgejöwen ýa-da bugdaý çöregi (meksikalylaryň milli tagamy).— *Şu ýerdäki we soňraky duş gelýän setir aşagynda ýazylýan bellikler terjimeçä degişlidir.*

dowam etdiler,— onda olar göni mekdebiň özündäki haýsydyr bir otagda üstlerinden gapyny gulplap, oral jyns gatnaşygy bilen meşgullanýarlar. Emma sapaklardan soň ol oglan bu gyzy “Taco Bell”-e* äkidip, oňa tako satyn alyp bermäge borçly».

Bu çagalaryň sözünden, olar üçin oral jyns gatnaşyklary — adaty hadysa. Emma eger mekdep ýolbaşçylaryny diňleseň, onda okuwçylaryň arasynda oral jyns gatnaşygy ýok. Meni köp ene-atalaryň we ýygnak ýolbaşçylarynyň öz gözegçiligindäki ýaş çagalar hakdaky pikiri bilen çagalaryň hut özlerinde bolup geçýän zatlaryň arasyndaky şeýle uly tapawut gorka salýar. Elbetde, biz gyzlarymyzdyr ogullarymyzyň haýsydyr bir görnüşli jyns hereketlere çekilendigi baradaky we olaryň aňynyň jyns gatnaşyklaryň ýoýulan düşünjeleri bilen hapalanandygy baradaky pikirlere ýol bermek islemeýäris. Emma şeýle hem bolsa, hakykatdan gaçyp bolanok: biziň çagalarymyz häzirki zaman dünýewi medeniýetiň zaýalaýjy täsiriniň astyna düşýärler we biz munuň bilen nähili-de bolsa göreşmeli bolýarys.

## Biz nähili çäre görüp bileris?

Göräýmäge, has gowy çözgüt — Internetiň ösüşini yzyna dolamak. Emma bu mümkin däl, üstesine, geregem däl. Käbir kesgitlemelere görä, soňky on iki aýyň içinde iki ýüz milliondan gowrak adam Isa Mesihiň taglymatyny Internetden tapypdyrlar. Şonuň üçin hemme zatda häzirki zaman köpçülikleýin habar beriş serişdesini günäkärläp bolmaz: erbetligiň köki onda däl. Ol bary-ýogy biziň çagalarymyzyň durmuşynda ýa gowy, ýa-da zaýalaýjy netijeleri ýüze çykarmagyň guralydyr.

Mesihileriň ýeke özleriniň ýaşaýan uzak adasyna göçüp gitmeklik üzül-kesil çäre bolsa-da, emma bu-da çykalgadyr. Şeýdäýsek biz öz çagalarymyzy dünýewi medeniýetden daşda terbiýeläp bilerdik. Emma bu özümiziň başdan geçirýän köp-

* Tiz iýmitiň halkara restoranlar ulgamy.

çülikleýin habar beriş serişdeleriniň ösüşini yzyna dolamagyň mümkin däl bolşy ýaly, bu bir boljak saýlaw däldir. Onda biz nähili çäre görüp bilerkäk?

**1. Biz bolýan zatlary boýun almalydyrys:** biziň çagalarymyz jyns gatnaşyklary hakdaky ýoýulan düşünjeli häzirki zaman dünýewi medeniýetiniň erbet täsirine duçar bolýarlar. Mundan beýläk bar bolan hakykata ýene-de göz ýummak bolmaz. Bir ýaş enäniň aýdyşy ýaly, «bizde hamana diýersiň öz çagalarymyzy Las-Wegasyň merkezinde terbiýeleýän ýaly bir duýgy döreýär». Şeýlelik bilen, kynçylygy çözmekligiň birinji ädimi — onuň hakykatdan hem bardygyny boýun almakdyr.

**2. Biziň jyns gatnaşyklar baradaky ýoýulan we azgyn düşünjelere garşy durmagymyz gerek.** Şeýle düşünjeler biziň çagalarymyzda emele gelýär. Emma munuň deregine olara jyns gatnaşyklar baradaky sagdyn we dogry düşünjeleri bermelidiris. Aýdaly, sizde ýedi ýaşdan ýokary bolan çagalaryňyz barmyşyn. Siz hem hut şu wagt olar bilen jyns gatnaşygy hakda gürrüňe başladyňyz diýeli. Şu pursada çenli häzirki zaman medeniýeti bilen galtaşmak arkaly olar jyns gatnaşyklar baradaky belli bir maglumatlary alandyrlar we olaryň düşünjeleri ýoýulan we azgyn bolmagy juda ahmal, ýagny olar siziň umyt edenleriňizden güýçli tapawutlanýar.

Şeýle ýagdaýda siziň öz çagalaryňyza jyns gatnaşyklaryň nämedigini we Hudaýyň ony näme maksat bilen döredendigini gaýtadan düşündirip bermegiňiz zerur. Olaryň jyns gatnaşyklaryna düşünjeleriniň Hudaýyň niýetine laýyk gelmegi üçin siz köp ugurlarda olaryň eýýäm kabul eden ýörelgelerine düýpgöter düzedişleri girizmeli bolarsyňyz. Eger siziň çagalaryňyz has kiçi bolsalar, onda mümkin, biziň dünýewi daş-töweregimiz muny olaryň aňyna salyp ýetişmezden öň, siziň özüňiziň ilkinji bolup olar bilen jyns gatnaşyklary barada gürrüň etmäge wagtyňyz bardyr. Emma bu mowzukdaky gürrüňe örän ir başlamak gerek.

Çagalara jyns gatnaşyk babatdaky Hudaýyň niýetini düşündirmek üçin, ilki bilen biz, ene-atalar we ýygnak ýolbaşçylary bolup, özümiz Hudaýyň bizi näme üçin jyns gatnaşygna höwesli adam edip ýaradandygyna aň ýetirmegimiz gerek. Biz jyns gatnaşygynyň hakyky maksadyna we jynsy arassalygyň hakykatda näme aňladýandygyna düşünmelidiris, näme üçin jynsy ýakynlaşyklara belli bir çäkleriň goýlandygyna we näme üçin ikitaraplaýyn söýgüniň Hudaýyň niýetine hemme taraplaýyn düşünmegiň burç daşydygyna düşünmelidiris. Bu düşünje bilen bizde öz çagalarymyza jyns gatnaşygyň nämedigini düşündirmäge (ýa-da täzeden düşündirmäge) ýeterlik derejede Mukaddes Kitaba salgylanmamyz bolar. Bu düşünje öz maşgalalarymyza jynsy durmuşa bolan sagdyn (Hudaýyň) garaýşyny şatlyk bilen kabul etmäge kömek eder ýaly, Mukaddes Kitapdan esas berer. Bu hakda biz şu kitabymyzyň «Jyns gatnaşygy — Hudaýyň niýetiniň bir bölegi hökmünde» diýip atlandyrylan birinji bölüminde gürrüň ederis.

**3.** Hudaýyň jyns gatnaşygy baradaky niýeti meselesinde **biz öz çagalarymyzyň işeňňir ýola gönükdirijisi bolmalydyrys.** Munuň üçin gerekli bolan gymmatly durmuşy gurallar kitabymyzyň «Siziň söhbetdeşligiňiz üçin maslahatlar we pikirler» atly ikinji bölüminde teklip edilendir. Onuň mysallara baý bolan gysga baplarynda kyn soraglara jogaplar ýerleşendir we siziň eýýäm duş gelen ýa-da indi duş geljek köp kynçylyklaryň çözmek usullary teklip edilendir. Biz nädip Hudaýyň bu ajaýyp sowgady bilen, ýagny jyns gatnaşygy bilen öz çagalarymyzy tanyş etmegiň täsin mümkinçiliklerini bilelikde açarys.

Biz özümiziň ene-atalyk wezipämizi doly berjaý etdik diýip aýdyp bilmeris. Birkemsiz ene-ata bolmaýar. Emma çagalarymyzyň dördüsini hem Hudaýyň niýetine bagyş edip bilmegimiz üçin, bize beren ajaýyp mümkinçiligi üçin, biz Hudaýa minnetdardyrys. Indi biziň çagalarymyz maşgalaly adamlar, olaryň özleri hem eýýäm ene-ata boldular, biz bolsa indi olaryň öz çaga-

laryna — biziň agtyklarymyza nähili üstünlikler bilen Mukaddes Kitabyň jyns gatnaşyklara garaýşyny öwredýändiklerine tolgunma we begenç bilen syn edýäris. Ruhlanyň: siziň ynam edýän, söýgä we jyns gatnaşygyna degişli bolan Mukaddes Kitapdaky gymmatlyklaryňyz geljek nesle hakykatdan-da tabşyrylyp bilinýär, biz bolsa, bu kitap siziň bu işi etmekdäki tagallalaryňyza kömek eder diýip umyt edýäris.

# I
# BÖLÜM

# JYNS GATNAŞYGY — HUDAÝÝŇ NIÝETINIŇ BIR BÖLEGI HÖKMÜNDE

2

# Jyns gatnaşygy Hudaýyň keşbinde we Oňa meňzeş edip ýaradylan ynsana berildi

Bu ajaýyp gündi. Ähli zat şeýle bir kämil görünýärdi welin, mundan gowusy bolup-da bilmezdi. Nurana mawy asmanyň astynda, jennet bagynyň gülleriniň we otlarynyň arasynda dürli görnüşdäki haýwanlar hezil edýärdiler… munuň bary deňsiz-taýsyz gözellige eýe bolan suraty ýada salýardy. Emma bu jennet bagynda entek nämedir bir zat ýokdy, sebäbi ilkinji ynsan, Adam ata, bu bagyň içinde ýeke özi, ýan-ýoldaşsyz ýördi.

Hudaýymyz Reb: «Adama ýekelik ýagşy däl…» diýdi (Gelip çykyş 2:18). Bu ýerde, entek günäniň utanjy we kalp azabyny getirip ýetişmedik bu ajaýyp dünýäde, nämedir bir zat ýetmän durdy. Adam atanyň Hudaý bilen gaty gowy gatnaşyklary bardy. Ol täsin iş bilen meşguldy: bu gözel baga gözegçilik edýärdi. Onda iýmit näçe diýseň bardy. Emma bu erkegiň kalbynyň töründe bir boşluk bardy, ony horlaýan bir boşluk bardy, emma ol munuň sebäbini, tä Hudaýyň Özi bir üýtgeşik işi amala aşyrýança, düşündirip bilmeýärdi.

Ilki bilen Ol Adam atany berk uka gitdirdi. Haçanda Adam ata ukudan oýananda, ol aklyna sygdyryp bilmejek bir zady gördi — bu aýal diýlip atlandyrylan adamdy.

Adam atanyň aljyraňňylykdan ýaňa aýalary bilen ýüzüni ýapyp, onuň özüne çekiji we göräýmäge, hemişelik hezil edip seredip boljak keşbine barmaklarynyň arasyndan seredýärdigini göz öňüne getiriň.Aýalyň näz bilen uz ýörişläp barşyna Adam atanyň nähili haýran galma bilen hezil edip synlaýşyny göz öňüne getiriň. Onuň teniniň näzik görnüşini diýseň — muňa taý geljek ýokdy! Adam atanyň ýürek urgusynyň tizleşýänini göz öňüne getirip görüň. Bu aýalyň gözelligi, ondan gelýän hoşboý ysy we onuň özüne ýakyndygy Adam atany şeýle bir duýgulara doldurdy welin, tas ol dem alşyny togtadypdy. Näme sebäpden ol beýle tolgundyrdyka? Bu düşündirip bolmajak teşnelik — gözüňiň görüp duran zadyndan-da has köpräk biljek bolmak teşneligi näme zatka? Şeýdip, adamzat ilkinji gezek Hudaýyň bu täsin sowgadyny — jyns duýgularyny başdan geçirdi.

Mukaddes Kitapda ýaňy ýaradylan erkek we aýalyň ýalaňaç bolandyklary aýdylýar. Olaryň biri-birini fiziki babatda isländikleri mese-mälim. Elbetde, olaryň jynsy ýakynlaşykdan utanmazdan ýa-da günä duýmazdan lezzet alandyklaryna hiç bir söz ýok (Gelip çykyş 2:25-e seret). Emma bu meýil ediji jyns höwesi nireden geldi we näme sebäpden?

## Jyns höwesi haýsydyr bir ýerden gelmelidi

Gün we Aý Hudaý tarapyndan ýaradyldy. Oňa bir söz aýtmak ýeterlikdi, netijede çäksiz ummanlar, gözel köller, akyp barýan derýalar we şaglap inýän şaglawuklar peýda boldy. Gar basyp ýatan dag gerişleri, geçelgesiz tokaýlar, çola sähralar we olary dolduryp duran haýwanlaryň bary Hudaýyň sözi bilen döredi. Ýer we älemiň ähli planetalary Onuň belent sesiniň owazyndan ýüze çykdy. Emma jyns gatnaşygy — bu başga, düýbünden başga derejede bolup geçýän zat. Ähli ýaradylanlar Hudaýyň Sözi bilen ýaradyldy, emma adamlar üçin we olaryň jyns höwesleri üçin Hudaý nähilidir bir has enaýy zady emele getirdi.

Mukaddes Kitabyň iň birinji kitabynyň birinji baby muňa şubhe goýmaýar: «Şeýdip, Hudaý Öz keşbinde ynsany ýaratdy, hawa, Hudaý ony Öz keşbinde ýaratdy, olary erkek we aýal edip ýaratdy» (Gelip çykyş 1:27). Hudaý adamy adatça bolşy ýaly, Öz sözi bilen döretmän, ony ýeriň bölejiklerinden Özi ýasady, soňundan «onuň burnuna dirilik nepesini üfledi». Ýagny adam Hudaýyň sözi bilen döredilen haýwandan näçe ýokary. Ol we onuň nesilleri Hudaýyň keşbinde we Oňa meňzeşlikde ýaradylan we ynsana mahsus jyns duýgulary bolan diri janlara (*ýa-da janly barlyga*) öwrüldiler.

Bu diýildigi, biz edil Ondaky daş keşbiniň bolşy ýaly edip ýaradyldyk diýmek däldir, çünki «Hudaý Ruhdur, Oňa sežde edýänler ruhda we hakykatda sežde etmelidirler» (Ýohannanyň Hoş Habary 4:24). Emma Onuň Isa Mesihde ynsan keşbine girendigi hak bolsa-da, Hudaý asla maddy ýa-da fiziki zat däldir: Ol — Ruhdur. Şeýle hem bolsa, biziň bedenimiziň, kalbymyzyň we ruhumyzyň häsiýetleri, biziň gatnaşyklarymyz Hudaýdaky bilen nähili hem bolsa meňzeşdir, bu ýerde biziň jyns duýgularymyz hem aýratyn bolup duranok. Biz Hudaý tarapyndan Onuň keşbinde ýaradyldyk, şol bir wagtyň özünde-de, biz — biri-birine höwes döreýän jyns duýguly barlyk. Bu höwes Onuň keşbiniň haýsydyr bir bölegini ýüze çykarmaýarmyka?

Çak etmeleriň birine laýyklykda, erkek bilen aýalyň arasyndaky biri-birine bolan tebigy çekijilik Hudaýyň tebigatynda erkek we aýal häsiýetleriň barlygy bilen baglydyr. Ol Özi hakda erkek jyns ýaly gepleýän hem bolsa, emma biz Onuň sözüň göni manysyndaky erkek-de ýa aýal-da däldigini bilýäris. Emma muňa garamazdan, Özüniň beýik niýetine görä, Ol adamlary iki jynsly barlyk edip — erkek we aýal edip ýaratdy, şonuň üçin hem olaryň biri-birine çekijiligi şol bir wagtda hem erkek hem aýal häsiýetlerine eýe bolan Hudaýyň birliginden we dolulygyndan gelip çykýar. Hudaý bipolýar häsiýete eýe diýip aýtsa bolar, haçanda düýpgoter tapawutly dürli häsiýetler dürli iki adamda ýer-

leşende, magnitiň garşylykly polýuslary ýaly, olarda adaty ýagdaýda biri-birine gyzyklanma döreýär. Hudaý birdir (üçbir), şonuň üçin Ol iki jynsy hem birlik üçin ýaratdy. Bu esassyz däldir.

Mukaddes Ýazgy Hudaýyň kesgitleýji häsiýetini birlik diýip aýdýar. Mukaddes Kitapda şeýle aýdylypdyr: «…Hudaýymyz Reb ýeke-täk Rebdir» (Kanun taglymaty 6:4). Hudaýyň bu aýratynlygy Onuň üçlük — Ata, Ogul we Mukaddes Ruh bolýandygyna garşy gitmeýär. Bu hakda-da Mukaddes Ýazgyda örän anyk aýdylýar. Bu diýildigi, Üçlügiň Öz içinde-de kämil birligiň bardygyny aňladýar. Ata hemişe-de Öz Ogly bilen çäksiz ýakyndy. Ogul hemişe Öz Atasy bilen birlikdedi. Mukaddes Ruh bolsa, Ata bilen nähili bolsa, Ogul bilen-de şol bir hili çäksiz sazlaşykda bolýardy. Hudaý kämil birlige ymtylmaýar, ony döretmeýär, Ol birligiň Özüdir. «Atam Ikimiz birdiris,— Isa öz şägirtlerine diýdi.— …Edýän işlerime ynanyň. Şonda Atanyň Mendedigini, Meniňem Atadadygyma anyk göz ýetirersiňiz» (Ýohannanyň Hoş Habary 10:30,38).

Hudaýyň keşbi birligi we birkemsiz gatnaşyklaryň sazlaşygyny görkezýär. Onuň birligi — şeýle bir çäksiz söýgä esaslanan gatnaşyk bolup, bütin älemde deňi-taýy bolmadyk ýakynlygy we baglanyşygy döredýär. Hudaýy bölüp bolmaýar. Ony aýryp bolmaýar. Ol — baky we sarsmaz birlik we ýakynlykdyr. Şonuň üçin çynlakaý ýakyn gatnaşyklary gurmak ukybyny adamlar Hudaýdan alandyrlar.

## Hakyky ýakynlyk

«…Erkek ata-enesini taşlap, aýaly bilen birigýär we olaryň ikisi bir ten bolýar» (Gelip çykyş 2:24). Biziň ýakyn söýgi gatnaşyklaryna bolan teşnedigimiz we oňa mätäçdigimiz ýeke-täk Hudaýyň keşbinde kök urandyr. Nika baglaşan erkek bilen aýalyň jyns gatnaşygy ylahy birligi we sazlaşygy suratlandyrýar.

Men (Dotti) ýaşlyk döwürlerinden bäri jyns gatnaşygy hapa zat hasaplaýan aýallara duşdym. Hatda nikada-da olaryň kä-

birleri ärleri bilen geçirýän jyns ýakynlyklary sebäpli özlerini günäkär duýýarlar. Bu aýallaryň bir wagtlar jyns gatnaşygy hakda ýoýulan düşünjeleri alandyklary düşnükli. Nikada edilýän ýakyn gatnaşyklar üçin özüňi hapa ýa-da günäkär duýmaklyga asla hiç bir sebäp ýokdur. Hudaý jyns gatnaşygy är-aýal jübütleriň jyns ýakynlykdan lezzet alyp bilmekleri üçin ýaratdy.

Bu hakykat hatda biologiki derejede hem tassyklanýar. Alymlar mähribanlyk (ysnyşmaklyk, göwün bermeklik) gormony diýlip hem atlandyrylýan oksitosin gormonyny anykladylar. Bu jyns ýakynlaşyk wagtynda ýa-da ýakynlaşygy syzýan pursadymyzda biziň beýnimiziň bölüp çykarýan himiki maddasydyr. Gana geçmek bilen oksitosin çuňňur mähribanlyk, goraglylyk we ysnyşmaklyk duýgularyny döredýär. Hut şol gormon enäniň çagany göwüs bilen iýmitlendirende-de bölünip çykýar, şeýdip ol adamlaryň arasyndaky çuňňur ysnyşmany emele getirmek üçin ýörite hyzmat edýär.

Siziň başga bir adam bilen jyns ýakynlaşygyny eden her gezegiňizde, siziň organizmiňizde ikiňiziň araňyzdaky baglanyşygy berkleşdirýän oksitasini bölüp çykaryjy himiki utgaşma bolup geçýär. Jyns gatnaşygyň esasy maksadynyň biri-de, sizi hakyky ýakynlyga getirmekdir. Hudaý ony adamyň ýakynlyga bolan mätäçligini biologik derejede gandyrmagyň serişdesi hökmünde ýaratdy. Emma bu ullakan görnüşiň bir bölegidir. Gatnaşyklardaky doly ýakynlyga diňe bir tenleriň ýakynlaşmagy bilen ýetip bolmaýar. Adamyň jyns duýgurlygy adamzat barlygynyň hemme taraplaryny-da — fiziki, emosional, ruhy we sosial taraplaryny öz içine alýar. Jyns gatnaşygy şu gerejeleriň her birinde bizi baglanyşdyrmaga niýetlenendir.

Zähmet çeken ýyllarymyzyň içinde ýakynlygyň öz gatnaşyklaryndan näme sebäpden ýok bolandygyna düşünjek bolýan köp maşgala jübütlerine duş geldik. Olar jyns gatnaşygy bilen meşgullanýarlar, emma olara özlerini ähli galan derejelerde hem

baglanyşdyrjak çuňňur söýgi ýetmezçilik edýär. Olar jyns gatnaşygyny emosional, ruhy we sosial durmuşdan aýry bolan diňe bir fiziki lezzet hökmünde kabul edýärler. Är-aýallar onuň bilen ýöne meşgullanýarlar, emma bu olaryň biri-biri bilen bilelikdäki ýaşaýşynyň ähli tarapyny öz içine alanok. Hakykata dogry serediň: tasin jyns gatnaşyklary ajaýyp gatnaşyklara getirmeýär. Gaýtam tersine: ajaýyp gatnaşyklar täsin jyns gatnaşyklaryna getirýär.

Biziň çagalarymyzyň köp bölegi bu meselede kynlyk bilen baş çykarýarlar, şonuň üçin olaryň aňlarynda bulam-bujarlyk başlanýar. Köpleri muny öz ýigidi ýa-da gyzy bilen ýöne bir ten taýdan ýakynlaşmagyň usulydyr diýip pikir edýärler. Elbetde, jyns gatnaşygy olara gysga wagtlaýyn ýakynlyk duýgusyny berýär, emma eýýäm biziň aýdyşymyz ýaly, onuň hakyky niýetleriniň biri-de — iki adamy emosional, ruhy we sosial ugurlarda bütin ömür birleşdirmekdir. Ine, näme üçin Isa: «Şeýlelikde, olar indi iki däl, bir tendir. Şonuň üçin hem Hudaýyň birleşdirenini ynsan aýyrmasyn» diýdi (Mattanyň Hoş Habary 19:6). Şonuň üçinem, eger siz bütin ömür bile ýaşamaga taýýar däl bolsaňyz, onda sizi berk baglar bilen baglamaga niýetlenen işi etmezligiňiz gerek.

Çagalarymyzy terbiýeleýärkäk, biz olara garşydaş iki jynsyň biri-birine çekilişiniň netijesi hökmünde ýüze çykýan jyns gatnaşyklaryň Hudaýyň her birimize beren täsin sowgadydygyny düşündirmelidiris. Käbir adamlaryň ondan hyýanatçylykly peýdalanyp, onuň maksadyny ýoýýan bolsalar hem, bu hapa bir zat däldir. Ajaýyp zat diňe bir bu häzirki zaman dünýewi medeniýetiniň onuň manysyny üýtgedendigi sebäpli nejis zada öwrülip bilmez. Biz jyns gatnaşygyny we ynsanyň jyns duýgurlygyny Hudaýyň ilkibaşdaky eden niýetine laýyk gelýän belentligine galdyrmalydyrys. Galyberse-de, Ol bizi biri-biri bilen ýakynlyga teşne bolan barlyk hökmünde Öz keşbinde we Özüne meňzeşlikde ýaratmak arkaly jyns gatnaşyklaryny emele getirdi.

## Hakyky lezzet

Hudaý jyns gatnaşyklaryny erkek bilen aýaly fiziki, emosional, ruhy we sosial jähtden bütin ömür birleşdirmek üçin döretdi. «Ýanaşmak höwesi» iýmite bolan talapdanam az bolmadyk derejede adamyň üstüne inmegi mümkin, kä halatlarda bolsa ondanam beter bolmagy mümkin, emma şeýle hem bolsa, bu «sementleýji material» bir gezeklik aşyk-magşuklyk oýny üçin niýetlenmedikdir.

Hawa, jyns ýakynlygy bize keýp berýär, emma birek-biregi bütin ömür söýmegi wada beren nikadaky erkek bilen aýalyň arasynda ol düýbünden haýran galarlykdyr. Elbetde, jynsy hezillik hemişe gaty garrylyga çenli dowam edip bilmez, ýöne bu-da mümkindir. Bir sany segsen dört ýaşyndaky professor uniwersitetde adamyň jyns duýgularyna bagyşlanan leksiýalar tapgyryny geçirdi. Şonda bir talyp ondan jyns ýakynlygyň haýsy ýaşda kanagatlanma getirmegini goýýandygyny sorady. «Takyk bilemok, ýöne men-ä entek bu ýaşa ýetmedim» — diýip, professor jogap berdi. Sadaja aýdanda: jyns gatnaşygy tä är-aýallaryň bedeninde muny etmäge güýji galýança, olaryň birek-birekden aladasyz we şatlykly lezzet alyp bileri ýaly, keýp üçin niýetlenendir.

Jyns gatnaşygynyň keýp almak üçin hem döredilendigi bilen ylalaşmaýan adamlaryň bardygyny biz bilýäris, är-aýal jübüti hökmünde biz özümiziň pikirimiz bilen närazy bolanlary ýazgarmaýarys. Biz jyns gatnaşygyny är-aýalyň borjy we wezipesi hasaplaýan adamlara hormat goýýarys. Biz ýöne olaryň nähili ullakan şatlygy gözden salýandyklaryny düşündirmelidigimizi duýýarys! Biz özümiziň nikadaky ýakynlygyň hakyky keýpi berip biljekdigi baradaky sözlerimizi, bu ýerlikli bolan pursatlarda, hatda Mukaddes Ýazgynyň sözleri bilen-de berkidýäris.

Kawagt adamlar menden (Joşdan) soraýarlar: «Siz, näme, Mukaddes Kitaby göni manysynda düşünýäňizmi?» Men-de olara jogap bermäge howlugýan: «Gürrüň Süleýman patyşanyň

dana maslahaty barada gidýän bolsa, onda gürrüňsiz!» Özüňiz oýlap görüň:

> *Bulagyň suwlary ak pataly bolsun, ýaşlykda öýleneniňe guwan. Ol bir söýgüli jeren, näzik maral ýalydyr, onuň göwüsleri seni gandyrsyn. Mydama keýpli joş.*
>
> Süleýmanyň pähimleri 5:18–19

> *Boýuň serwi agajyna, göwüsleriň üzüm salkymlaryna meňzeýär. Serwi agajyna çykyp, şahalaryndan ýapyşaýyn diýdim. Göwüsleriň üzüm salkymlary deý, demiň almalar deý hoşboý, dodaklaryň saýlama şerap deý lezzet eçilsin.*
>
> Nagmalar 7:8–10

Bular Mukaddes Ýazgylardan alnan sözler! Hiç bir zada –ne dünýewi medeniýete, ne özüňiziň geçmişiňizden galan ýoýulan düşünjeleriňize — Hudaýyň siziň jynsy durmuşyňyza bermek isleýän şatlygyny ogurlamaga ýol bermäň.

Entek biziň çagalarymyzyň ulalyp barýan döwürlerinde men (Dotti) olara özümiziň Joş bilen biledigimize gaty şatlanýandygymyzy tiz-tizden aýdýardym. Elbetde çagalaryň öz ene-atalarynyň jyns ýakynlyklaryny göz öňüne getiresi gelmeýär, ýöne men bolsa, jyns gatnaşygynyň Hudaý tarapyndan ýörite är-aýal gatnaşyklary üçin berlendigini olara düşnükli bolar ýaly ederdim, şeýdibem usullyk bilen, Hudaýyň bu sowgady bilen Joş ikimiziň keýplenýändigimize düşünmäge eltýärdim. Gepiň gerdişine görä, eger size är-aýallaryň jyns ýakynlykdan lezzet almagynyň Hudaýyň erkidigine Mukaddes Kitapdan goşmaça tassyknamalar gerek bolsa, onda Süleýmanyň Nagmalar kitabynyň dowamyny okaň.

## Nesliň dowamaty

Hudaýyň ilkinji jübüt bolan Adam ata bilen How enä beren ilkinji tabşyryklarynyň biri şeýle ýaňlanýardy: «Örňäp, köpe-

liň…» (Gelip çykyş 1:28) Ine-de, berjaý etmesi ýakymly bolaýmaly tabşyryklaryň biri! Eger bu tabşyryk berjaý edilmän galan bolsady, onda adamzat tohumy eýýäm gyrlyp gutaran bolardy.

Gelip çykyş kitabyndan alnan bu aýat dolulygyna şeýle: «Hudaý erkege we aýala: "Örňäp, köpelip, ýer ýüzüni dolduryň we oňa eýeçilik ediň; balyklaryň, guşlaryň we ýer ýüzünde hereket edýän bütin jandarlaryň üstünden höküm sürüň" diýip pata berdi». Ýagny çagalar — Hudaýyň patasydyr. Süleýmanyň aýdyşy ýaly, «Agtyklar garry adamlaryň täjidir, ogullaryň şan-şöhraty bolsa ene-atalarydyr» (Süleýmanyň pähimleri 17:6).

Siziň söýgüňiziň iň pynhan tärde beýan edilmesiniň indiden beýläk hemişe siziň ogluňyz ýa-da gyzyňyz hökmünde tanaljak gymmatly adamyň döremegine getirendigine aň ýetirmekden başga hiç hili ýakymly zat bolmasa gerek. Elbetde, biziň günlerimizde çagalaryň dogulmagy, olaryň terbiýesi bilen baglanyşykly ençeme kynçylyklar bar, emma şeýle hem bolsa, öz maşgalaň bolmagy — bu nähili beýik hukuk we beýik bereket!

Özüňize ynanylyp tabşyrylan çagalara jogapkär ýygnak ýolbaşçylary we ene-atalar hökmünde siz, elbetde, öz çagalaryňyzyň her bir ädimde pornografiýa ýaly, nikadan öň edilýän jyns gatnaşygy ýaly, gatnaşyklaryň bozulmagy ýaly, ýaralanan ýürekleriň gynanjy ýaly we talak ýaly «ganhorlar» garaşyp duran partlaýjy gömlen köçelerden ýöremegini däl-de, eýsem durmuş ýolunda arkaýyn ýöremegini isleýänsiňiz. Siz öz çagaňyzyň özüňiz üçinem, Hudaý üçinem we daş-töwerek üçinem berekede öwrülmegini isleýänsiňiz! Biziň hemmämiz muny isleýäris. Muňa ýetmegiň birinji ädimleriň biri-de — jyns gatnaşygynyň Hudaýdandygyny, onuň diňe bir nesliň dowamaty üçin bolman, eýsem är-aýalyň ýakynlaşygyny berkleşdirmek üçindigini we keýp almak üçindigini-de öz çagalaryňa düşündirmekdir. Biziň bu kitabymyz bu zatlaryň baryny olara *nädip* gürrüň bermelidigine bagyşlanýar.

Biziň çagalarymyz şuňa düşünmelidirler: Hudaýyň erki olaryň ýan ýoldaşlary bilen gurjak durmuşlarynda we gatnaşyklarynda jyns gatnaşygynyň berekete öwrülmegidir. Olar onuň maksadynyň nämedigine aň ýetirmelidirler. Mundan başga-da, olar bu hukukdan nähili dogry peýdalanyp bolýandygyna düşünip, ony ulanmagyň kada-kanunlaryny bilmelidirler, çünki kuwwata we ösüşe eýe bolan her zat ulanyşda aýratyn seresaplylygy talap edýär. Indiki bapda biz jyns gatnaşygy üçin Hudaý tarapyndan nähili çäkleriň goýlandygy hakynda gürrüň ederis.

3

## Jyns gatnaşygy: nikanyň çägindäki lezzet

Agşam maýyldy. Jastin bilen onuň tirkeşýän gyzy Meddi suwa düşmäge gitmegi karar etdiler. Jastin goňşy öýüň eýeleriniň uzak wagtlyk gidendiklerinden habarlydy, olaryň artky howlusynda bolsa, owadan basseýni bardy. Şeýdip, ol we Meddi goňşularyň ýerine ogrynça baryp, basseýniň germewinden aşyp geçdiler-de, agşamky ýüzüşlik bilen hezil etmegiň ugruna çykdylar.

Entek Meddi aýakgabyny-da çykaryp ýetişmänkä, Jastin köwşüni çykaryp zyňdy-da, wyşka münüp, ondan özüni oklady. Onuň huşuny ýitirmezinden öň eşiden zady gyzyň gygyrýan sesi boldy.

Goňşular öýünden gitmezinden ozal basseýniň köp suwuny döküpdiler, şonuň üçin hem indi onuň düýbi çuň däldi, emma alagaraňkylykda Jastin muny saýgaryp bilmändi. Ýokardan bökuşlik suwuň ýuwaşja şarpyldysy we süňkleriň gitirdisi bilen tamamlandy. Agşamky suwda ýüzüşligiň muşdagy ömürlik hereketsiz bolup galdy.

Bu ýaş jübüt ikiçäk suwa düşmeden lezzet almagy isläpdiler. Basseýniň germewi hamana: «Geçme» ýa-da «Kesekilere girmek gadagan» diýýän çägi aňladýardy. Jastin bolsa onda öz tirkeşýäni bilen gözleýän keýpiniň öňünde duran böwedi gördi, emma hakykatda bu germew olaryň goragy üçin goýlupdy.

## Jyns gatnaşygy kanagatlanma döredýär

Çagaňyza terbiýe berýärkäňiz, siz hökman: «Ütüge degme» ýa-da «Köçäni kesip geçeniňde, ilki kelläňi çepe, soňra saga öwür» diýip duýduransyňyz. Siz köp gezek: «Dişiňi arassalamagy ýatdan çykarma» diýip gaýtalan bolarly. Şeýdip, siz bu zatlary onuň keýpini ýatyrmak üçin däl-de, eýsem onuň ýagşylygy üçin diýensiňiz. Elbetde, siz onuň köýmegini, maşynyň aşagyna düşmegini, diş agyrysyna ýolukmagyny islemeýärdiňiz. Gadagan etmeler — çagalary zyýandan saklaýan, adamlar tarapyndan germew ýaly goýlan çäklerdir.

Size öz çagaňyza esasy endikleri siňdirmek başardandyr. Ol, ähtimal, gyzgyn ütüge degmekligiň köýügi emele getirýändigine, ok ýaly gelýän ulagyň ýoluny kesip geçeniňde, tigirleriň aşagyna düşüp boljakdygyna, dişiňi arassalap durmasaň, onda olaryň kesellejekdigine düşünendir. Emma ýaşlara, ululara-da şeýle, Hudaýyň tabşyryklaryny bozmaklygyň kalbyň azap çekmegine we jebir-jepalara getirýändigini düşündirmek welin mundan näçe kyndyr. Munuň beýle bolmagyna degerli esas hem bar.

Gyzgyn ütüge degmeklik derrew agyryny döredýär. Ulagyň aşagyna düşseň, bize derrew şikes ýetýär. Emma onuň är-aýallaryň arasynda bolup geçýänligine ýa-da däldigine bagly bolmazdan we ahlak taýdan ýerlikli ýa-da däldigine seretmezden, jyns gatnaşygyny etmeklik, adatça, adama keýp berýär. Adamyň teni üçin onuň eýesiniň nikada ýaşaýandygynyň ýa-da däldiginiň parhy ýok.

Hakykat şundadyr: jyns höwesiniň gaýnap joşan çagynda adam gowy we ahlak jähtden dogry hereket edýänligine seretmezden, keýpiň täsirinde göge galýar. Biz çagalarymyza nikadan ozal jyns gatnaşygyny etmekligiň erbetdigini ynandyrjak bolsak, onda üstünlik gazanjagymyz gümanadyr, sebäbi olaryň pikiriçe, näme-de bolsa, bu ýakymly ahyryn: jyns gatnaşygynyň öz-özünden ajaýypdygyny olar eýýäm köpsanly daşarky çeşmelerden

bilýärler. Köpçüliklerýin habar beriş serişdelerinde uzak wagtlyk erbet netijelersiz bir pursatlyk keýpiň keşbi giňden ýaýradylandyr. Muňa nädip biz garşy durmalyka?

## Öz çagalaryňyza jyns ýakynlykdan nädip boldugyça köp keýp alyp boljakdygyny düşündiriň.

Ene-ata we ýygnak ýolbaşçylary bolmak bilen, siz özüňize ynanylyp tabşyrylan çagalary haýsydyr bir howply hereketden saklamak üçin olara nämeler diýýärsiňiz? Siz olara beýle hereket etseňiz erbet bolar diýip, soňundan eger olar ol ýa-da bu hereketleri edäýseler, onda olaryň nähili erbet zatlary başdan geçirmeli boljakdyklaryny duýdurýarsyňyz. Mümkin bu ýagdaýda ýene kellä geljek iň soňky zat, bu-da olary saklajak bolýan hereketimizden nädip has köp peýda alyp boljakdygyny çagalara düşündirmek bolsa gerek. Siz munuň bilen razylaşýaňyzmy?

Emma haçanda gürrüň jyns gatnaşygy hakda bolsa, onda biziň çagalarymyz *eger söýýän adamy bilen dogry saýlap alnan wagtda muny etseler*, onda munuň nähili ajaýyp zatdygyna düşünmekleri gerek. Başga sözler bilen aýdanda, haçanda adam Hudaýyň niýetiniň çäklerinde ýakynlyga girişýän bolsa, şonda we diňe şonda ol hakyky lezzeti alyp biler! Eger nämedir bir zadyň görkezmesini ünsli öwrenip, oňa eýerseň, onda şol «nämedir bir zadyň» näme bolýandygyna garamazdan, ol bize iň gowy usulda hyzmat edip biler.

Siz haçan hem bolsa akwariumdaky balyga boýun ýüpüni daňyp, ony gezelenç etdirip görüpmidiňiz? Ýa-da Demirgazyk polýusda palma agajyny ösdürmäge, ýa-da adaty otwýortka bilen diwara Fillips nurbatyny girizmäge synanyşyp-da göräýmäň — Sizde hiç zat başa barmaz. Näme üçin? Sebäbi balyk gezelenç etmek üçin ýaradylmady — onuň orny suwda, gury ýerde däl. Palma agaçlary hemişe ýyly klimatly şertlerde ösmeli. Olar — tropiki ösümliklerdir. Eger palmalar doly durmuşda ýaşamak

isleseler, onda olar Demirgazyk polýus ýaly sowuk ýerlerden daşrak durmalydyr. Haçanda eliňize gerekli bolan otwýortkany almasaňyz, onda hatda diwara Fillips nurbatyny towlap girizmek ýaly ýönekeýje iş hem güýjüňizden artyk zada öwrülip biler. Bu dünýäde eger ähli zat Ýaradyjynyň niýetine laýyklykda amala aşyrylsa, onda iň gowy usulda başa barar. Hiç hili çylşyrymly zat ýok, dogrumy?

Biziň çagalarymyz jyns gatnaşyklaryň Hudaý tarapyndan belli bir niýet üçin döredilendigine düşünmelidirler. Bu — Onuň täsin sowgadydyr, munuň niýeti bolsa — söýgüli är-aýallaryň arasyndaky ýakynlygy yzygiderli pugtalandyrmak, olaryň gatnaşyklaryna şatlygy we ten lezzetlerini getirmek, hem-de söýgüli maşgalanyň çagaly bolup bilmegidir. Eger jyns gatnaşygyna Hudaýyň niýetindäki bolmalysy ýaly edip hormatlap, sarpa goýulsa, onda şübhesiz, ol Onuň iň gowy sowgatlarynyň birine öwrüler.

Goý, siziň çagaňyz Hudaýyň beren bu täsin sowgadynda hiç bir hapa we utanç zadyň ýokdugyny we ondan lezzet almagyň ýönekeýje ýolunyň bardygyny bilsin. Hudaýyň bu täsin sowgady söýgüni berkleşdirmäge ukyply, ýöne ony ulanmagyň «görkezmesine» eýermek gerekdir! Şonuň üçin, jyns gatnaşykdan iň ýokary kanagatlanmany almaga kömek eder ýaly, Hudaý tarapyndan kesgitlenen belli düzgünleriň toplumynyň bardygyny çagaňyzyň bilmegi üçin tagalla ediň.

## «Bolanok» diýlip berlen jogap — položitel jogapdyr.

Siz haçan hem bolsa Hudaýyň Öz Sözünde bize wagtal-wagtal «Ýok» diýýändigine üns beripmidiňiz, onda-da diňe söýýändigi sebäpli? Onuň hemişelik islegi — alada etmek we goramak. Ysraýyl halkyna bolan çagyryşynda Musa Hudaýyň buýruklaryny berjaý etmegiň hut şu sebäbini ykrar edipdi:

Indi, eý, Ysraýyl, Hudaýyňyz Reb sizden näme talap edýär? Hudaýyňyz Reb sizden Özünden gorkmagyňyzy, diňe Onuň ýolundan ýöräp, Ony söýmegiňizi, tutuş ýüregiňiz bilen jan-ten-

den Hudaýyňyz Rebbe gulluk etmegiňizi isleýär. Şeýle hem, gowy günler görmegiňiz üçin, Rebbiň bu günki meniň üstüm bilen berýän tabşyryklarydyr parzlaryny ýerine ýetiriň (Kanun taglymaty 10:12–13)

Hudaý haçan «muny we muny etme» diýmesin, bu her gezek biziň bähbidimiz üçin aýdylýar. Eger Ol çäkleri belläp, «Girmeli däl!» diýen belligi goýsa, diýmek Ony ýeke-täk isleg hereket etdirýär: alada etmek we goramak. Zeburyň 145-nji mezmuryny okap çykyň. Ol Hudaýy goragçy we ekläp-saklaýjy hökmünde suratlandyrýar. Gürrüň jyns gatnaşygyna gelende, onda bu meselede hem Hudaý bizi Öz goragy we aladasy bilen gurşap almakçy. Emma jynsy ýakynlyk bilen doly suratda keýplenip bilmegimiz üçin biz çäkleri saklap, gadagan ediji belliklere üns bermelidiris. Başga sözler bilen aýdanda, biz jyns azgynlygyndan gaçmalydyrys.

Mukaddes Kitap boýunça düşünjede azgynlyk (zyna) — erkek bilen aýalyň arasyndaky nikanyň çäginden daşdaky islendik jyns ýakynlygydyr (nikadan öň edilýän we nikanyň daşyndan edilýän jyns gatnaşyklary göz öňünde tutulýar). Ine, Mukaddes Ýazgy näme diýýär:

- «Zynadan… daş duruň» (Resullaryň işleri 15:29).
- «Azgynlykdan gaçyň» (1Korintoslylara hat 6:18).
- «…Azgynçylyk etmäliň…» (1Korintoslylara hat 10:8).
- «Araňyzda azgynlyk… edýän bolmasyn. Beýle zatlar Hudaýyň halkyna gelişmeýär» (Efeslilere hat 5:3).
- «Hudaýyň islegi şulardyr: mukaddes boluň, zyna etmäň» (1 Selaniklilere hat 4:3).

Şeýlelik bilen, nikadan öň we nikanyň daşynda bolýan jyns gatnaşyklarynyň gadagan edilmesi bize Hudaýyň goragyny we aladasyny üpjün edýär.

Bary-ýogy birnäçe ýagdaýlary sanap geçeliň.

| **Gaçýan zadymyz:** | **Eýe bolýan zadymyz:** |
|---|---|
| Ynsap azaby | Ruhy sylaglar |
| Göz öňünde tutulmadyk göwrelilik | Çaganyň dogulmagy we onuň terbiýesi üçin iň amatly wagt |
| Jyns ýollary arkaly geçýän keseller | Jyns ýollary arkaly geçýän kesselleriň ýokdugyna ynamlylyk |
| Ýoldaşyňa ynamsyzlyk | Ýan ýoldaşyňa ynamly bolmaklyk |
| Kalbyň ynjalyksyzlygy | Çynlakaý ýakynlyk |

Şeýle artykmaçlyklaryň bolmagynda jyns ýakynlykdan doly suratda lezzet alyp bolar. Mysal üçin, biz duşuşyga ýaňy başlan wagtymyzda, biziň her birimiz özi üçin tä biri-birimizi söýýän erkek we aýal hökmünde nika baglary bilen baglanjak pursadymyza çenli garaşmagy, emma şoňa çenli bolsa, hiç hili jyns höweslerimizi ýüze çykarmazlygy çözüpdik. Şeýle ýagdaý bize nikada-da biwepalykdan saklanyp biljekdigimize umyt berýärdi. Bu bizde başa bardy! Jyns gatnaşyklary baradaky Hudaýyň niýetini berjaý etmek bilen biz wyždanyň ezýet bermesinden goralyp, hiç bir zat bilen bulaşmadyk we Hudaýa ýakynlykdan lezzet almagymyzy dowam edýäris.

Biz nikadan öňki göwrelilikden ejir çekmeli bolmadyk. Şonuň üçinem, öz çagamyzy «ogullyga» almak ýaly ýakymsyz işden we ikimiziň hem bu ädim üçin taýýar däl wagtymyzda howlukmaç nika baglaşmak işinden gaçyp gutulyp bildik.

Bizi nika düşeginde jyns ýollar arkaly geçip bilýän haýsydyr bir keseli ýokuşdyrmak gorkusy yzarlamady.

Bizi öňki jyns ýoldaşyň bilen deňeşdirmekden ýüze çykyp biljek özüňe ynamsyzlyk horlamady. Şeýdip, biziň gatnaşyklarymyzyň esasynda birek-birege bolan doly ynam ýatyrdy.

Hudaý bizi nikadan öňki jyns ýakynlaşyklardan gelýän kalbyň azaplaryndan, aşyk-magşuklyk oýunlarynyň soňunyň gutarýan hyýanatçylykly aýrylyşygyndan gorady. Netijede, biz ynamsyzlyk kölegesi bilen-de, erbet geçmişiň kölegesi bilen-de bozulmadyk gatnaşyklardan rahat keýplenýäris.

Jyns gatnaşygy Hudaý tarapyndan sagdyn çäkleriň saklanmagyndaky fiziki lezzet üçin döredilipdi, bu çäklere ilkinji nobatda nika baglaşmazdan öň jyns gatnaşygyny etmeklige gadaganlyk we nikada wepaly bolmaklyk degişlidir. Eger jübütler Hudaýyň niýetine doly eýerseler, onda olar şol niýete doly laýyklykda ýakynlykdan lezzet alýarlar. Esasy zat, biziň çagalarymyzda şol çäkler barada anyk düşünjesi bolmagydyr, çünki geljek maşgalany öz wagtynda jyns gatnaşykdan lezzet almaga päsgel berip biljek zatlaryň hemmesinden gorap saklaýan zat hut şol çäklerdir. Bu bolsa, tüýs «bolanok» diýlip berlen jogabyň položitel jogap bolýan wagtyndaky ýagdaýydyr.

## Jyns gatnaşygynyň hereketleriniň çäklerini kesgitleýäris

Biz eýýäm Hudaýyň bizi Öz goragy we aladasy bilen gurşap almak maksadynda belli çäkleri kesgitländigini aýdypdyk. Mukaddes Ýazgyda jyns gatnaşyga degişli edip boljak iň bolmanda üç düzgün agzalýar. Deňeşdirme getirende, olar köprä we köprüniň iki gyrasyndaky germewe meňzeşdir. Ondan göni ýöräp, ne saga, ne-de sola burulman, biz ýakynlykdan Hudaýyň niýetleýşi ýaly lezzet alyp bileris.

### Arassalyk

Mukaddes Kitapda şeýle diýilýär: «Goý, hemmeler nika hormat goýsun, är-aýal düşegi günä bilen hapalanmasyn...» (Ýewreý-

lere hat 13:4). Başga ýene-de: «…Hudaýyň islegi şulardyr: mukaddes boluň, zyna etmäň; her kes öz bedenine päklik we abraý bilen eýelik etsin… Çünki Hudaý bizi haramlyga däl-de, halal ýaşamaga çagyrdy» diýilýär (1Selanikliler 4:3–4,7).

Arassalyk — bu Hudaýyň düzgüni, muny ýerine ýetirmeklik bize jyns gatnaşykdan iň ýokary derejede lezzet almaga mümkinçilik berip, jyns azgynlygynyň erbet netijelerinden gorap saklaýar. Eýsem arassa bolmak nämäni aňladýarka?

Aýdyň, siz haçan-da bolsa daşy «hakyky süýtli şokolad» diýen ýazgyly kemput iýip gördüňizmi? Ýa-da, mysal üçin, gabynyň daşyndaky etiketkasy bizi: «Emeli süýjülendirijilersiz hakyky bal» diýip, ynandyrmaga howlugýan baly iýip gördüňizmi? Şokolad we bal bilen bolan ýagdaýda «hakyky» (ýagny arassa) diýen söz onuň düzüminde özüniň tebigy tagamyny ýoýup biljek islendik başga maddalaryň ýokdugyny aňladýar.

Jyns gatnaşykda arassalygy saklamak diýmek, jyns gatnaşyk babatdaky Hudaýyň hakyky we bolmaly niýetini bozup biläýjek zatlaryň hiç birine ýol bermän, Onuň erkine laýyklykda ýaşamakdyr. Düşünýäňizmi, jyns gatnaşygy är bilen aýalyň arasyndaky ýakynlygy berkleşdirmek üçin döredildi. Başga bir adam bilen jyns ýakynlygyna girmeklik — bu är-aýallyk gatnaşyklaryna başga bir del maddany garyşdyrmaklykdyr, şeýle bolanda ol özüniň arassalygyny ýitirýär. Eger bir hapa daşjagazy bir käse suwa oklasaň, onda käsedäki suw hem hapa bolar. Suwy arassa diýip onda hiç bir garyndynyň bolmadyk ýagdaýynda aýdyp bolar. Şonuň ýaly, Hudaý hem biziň jyns gatnaşygyndaky durmuşymyzyň hiç bir başga garyndy bilen bulaşman durmagyny isleýär.

Hudaýyň pikiri iki sany päk adamyň arassa bozulmaz baglanyşyga girip, diňe biri-biriniň ten ýakynlaşygyndan lezzet almagyndan durýar. Ýan ýoldaşlaryň biriniň ýa-da ikisiniň-de, är-aýallaryň arasynda bolmaly hakyky ýakynlykdan ýüz öwrüp, bir pursatlyk keýpiň ugrunda özlerini arassa saklamasa, onda

nika düşeginiň arassalygy entek nika baglaşmazdan öň hem bozulyp bilner.

Jyns gatnaşyklaryň arassalygy nireden gelip çykýarka? Hudaýyň Öz keşbinden. Ol şeýle diýýär: «…Mukaddes boluň, çünki Men mukaddesdirin…» (1 Petrus 1:6) we «…Oňa umyt baglaýan her bir adam Mesihiň päk bolşy ýaly, özüni päk saklar» (1Ýohanna 3:3). Öz tebigaty boýunça Hudaý päk we mukaddesdir hem-de «…Onda nähaklyk ýokdur» (Zebur 92:15). Şeýlelik bilen, nikadan öň we nikada arassa galmak bilen biz Hudaýyň keşbini suratlandyrýarys hem-de Onuň niýetine doly laýyklykda, Onuň goragy we aladasy astynda, jyns gatnaşykdan doly derejede lezzet alýarys.

## Wepalylyk

Ýedinji tabşyryk: «Zyna etme» (Müsürden çykyş 20:14) diýýär. Isa Mesih nika baglary bilen birleşen erkeklere we aýallara zyna etmezligi, gaýtam birek-birege wepalylygy saklamagy tabşyrdy. Ýene-de Ol diýdi: «Hudaýyň birleşdirenini ynsan aýyrmasyn» (Markusyň Hoş Habary 10:9). Hudaý Ysraýyla şeýle diýipdi: «Men aýrylyşmagy ýigrenýärin. Men aýrylyşan adamyň başyna zulum salaryn, muny Men — Hökmürowan Reb aýdýandyryn. Şonuň üçin siz seresap boluň, dönüklik etmäň» (Malaky 2:16).

Nika dabarasynda erkek we aýal özlerini biri-birine bagyş edýär: «Şu günden başlap, Hudaýyň mukaddes kanunyna laýyklykda, tä bizi ölüm aýyrýança, men seni şatlykda we gaýgyda, bolçulykda we mätäçlikde, saglykda we hassalykda söýerin we sen hakda alada ederin». Sizi kimdir biriniň hemmelerden köp söýýändigini we size öz ömrüni bagyş edýändigini bilmeklik, bu mümkin, juda täsin duýgudyr. Wepalylyk — bu jyns gatnaşykdan has köp lezzeti almaga mümkinçilik berýän we bizi jyns azgynlygynyň erbet netijelerinden goraýan Hudaýyň düzgünidir.

Biziň maşgala durmuşymyzyň has köp bölegini meniň adamym Joş saparlarda geçirdi. Onda maňa biwepalyk etmäge

mümkinçilikler ýeterlikdi. Emma ol kyrk ýyldan gowrak wagt nikamyzda özüniň söýýän we höwes edýän ýeke-täk aýalyna, ýagny maňa berk wepalylygy saklap gelýär. Munuň meniň üçin nähili uly zady aňladýandygyny men söz bilen aýdyp bilmeýärin. Onuň maňa wepalylygy meniň gymmatlydygym baradaky duýgyny berýär, men arkaýyn we özümi howpsuzlykda duýýaryn. Üç milliarddan gowrak aýallar ýaşaýan bu planetamyzda meniň adamym üçin men — deňi-taýy bolmadyk ýeke-täkdirin. Ine, nähili gatnaşyklary ýokary tutmaly we eziz görmeli!

Reb başdan başlap bize kimdir biriniň deňi-taýy bolmadyk ýeke-tägi bolmaga islegi we ymtylyşy guýupdy. Hudaýyň Öz tebigaty şeýle. «Şonuň üçin hem Hudaýyňyz Rebbiň hakyky Hudaýdygyny bilip goýuň,— Musa Ysraýyl halkyna şeýle diýdi.— Ol ynamdar Hudaýdyr. Ol Özüni söýenleriň we buýruklaryny ýerine ýetirenleriň müňlerçe nesline sadyk söýgüsini we ähtini saklaýar…» (Kanun taglymaty 7:9). Nika wadasyna wepaly bolmak — biziň jyns gatnaşygyndaky durmuşymyzyň goragy üçin Hudaýyň bellän ýene bir çägi ýa-da düzgünidir.

## Söýgi ýoly

Şeýlelik bilen, jyns gatnaşygyndaky durmuşda bir tarapdan-a arassalygy goramaly, beýleki tarapdan bolsa — wepalylygy. Bular är-aýalyň eli-ele berip ýöräp barýan köprüsiniň iki tarapy ygtybarly germewine meňzeşdir. Bu köprüniň özi — söýgi ýoludyr.

Mesihi maşgalalarda ulalan çagalaryň köpüsinde haýsydyr bir ahlak görkezijileri bar. Siziň çagaňyz duş gelen adam bilen jyns ýakynlygyny etmegiň ullakan ýalňyşlykdygyny bilýän bolmaly. Elbetde, siz onuň şu hili düşünjesiniň bardygyna buýsanyp bilersiňiz, emma bu ýerde bir kynçylyk bar.

Çagalaryň köpüsi, hatda imanly maşgalalardan we gowy ýygnaklardan bolanlary-da, eger iki adam biri-birini «hakykatdan» söýse, onda düzgünleri bozup bolar diýip hasaplaýarlar. Bu ýag-

daýda nikadan öň ýa-da nikanyň daşyndan jyns gatnaşygyny etmek olar üçin esasly duýulýar, çünki «söýýän bolsaň — hemme zady dogry edýärsiň» ahyryn*.

Meniň pikirimçe, men (Joş) häzir köp ene-atalary we ýygnak ýolbaşçylaryny haýrana goýarmykam diýýän, emma häzirki zamanyň ýaşlary bilen haýsydyr bir manyda meniň razylaşýandygymy aýtmagym gerek — men hem hakyky söýgüniň hemme zady dogry edýändigine ynanýaryn. Indi bolsa, maňa gaharly hat ýazmazyňyzdan ozal, oturyň-da, meni diňläň. Hakyky söýgüniň özi jyns gatnaşygyny etmek üçin Mukaddes Kitabyň ölçegidir. Bar bela hem ýaşlaryň söýgüniň ýalan ölçeginden ugur alýandygyndadyr, oňa laýyklykda, söýgi — arassalyk we wepadarlyk çäklerinden çykýan jyns gatnaşygyny esasly hasaplaýar.

Geliň, söýgä Hudaýyň kesgitleme berşine seredip geçeliň. Korintoslylara ýazylan birinji hatda Resul Pawlus söýgüniň näme edýändigini we näme etmeýändigini aýdýar:

> *Söýgi sabyrlydyr, mähirlidir. Söýgi bahyllyk edýän däldir, özüni beýgeldýän däldir. Söýgi gopbamsyramaýar, biabraýlyk etmeýär. Söýgi öz bähbidini aramaýar, gaharlanmaýar, öýke-kine saklamaýar. Söýgi ýamanlyga şatlanmaýar, ol hakykata şatlanýandyr…*
>
> 1 Korintoslylara hat 13:4–6

Emma bu entek söýgüniň doly kesgitlemesi däl.

Pawlus ýene-de «Ýakynyny söýýän adam oňa ýamanlyk edýän däldir» diýibem aýdýar (Rimlilere hat 13:10). Onuň deregine, başga adamlaryň bize nähili gatnaşyk etmegini isleýän bolsak, özümiz olara şeýle gatnaşygy etmelidiris. Altyn düzgüni ýadyňyza düşürýäňizmi? Isa diýýär: «…adamlaryň özüňize näme etmegini isleýän bolsaňyz, siz-de olara şeýle ediň…»

* Britan rok-aýdymçysy Boni Taýleriň meşhur aýdymyndan bir setirjik.

(Mattanyň Hoş Habary 7:12). Pawlus bolsa şeýle diýdi: «Her kes diňe öz bähbidini däl, eýsem başgalaryň bähbidini hem arasyn» (Filipililere hat 2:4). Indi bize hakyky söýgüniň öz bähbitlerini gözlemeýändigi düşnükli boldy.

Serediň, Mukaddes Ýazgy ärlere öz aýallaryny nähili söýmegi buýurýar:

*Edil şu tärde ärler-de aýalyny öz bedenlerini söýüşleri ýaly söýmelidirler. Aýalyny söýýän özüni söýýändir. Elbetde, hiç kim hiç haçan öz bedenini ýigrenýän däldir. Gaýtam, edil Mesihiň imanlylar ýygnagyna seredişi ýaly, ony iýmitlendirip, aladasyny edýändir.*

Efeslilere 5:28–29

Şeýlelikde, hakyky söýgi nämekä? Ýakynyny iýmitlendirýän, ony ýyladýan we ony eziz görýän, aladasyny edýän, aýap saklap goraýanmy?

Şu we beýleki Mukaddes Kitap aýatlaryna esaslanyp, biz söýgüniň şu aşakdaky kesgitlemesini berip bileris:

*Söýmek — başga adamyň howpsuzlygyny, bagtyny we abadançylygyny edil şahsy özüňki ýaly ýokary tutmakdyr.*

Haçanda biz hut şeýle söýýän bolsak, onda biz arassalyk we wepalylyk ýörelgelerine öz jyns gatnaşygyndaky durmuşymyzy goramaga ýol berýäris, sebäbi olar biziň bagtymyzy üpjün edip, bizi zyýandan gorap saklaýar. Söýgi — ýöne hut hakyky söýgi — arassalygyň we wepalylygyň hatyrasyna toýa çenli ýakynlaşyk etmäge garaşýar. Şu nukdaýnazardan, «söýýän bolsaň — hemme zady dogry edersiň» diýlen tassyklama bütinleý dogrudyr.

Beýle söýgi nireden gelip biler? Hudaýdan, sebäbi «Hudaý söýgüdir» (1Ýohanna 4:1). Hudaýyň söýgi ölçegi — söýýän adamyny zyýandan goraýan we oňa bähbit gözleýän söýgüdir. Şeýle söýgi ynam berýär we ynam edýär, ol ygtybarly, howp-

suz we hemişe wepalydyr. Onuň esasy maksadynyň öz söýýän adamyny goramak we aladasyny etmek bolýandygy sebäpli, ol onuň howpsuzlygyna, bagtyna we abadanlygyna zyýan ýetirjek zady etmez.

Eýsem-de, siz öz çagaňyza şeýle ýoly arzuw etmeýäňizmi? Eýsem-de, siz onuň öz bähbidi üçin Hudaýyň arassalyk we wepalylyk çäklerini şatlyk bilen kabul etmegini islemeýärsiňizmi näme? Oňa biziň günlerimizde, haçanda häzirki zaman medeniýeti başga zada çagyrýarka, bu hakykatlary öwretmek o diýen ýeňilem bolup duranok, emma munuň mümkindigine biz sizi ynandyrmak isleýäris. Size öz çagaňyzy mekdepdäki ýaly edip, partada oturdyp, öwretmek gerek däl: şeýle edäýseňiz, siz ters netijäni alarsyňyz.

Şeýle hem bolsa, öz çagalarymyza Hudaýyň jyns gatnaşygy baradaky niýetini öwretmegiň usuly bar.

4

# Jyns gatnaşygy barada ýakyn gatnaşyklaryň esasynda nädip gürrüň etmeli?

Ol meniň ýanyma ylgap geldi-de, meniň elimi gysdy. Men nazarymy oňa öwürdim. Öz adynam aýtmazdan, ol üstüme döküldi:

— Joş, men maşgalam bilen näme etmeli? — Men ýaňyja Filippinlerde «Nädip öz çagalaryň üçin gahrymana öwrülip bolar?» diýen mowzukda alty ýüzden gowrak ýygnak çopanlarynyň öňündäki çykyşymy gutarypdym. Ine-de, bir çopan maňa özüniň on ýedi, on üç we on ýaşlaryndaky üç çagasynyň «ýygnakdaky iň erbet çagalar» hasaplanýandygyny gürrüň berdi. — «Men elimden gelenini etdim, — diýip, ol gyzýardy. — Men olara mydama-da Hudaýyň Sözüni wagyz edip geldim. Olary Mukaddes Kitapdan aýatlary ýat tutmaga mejbur edýärdim. Olar özlerinden nämä garaşylýandygyny örän oňat bilýärler, emma olar her bir düzgüne garşy baş göterýärler. Men näme etsemkäm?»

Atanyň sesinde lapykeçlik seslenýärdi. Ol bar güýji bilen öz çagalaryny Hudaýyň çäklerinde ýöretjek bolýardy. Ol olaryň gulak asmaklykda, Hudaýyň goragy astynda we Onuň aladasynyň gurşawynda ýaşamaklaryny isleýärdi. Biziň hemmämiz hem öz çagalarymyza şony islýäris.

Men onuň egnine elimi degirdim-de, onuň gözlerine göni seretdim:

— Dogan, meniň size maslahatym — düzgünleri unudyň.

— Näme-e-e? — ol ynanmazlyk bilen ýene üstüme çozdy.— Meniň kynçylygym hut şunda ahyry: olar hiç hili düzgüne tabyn bolmaýarlar-a. Olar hatda şoňa mätäçdiris diýip pikirem edenoklar!

— Men siziň aýdýanyňyza düşündim, emma gaýtalaýan: düzgünlere üns bermegiňizi bes ediň,— diýip, men jogap berdim.

Bir göräýmäge o diýen gowy maslahat däl, dogry dälmi? Biziň hemmämiz-de düzgünleriň näçe möhümdigini bilýäris, çünki olar biziň howpsuzlygymyzyň çäklerini kesgitläp, biziň hereketlerimizi gönükdirýär ahyry. Emma bu, aýdaly, suwdaky buzly dagyň bary-ýogy görnüp duran depesidir. Biz çagalarymyzyň hereketlerinde nämäniň *çynlakaý* üýtgeşmelere alyp gelýändigine düşünmelidiris, sebäbi biz ilkinji nobatda çagalarymyzyň dogry saýlaw edip bilmegini isleýäris ahyry. Emma haçanda olar muny başarmasalar, onda biz olary dogry ýola gaýtarmakçy bolýarys. Emma muny *nädip* etmeli? Biz Dotti bilen ikimiz size öz çagalaryňyza dogry ahlak saýlawyny etmegi öwretmäge kömek etjek diagrammalary görkezip, olary düşündirýäris.

Belli bolşy ýaly, biziň her bir hereketimiz we bütinleý özümizi alyp barşymyz biziň ýokary tutýan gymmatlyklarymyz arkaly kesgitlenilýär. Biziň ahlak saýlawymyz hem biziň ýokary tutýan gymmatlyklarymyza daýanýar. Hawa, ýöne biziň gymmatly saýýan zatlarymyz nädip emele gelýärkä? Olar biziň düşünjelerimizden döreýär. Bizi gurşap alan dünýä hakdaky käbir tassyklamalary dogry hasap edýäris, emma käbirlerini bolsa — nädogry. Şol düşünjelerimiz hem biziň gymmatlyklarymyzy emele getirýär, olar bolsa, öz gezeginde, biziň özümizi alyp barşymyzy kesgitleýärler (diagramma seret).

Biziň ynanýan zatlarymyza biziň dünýägaraýşymyz diýip aýtsa bolar. Dünýagaraýyş näme? Iki söz bilen aýdanda, bu biziň

dünýä nähili seredýänligimizdir. Onuň gurluşy baradaky hakykat hasap edýän düşünjelerimiziň toplumy. Bu biziň ol arkaly dünýä seredýän obýektiwimizdir. Bu bolýan zatlaryň pikirde suraty çyzylýan kartasyna meňzeş bir zatdyr. Mysal üçin, näme sebäpden ýigitleriň 67%-i, gyzlaryň bolsa 49%-i pornografiýa ýüz tutmaklygy ýerlikli zat hasap edýär?[1] Sebäbi olarda şeýle dünýägaraýyş, şeýle gymmatlyklar we şeýle düşünjeler emele gelipdir. Olardaky bu dünýäniň suratlandyrmasynda pornografiýa ýüzlenmeklik — jyns duýgularynyň ýüze çykarylmasynyň kadaly görnüşi. Olaryň düşünjelerinden olaryň hereketlerini kesgitleýji gymmatlyklar emele gelipdir.




Şeýlelik bilen, eger biziň dostumyz, Filippinlerden bolan çopan, öz çagalarynyň hereketlerine we özüni alyp barşyna täsir etjek bolsa, onda ol gadagan etmeleri we berk düzgünleri girizmek bilen köp zada ýetermikä? Dogry, käbir zatlar üýtgär, emma köp wagtlyk bolmaz, sebäbi uzak möhletli üýtgeşmeler has düýpli derejede başlamalydyr. Köp ene-atalar, ozal maňa ýazyşlary ýaly, çagalarynyň özüni alyp barşynda özgerişleriň ýüze çykmagyna ýardam etmek umydynda, olary öý bilimine geçirdiler ýa-da mesihi mekdeplere geçirdiler, tomusky mesihi lagerlere-de iberdiler. Olar ol ýerde çagalaryna dogry zatlary öwrederler, jyns gatnaşygy we söýgi baradaky Hudaýyň hakykatlaryny kabul etmäge kömek ederler, ýagşy näme, ýaman näme düşündirerler

diýip tama edýärdiler. Belki şonda, mümkin, çagalar dogry ahlak saýlawy etmäge ukyply bolarlar. Bularyň bary gowy, emma biziň size aýdasymyz gelýär: çagalara Hudaýyň hakykatlaryny kabul etmegi ýöne bir öwretmek — bu gaty az.

## Ýykylan fundament

Bir gezek men (Joş) Orta Günbatardaky uly ýygnakda çykyş edýärdim. Ýygnak ýaňyja gurluşyk taslamasyny tamamlap, täze bina göçüpdi. Onuň gapysyna golaý gelip, girelgäniň depesinden asylan, «Biz hakykaty we diňe hakykaty wagyz edýäris!» diýip ýazylan şygara gözüm düşdi.

Elbetde, biz çagalarymyza hakykaty öwredýäris, çünki diňe şeýdip olarda dogry düşünjeler emele gelip, Mukaddes Kitabyň dünýägaraýşy döräp biler. Emma men «hakykaty we diňe hakykaty» diýilýän ruhdaky gürrüňleri ýeterlik derejede eşidip, olar mende belli bir şübheleri döredýär, şonuň üçin şol şygarly ýazgyny görenimde meniň ilkinji pikirim şeýle boldy: «Eger-de ähli zat şu derejede bolýan bolsa, onda bu ýygnagyň şowsuzlyga uçrandygyna men gaty güman edýärin».

Köp ene-atalar bu duzaga düşýärler.Olar eger Hudaýyň hakykatlaryny öz çagalaryna aýdan bolsalar, onda özlerini belentliklere ýeten hasap edýärler, çünki indi çagalarda «dogry» gymmatlyklar we «dogry» hereketler bolar ahyry. Emma beýle usul şowsuzlyga sezewar edilen usuldyr, sebäbi Hudaýyň hakykatynyň janlanmagyna we onuň adam durmuşyny özgertmegine getirýän esasy düzüjisini hasaba almaýar. Bu düzüji ýa-da bu açar — *gatnaşyklardyr*!

Dawut patyşa şeýle diýipdi: «Meni akla, ýa Reb, çünki aýypsyz gezdim… Gezdim men Seniň sadyklygyňda» (Zebur 25:1,3). Haçanda biz 1-nji aýady we 3-nji aýadyň-da ýarysyny, edil ýokarda bolşy ýaly getirsek, onda biz näme hakda gürrüň gidýändigini gözden salýarys: dogrulyk içde ýaşaýar. Düşünýäňizmi, Hudaýyň hakykaty bize hemişe bizi söýýän Hydaýdan gelýär,

Ony bolsa mydama biziň ýüregimiz gyzyklandyrýar. Geliň, 3-nji aýady dolulygyna okalyň:

*...Çünki söýgiň gözlerimiň alnynda, gezdim men Seniň sadyklygyňda...*

Dawut hemişe Hudaýyň üýtgewsiz söýgüsini bilýärdi we Hudaý bilen ýakyn gatnaşyklarda bolýardy. Hudaýyň hakykatyny Gökdäki Atamyzyň Öz çagasy hakda nähili alada edýändigi bilen baglanyşykly düşündirmeklik gerekdir. Soňra Dawut şeýle dileg edýär: «Ýa Reb, hakykatyňda gezerim ýaly, maňa öwret Sen Öz ýoluňy,— yzyndan boýun alýar: — Çünki maňa bolan sadyk söýgiň beýikdir...» (Zebur 85:11,13). Dawut Hudaýy tanama bilen Atanyň göwnünden turmak ymtylyşynyň çeşmesi bolan Hudaýyň söýgüsiniň arasyndaky göni baglanyşygy görýärdi. Mezmur aýdyjy özüniň ýaş ýyllaryndan başlap, dogry ýaşaýşyň çeşmesiniň «beýik rehimdarlygy» öz üstüňde duýmakdan, Hudaýyň özüne bolan müdimilik söýgüsinden durýandygynyň üstüni açypdyr. Resul Ýohanna-da şu sözleri ýazanda, şol bir güýji göz öňünde tutupdy: «Biz Hudaýy söýýäris, sebäbi ilki Ol bizi söýdi» (1 Ýohanna 4:19).

Biziň eýýäm aýdyşymyz ýaly, hakykatdan-da düşünjeler biziň gymmatlyklarymyzy emele getirýär, gymmatlyklarymyz bolsa, biziň hereketlerimizi kesgitleýär. Emma bar zat biziň Hudaý hakdaky, durmuş hakdaky we öz-özümiz hakdaky düşünjelerimizi gatnaşyk tejribämiziň esasynda guryanlygymyzdadyr. Dawut patyşa dogry aýdypdyr: onuň dogry hereket etmek ukyby Hudaýyň hakykatyny (düşünjelerini, gymmatlyklaryny) edinmekden gelip çykypdyr, emma bar zadyň esasynda bolsa, «beýik rehimdarlyk» — Hudaýyň müdimi söýgüsi (ýagny, gatnaşyklar) ýatyr.

Siziň çagalaryňyzyň ähli öwrenen zatlary, olaryň ähli bilýän zatlary, hatda olaryň bu zatlary nädip bilendikleri hem nämedir

bir zat bilen we kimdir biri bilen edilen gatnaşyklaryndan gelendir. Adamlar bu hakda seýrek pikirlenýärler, ýöne biz özümiziň şu häzirki bolşumyz üçin köpräk gatnaşyklara borçludyrys. Biziň düşünjelerimiz, diýmek, biziň gymmatlyklarymyz hem, biziň olary kim bilen we nädip gurandygymyzyň göni netijesi bolup durýar. Söýgi — ýaşlaryň dogry düşünjeleriniň ösüp ýetişjek bereketli topragydyr, öz gezeginde bular-da, olaryň gymmatlyklaryny emele getirýär, gymmatlyklar bolsa olaryň hereketlerini kesgitleýär (diagramma seret).




Näme sebäpden dogry düşünjeleriň we gymmatlyklaryň emele gelmegi üçin, diýmek, gowy hereketleri etmeklik üçin-de, gatnaşyklar şeýle wajypka? Sebäbi biz siziň bilen şeýle ýaradylypdyrys. Älem-jahanyň Üçbir Rebbi her ýüregiň töründe Özüni tanadýan möhürini, Özüniň keşbiniň we meňzeşliginiň aýratyn belgisini goýupdyr: söýgüde esaslanýan gatnaşyklary etmeklik ukybyny. Bu bireýýämlerden bäri Mukaddes Ýazgylardan bellidir (Gelip çykyş 1:26–27-ä seret), munuň üstesine, bu hakykaty ýakynda geçirilen beýniň ösüşiniň lukmançylyk barlaglary hem tassyklady.

Birnäçe ýyl mundan ozal, Darmut kollejiniň ýanyndaky Lukmançylyk mekdebi beýniň ýaş boýunça üýtgeşmeleriniň ylmy

barlagyny ýola goýdy. «Hardwired to Connect» diýlip atlandyrylan bu taslamanyň çäklerinde iki ýüz altmyşdan gowrak hasabatyň maglumatlary derňew edildi. Jemleýji nutukda şeýle nygtalýardy: seredilip geçilen hasabatlaryň hemmesi çaganyň doguljak pursadyna onuň beýnisi başga adamlar bilen gatnaşyklar arkaly baglanyşmaga fiziki, biologiki we himiki «programmirlenen» diýip saýatlyk edýärler[2]. Los-Anželesdäki uniwersitetiň ýanyndaky Lukmançylyk mekdebiniň hormatly doktory Alan Şoryň mälim etmegine görä, «biz gatnaşyklar üçin dogulýarys. Biziň beýnimiz, entek sözleri aýdyp başlamazdan öň, emosional gatnaşyk arkaly beýleki adamlar bilen birlikde ösmek üçin fiziki «tikilipdir»»[3]. Eger biz üçbir Hudaýyň, ýagny söýgi Hudaýynyň keşbinde ýaradylan bolsak, onda muňa geň galyp bolarmyka? Emma biz ýakyn gatnaşyklardan gaçyp, ozalkylar ýaly, ýygy-ýygydan biri-birimize hakykat hakda we ondan gelip çykýan düzgünler hakda gürrüň edýäris. Biz edil şol Orta günbatardaky uly ýygnagyň çopanlary ýaly, «hakykaty we diňe hakykaty wagyz edýäris».

Efeslilere ýazan hatynda resul Pawlus bizi «hakykaty söýgi bilen aýtmaga» çagyrdy (Efeslilere hat 4:15)*. Hakykat ilkibaşdan ýakyn gatnaşyklaryň içinde «siňdirilmek» üçin niýetlenilipdi. Şol resul Pawlus ýene-de ýazýar: «Şoňa görä-de, biz diňe Hudaýyň Hoş Habaryny däl, eýsem ýüregimiziň töründen orun bermäge-de taýyndyk, sebäbi siz biziň üçin şeýle eziz bolduňyz!» (1 Selaniklilere hat 2:8). Pawlus «hakykaty we diňe hakykaty» usulyny ulanmaýardy — ol doganlary diri we ynamly gatnaşyklaryň içinde öwredýärdi. Ine, näme sebäpden onuň sözlerindäki hakykat adamlarda kök urup, olaryň hereketleri-de özgerdi.

* Rus sinodal terjimesinde: «...hakykaty söýgi bilen aýdyp, bedeniň Başy bolan Mesih ýaly hemmetaraplaýyn kämilleşeris» diýen, aýat bölegi Rus Mukaddes Kitap jemgyýetiniň «Hoş Habar» terjimesinde: «...eger hakykaty söýgi bilen aýtsak, şonda hemme zatda Oňa ýakynlaşyp öseris» diýilýär.

Ynanaýyň: sagdyn gatnaşyklarsyz kimdir birine öz düşünjeleriňizi we gymmatlyklaryňyzy siňdirmek, oňa dogry hereketleri öwretmek biderek bolar, sebäbi oňa esasy elementler — söýgi we alada ýetmezçilik eder. Hudaý adamyň dogry ahlak saýlawy edip bilmegi üçin oňa kömek etjek bolsa hut şol söýgüni we aladany ulanýar. Ine, näme üçin ruhy ýakynlyksyz hakykat köplenç ret edilýär, terbiýe bolsa, köplenç närazylyk bilen gahary getirýär. Emma hakykaty we düzgünleri ýakyn gatnaşyklaryň içinde aýtmak bilen siz hemişe diýen ýaly položitel täsire eýe bolýarsyňyz. Dawut patyşanyň päklikde gezmeginiň sebäbi nämede? Sebäbi ol Gökdäki Atasynyň «beýik rehimdarlygyny» — hakykaty mydama ýakyn gatnaşyklaryň içinde duýýardy.

## Eşiden deň bolmaz gören göz bilen.

Çagalara we ýaşlara jyns gatnaşyklary baradaky dogry we nädogry zatlary ýakyn gatnaşyklaryň içinde düşündirmek gaty wajyp bolup durýar. Siziň el astyňyzdaky adamlara hökmany suratda saýlaw etmeklik we öz hereketlerini düzetmeklik gerek bolar: pornografiýadan gaçmaklyk, köpçüligiň basymyna garşy durmaklyk, arassalygy we wepalylygy saklamaklyk we Hudaýyň buýurýan hakyky söýgüsini ýüze çykarmaklyk. Ýöne eger olar siziň «beýik rehimdarlygyňyzy» we müdimilik söýgüňizi duýýan bolsalar, ine, şonda olar siziň öwütleriňize duýgur bolup, olara görä ýaşamaklyga ruhlanarlar. Mundan başga-da, siziň özüňiziň hem şeýle ýaşaýandygyňyzy olar görmelidirler.

Resul Ýohanna şeýle ýazypdyr: «Eziz balalar, hakyky söýgimizi ýöne bir gury gep bilen däl-de, iş ýüzünde amal bilen görkezeliň» (1Ýohanna 3:18). Çagalarymyzyň biziň düşünjelerimizi we gymmatlyklarymyzy kabul etmekleri üçin, dogry ahlaky saýlawy edip bilmekleri üçin olara biziň durmuşymyzda hereket edýän hakykaty görmek gerekdir.

Haçanda biz öz çagalarymyzda sagdyn bolmadyk gatnaşyklary ýa-da nädogry hereketleri görenimizde, elbetde olary

düzedýärdik. Emma eger çagalarymyz esasy üç soraga «hawa» jogabyny berip bilmeýän bolsalar, onda biziň sözlerimiziň gury howany ýumruklaýandygyna biz tiz düşünip bildik. Olaryň jogaplary biziň olara gowy görelde berýändigimizi ýa-da ýokdugymyzy derrew bize aýdýardy. Şonuň üçin men (Joş) Kelliniň özüni nädogry alyp barýanyny görenimde hem-de muňa özümiň goşulmaklygym talap edilende, oňa şeýle soraglary berýärdim:

1. «Kelli, sen meniň seni söýýändigimi bilýäňmi?»
2. «Men seniň ejeňi söýýändigimi bilýäňmi?»
3. «Haçanda sen durmuşa çykaýsaň, onda ejeňiz we siz bilen aramyzdaky ýaly söýgüni we biziňki ýaly şeýle maşgalany edinmegi isleýärsiňmi?»

Eger goýlan soraglaryň her birine ol «hawa» diýip jogap berse, onda men öz sözlerimiň diňlenjekdigine we olaryň kabul ediljekdigine düşünýärdim. Mysal üçin, men oňa şeýle aýdyp bilerdim: «Kelli, seniň häzirki edýän işleriň geljekde seniň nikaňa zyýan ýetirip biler, şeýdip biziň öz maşgalamyzdaky ýaly bagtdan seni mahrum edip biler». Gyzym öz öňünde gatnaşyklaryň ynama mynasyp göreldesini görýänligi üçin ol meniň nesihatlaryma duýgur boldy. Emma eger çagalar öz öňünde munuň ýaly zady görmeseler, onda olara ene-atalaryň geplerine ynanmak kyn bolar.

Resul Pawlus şeýle ýazýar: «Eý, doganlar! Meniň göreldäme eýerýänlere goşulyň. Biziň göreldämize görä ýaşaýanlara üns berip, olardan öwreniň» (Filipililere hat 3:17). Bu aýatdaky «Tupos» diýen grek sözi türkmen diline «görelde» diýlip terjime edilip, «meňzemeklik üçin mysal ýa-da nusga» diýmegi aňladýar. Pawlus özüniň durmuşyna meňzemesi gerek bolan nusga diýip aýdýar. Edil şonuň ýaly, biziň durmuşymyz hem çagalarymyz üçin olaryň meňzejek bolýan nusgasy bolmalydyr.

Ýok, biz kämil adamlar däldiris. Kämil ene-ata ýokdur. Emma kämil bolmasak-da, biz boýny buruklygyň, ýalňyşýan wagtlary bagyşlanma gözleýän adamlaryň göreldesini berip bileris.

Bir gezek çagalaryň ýanynda Joş bilen güýçli tersleşenimiz meniň (Dottiniň) ýadymda. Haýsydyr bir pursatda Joş gahar-gazaba münüp, kagyzlar tikilen jilti stoluň üstüne oklady-da: «Men gidýän» diýdi. Soňra ol gapydan çykyp, ulagda nirädir bir ýere gitdi. Munuň baryny-da çagalar gördi.

Emma tiz wagtdan Joş gaýdyp gelip, bizi nahar iýilýän otagymyza jemledi-de, ähli çagalarymyzyň öňünde özüniň güýçli gyzmalyk edendigini boýun aldy. Ol meniň göwnümi ynjadany üçin gynanýandygyny aýdyp, menden bagyşlama sorady. Ondan soň ol çagalara ýüzlenip, ejelerine hormatsyzlyk edendigi üçin olardan geçirim sorady.

Joşuň öňki hereketleriniň kämillikden daşdygy görnüp duran hem bolsa, muňa garamazdan, ol samsyklyk edeniňde özüňi nähili alyp barmalydygynyň gowy göreldesini görkezdi.

Mümkin siz ynanmarsyňyz, ýöne siziň çagalaryňyzyň ýa-da el astyňyzdakylaryň sizde dogry ýaşaýşyň göreldesini görmekleri näçe zerur bolsa, olaryň siziň goýberýän ýalňyşlyklaryňyzy we boýny buruklyk bilen geçirim soraýşyňyzy görmekleri hem şonça zerurdyr. Pawlus özge milletleri «sözde we işde» imana getirendigini ýazýar (Rimlilere hat 15:18). Diňe bir biziň ýakyn gatnaşyklardaky wagyz edýän hakykatymyz däl-de, eýsem biziň şahsy durmuşymyz hem görelde almagyň mysaly bolmalydyr. «…Hakyky söýgimizi ýöne bir gury gep bilen däl-de, iş ýüzünde amal bilen görkezeliň» (1Ýohanna 3:18).

## Ata bilen gatnaşyk… ýa-da onuň ýokdugy.

Jon Hopkins Uniwersitetiniň ýanyndaky Maýkl Blumbergiň jemgyýetçilik saglygy goraýyş mekdebi şu mekdebiň uçurymlary bolan 1137 sany lukmanyň gatnaşmagynda barlag geçirdi. Barlag käbir belli ýagdaýlaryň we keselleriň ýüze çykmagynyň

sebäbi hökmündäki ata-enäniň maşgala ojagyndaky maşgala gatnaşyklarynyň üstünde gerçirildi. Görlüp durulsa, psihiki keselleriň we rakyň esasy görnüşleriniň emele gelmegi ata-ene bilen ýakynlygyň ýoklugy, aýratyn hem ata bilen ýakynlygyň ýoklugy bilen bagly eken[4].

Bu hakda okap, men şeýle bir howsala düşdüm, hatda barlag geçirenler bilen gürrüň etmek üçin şol mekdebe jaň etdim. Men näme üçin ata bilen ýakynlygyň şeýle esasy sebäp bolup durýandygyny bilmek isledim. Alymlaryň maňa munuň näme sebäpden şeýle bolýandygyny düşündirmekleri üçin üç minutdan köp wagt gerek bolmady. Olaryň sözleri boýunça, kimiň atasy bilen gatnaşyklary bozulan bolsa, ol köp içki dartgynlygy — stresi başdan geçirýär, stres bolsa, görkezilen ýagdaýlaryň we keselleriň esasy sebäpkäri bolup durýar.

1980-nji ýyllaryň başynda we ortalarynda geçirilen bu we beýleki barlaglar örän wajyp netijelere getirdi. Köp alymlar fiziki saglyk bilen gatnaşyklaryň baglydygyna şaýatlyk edýän şuňa meňzeş netijelere geldiler. 2012-nji ýylyň fewral aýynda «Döwür» žurnalynda aşakdaky maglumat çap edilipdi:

Barlaglaryň görkezişi ýaly, ýakyn dostlary we garyndaşlary bolan adamlar, şeýle ýakynlary bolmadyklar bilen deňeşdireniňde, has aşak arterial basyşyna, stres gormonlarynyň has aşak derejesine we has berk immunitete eýedirler. 2010-njy ýylda Brigam Ýang uniwersitetinden bolan alymlar üç ýüzden gowrak adamlaryň görkezijilerini derňäp, sosial baglanyşyklaryň ýetmezçilik etmeginiň biwagt ölüm howpuny çilim çekmek endiginden-de, hatda semizlikden-de beter ýokarlandyrmaga ukyplydygyny ýüze çykardylar[5].

Çagalar fiziki, emosional, ruhy we sosial taraplardan sagdyn ösüp bilmekleri üçin enesi we atasy bilen ýakyn gatnaşyklara mätäçlik çekýärler. Sebäbi bu olara geljekde dogry ahlaky saýlawy edip bilmäge mümkinçilik berer. Bu tarapdan alsak, ata bilen baglanyşyk juda zerurdyr.

Nika ýaly täsin hadysany we maşgala kynçylyklaryny öwreniji, az girdejili eneler hakdaky «Meniň berjaý edip bilmejek wadalarym. Näme sebäpden garyp eneler ene bolmaklygy nikadan wajyp hasaplaýarlar?» atly özboluşly kitabyň awtorlarynyň biri, sosiolog Mariýa Kefalas ýazýar: «Aýallar köplenç maňa: “Men öz çagamyň enesiniň-de, atasynyň-da deregine geçip bilerin» diýýärler, emma bu dogry däl. Atasyz çagalyk çaga çuňňur psihologiki täsirini ýetirýär. Enä, mümkin, bu adam eýýäm gerek däldir, emma onuň çagalaryna ol hemişe gerek bolar»[6].

Kolumbiýa uniwersiteti, onuň biologiki ene-atasynyň ikisi tarapyndan ýa-da ärsiz ene tarapyndan terbiýelenendigine baglylykda, ýetginjegiň alkogola, narkotige we zorluga bolan gatnaşygyny öwrenmek maksady bilen giňişleýin barlag geçirdi. Anyk seljerilendigine görä, ärsiz eneleriň terbiýelän çagalary, ene-atanyň ojagynda ene-atanyň ikisi tarapyndan hem goldaw berilýän şertlerde ulalan çagalar bilen deňeşdirilende, zorluklara 30% köp gatnaşyp, alkol we narkotik kabul edýärler[7]. Çaganyň özüni alyp barşy barada aýdanymyzda bolsa, maşgaladaky gatnaşyklar — ene bilen, aýratyn hem ata bilen — biçak wajyp roly oýnaýar.

Hudaý bizi sosial barlyk edip ýaradypdyr. Biziň hemmämiz hem enäniň we atanyň üýtgemejek söýgüsine, şeýle-de ygtybarly dostlara mätäçlik çekýäris. Biz bu ýakynlygy doly derejede almanymyzda, aýratyn hem ata bilen baglanyşygyň ýetmezçilik edeninde, munuň netijelerinden ejir çekmeli bolýarys.

Ýene bir gezek belläsimiz gelýär: atalara öz çagalary bilen çuňňur gatnaşyklary gurmaklyk gaty zerur. Biz atalar muny enelere görä az isleýärler diýjek bolmaýarys, ýöne, enelerden tapawutlylykda, olar muny nädip etmelidigini duýgy derejesinde bilmeýärler. Ine, näme sebäpden biz, çaganyň öz atasy bilen gatnaşygyna giden bir kitaby bagyşladyk*. Biz atalara öz ogul-

* Gürrüň Joş Makdauelliň «Ata bilen aragatnaşyk» atly kitaby barada gidýär (rus diline «Ata bilen aragatnaşyk» ady bilen terjime edilendir). Kitap D. Makdauelliň işjeň gatnaşmagynda ýazylandyr.

larydyr gyzlaryna nädip ýakyn bolmaga we olar bilen aragatnaşygyny çuňlaşdyrmaga düşünmäge kömek etmek isledik. Elbetde, çagalara atalarynyň aýratyn ýetmezçilik edýändigi, olaryň durmuşyndaky eneleriň roluny düýbünden peseltmeýär.

Ylmy barlaglaryň görkezişi ýaly, biziň öz şahsy syn etmelerimiz hem siz eneleriň öz roluňyzy doly diýen ýaly berjaý etmegi başarýandygyňyzy görkezýär, şonuň üçin hem çagalaryň köp bölegi ähli babatda öz eneleriniň söýgüsini, aladasyny we goldawyny bolaýmaly zat hökmünde kabul edýärler. Çaga enesiniň hiç ýere gitmejekdigini duýýar — ol hemişe ony diňlär, oňa rehim eder, onuň aladasyny eder. Ata — bu başgaça. Çagalar öz atasynyň ýanynda özlerini şeýle howpsuzlykda duýmaýarlar, bu-da olara erbet täsir edýär. Eger atalaryň köpüsi öz aýallaryny diňleselerdi, onda olar öz aýallaryndan, gör, näçe köp öwrenip bilerdiler!

Eger siz ärsiz ene bolsaňyz, onda size diýmäge rugsat ediň: siziň wezipäňiz size görnüşinden juda göwrümli we juda çylşyrymlydyr.Ýok, siz öz çagaňyza erkek bilen aýalyň arasyndaky söýginiň göreldesini görkezip bilmersiňiz, emma siz onuň ýanynda bolup bilersiňiz, oňa Hudaýdan alan bütin söýgiňizi, aladaňyzy we goldawyňyzy berip bilersiňiz. Siziň çagaňyz bir tär bilen size ýeňil däldigine, siziň her gün «artykmaç ýoly sökmeli bolýandygyňyza» düşünýär.

Şeýle hem bolsa, ine, nämäniň üstünde oýlanyň: eger çagaňyzyň atasy indi onuň ýanynda bolmajak bolsa ýa-da ol düýbünden atalyk roluna laýyk gelmeýän bolsa, onda öz ýygnagyňyzda siziň çagaňyz üçin mesihi erkek adamyň göreldesini berip biljek ýetişen takwa adamy tapyň. Belki-de, mümkin, kimdir biriniň atasy siziň çagaňyzy maşgala gezelenjine äkider ýa-da dostlaşmak üçin aýratyn yhlas eder, ýa-da ýonekeýje gürrüň edip biler. Atanyň ahlak keşbi çaganyň durmuşyna ägirt uly täsirini ýetirýär. Eger maşgalada ata ýok bolsa, onda bu boşlugy çagaňyza mynasyp görelde görkezip biljek dost bilen doldurmak paýhasly bolar.

Indi bolsa biz ähli enelere ýüzlenýäris: çagalaryňyzyň öz atasyna nähili seredýändikleri ýokary derejede size bagly. Sizde ägirt uly ygtyýar bardyr — siz çagalaryňyzyň öz atasyna bolan söýgüsini goldap hem bilersiňiz, ýa-da onuň abraýyny düşürip, çagalaryňyzyň gözünde ony işi şowuna düşmeýän adam edip hem bilersiňiz. Äriňizi onuň atalyk rolunda höweslendiriň. Bu oňa gerek. Mümkin, muňa näçe mätäçdigini onuň özi-de bilýän däldir. Ony mylaýym sözler bilen goldaň, çagalaryňyzyň ýanynda ol hakda gowy gürrüňleri ediň. Sabyrly we paýhasly boluň hem-de ony çagalaryň ýanynda bolmaga höweslendiriň.

## Siz haçan iň soňky gezek öz çagaňyzy gujaklapdyňyz?

Siziň çagaňyz ýetginjeklik ýaşyna ýetende, ol size mundan beýläk ene-atasynyň fiziki we emosional mährine mätäçlik çekmeýän ýaly bolup görünmegi mümkin. Emma hut şu döwürde olara ene-atanyň «üýtgewsiz söýgüsi» hemme wagtkydan-da has köp gerek bolmagy mümkindir.

Bir gyz özüniň atasy hakda goşgy ýazypdyr, onda atasynyň köne eşigini geýýändigini gürrüň berýär. Ol hemişe özüni hiç haçan taşlap gitmejek, gyzynyň aladasyny ýokary tutýan ata hakda arzuw edýän eken.

Gyz ulalanda bolsa, ol «Synan kalbyň gürrüňi» ady bilen aýdym ýazýar. Bu zehinli ýerine ýetiriji gyz kinolarda suratlara düşdi, türmä düşüp çykdy, soň «özüni ele almak üçin» dikeldiş bejergi çärelerinden geçmeli boldy. Mahlasy, eger sizi aktrisa, kompozitor we aýdymçy Lindsi Lohanyň özüni alyp barşy haýran galdyrýan bolsa, oňa gowurak seredip görüň, şonda siz ata söýgüsi hakda hasrat çekmegini dowam edýän gyzjagazy görersiňiz.

Bir sany adatdan daşary zehinli bäş ýaşlaryndaky çaga öz doganlary bilen öňde boljak telewizion oýny üçin aýdyma taýýarlanyp durdy. Atasy olara ýolbaşçylyk etmekçi bolýardy, emma olar atasynyň görkezmelerine düşünmeýärdiler. Bäş ýaşyndaky

çaga bir zat hakda düşündiriş almak isledi. «Atajan…» — diýip başlajak boldy, emma atasy şo bada ony kesip, haýbatly diýdi: «Men saňa mundan beýläk ata däl — men seniň guramaçyň. Şuny bilip goý». Şeýdip, bu gürrüňi Maýkl Jekson bütin ömür ýadynda saklady.

Ölüminden birnäçe ýyl öň, ol özüniň döreden «Çagalara ýardam ediň!»atly gaznasyny ilerlemek bilen, Oksford uniwersitetiniň talyplarynyň, takmynan, sekiz ýüzüsiniň öňünde çykyş etdi. Çykyşynyň on bäşinji minudynda ol özüni elde saklap bilmän, möňňürip aglap goýberdi. Soňra ol her niçigem bolsa özüni ele alyp, göräýmäge hiç bir sebäpsiz diýdi: «Men ýönekeýje özümde atamyň bolmagyny isläpdim. Onuň söýgüsini göresim gelipdi. Emma men ondan ýekeje gezegem: “Maýkl, men seni söýýän” diýen sözi eşitmedim»[8].

Puldan we abraýdan has zerur bolan, boýdaşlarynyň olary boýun almagyndan ýa-da çagalaryňyzyň arzuw edip biljek ýene başga zatlarynda-da has zerur bolan zat — siziň olaryň ýanyndadygyňyzy we olara bolan söýgiňiziň üýtgemejekdigini çagalaryňyzyň bilmegidir. Bu diýildigi, düzgünlerden ýüz öwürmeli ýa-da olary goramak üçin goýlan çäkleri ýatdan çykarmaly diýildigi däldir. Olar özlerini howpsuz duýup bilmekleri üçin düzgünlerdir çäkler zerurdyr, emma bu sazlaýjylar siziň olar bilen edýän gatnaşyklaryňyz bilen birlikde bolmalydyr. Siziň öz çagalaryňyza bolan söýgiňiziň güýji olaryň dogry we çuň ahlakly çözgütleri kabul etmekleri üçin öňe itekleýji esas bolup durar.

Bu sözleri okap gutaranyňyzda, öz çagaňyzyň ýanyna baryň-da, mümkin, ol ýetginjekdir, ony bagryňyza basyň. Goý, haýran galsyn! Goý, ol siziň elleriňiziň mährini duýsun, we sizden: «Men seni söýýän» sözlerini eşitsin. Soňra çagaňyzyň göz öňünde mydama söýgüniň göreldesiniň durjakdygyna öz-özüňize söz beriň. Goý, ol hemişe siziň ýanyndadygyňyzy duýup dursun, siziň üýtgewsiz söýgüňizi görüp dursun. Siziň

ýakyndan edýän gatnaşyklaryňyz oňa dogry düşünjelere gelmäge, gerekli gymmatlyklary özüne kabul etmäge we dogry ýaşamaga kömek eder.

Hawa, muny aýtmak muny etmekden ýeňil. Elbetde, biz – ene-atalar we ýygnak ýolbaşçylary, içgin gatnaşyklary her bir çagaň bilen gurmaklygyň örän wajypdygyny bilýäris. Emma muny nädip etmelidigine düşünmek welin — düýbünden başga zat! Munuň üçin ýene köp kitaplar gerek bolar. Şonuň üçin hem bu taýda biz ýöne bir şeýle gatnaşyklaryň gerekdigini mälim edip goýman, eýsem, iň bolmanda, olary gurmaklygyň esaslaryny öwretmek isleýäris. Biziň indiki bapda beýan etjeklerimiziň köp bölegi biziň Dik Deý bilen bilelikde ýazan «Öz çagalaryň üçin nädip gahrymana öwrülip bolar?» atly kitapdan alnandyr*. Ol kitaby ýazan günümizden bäri biziň çagalarymyz ulaldylar we öz maşgalalaryny edindiler. Şonuň üçin-de, biz olardan şol kitapda aýtjak bolan, gatnaşyklary gurmak üçin gerekli bolan kerpiçjagazlaryň olaryň durmuşyna nähili täsir edendigini soradyk. Biziň bilen galyň.

* Joş Makdauelliň we D. Deýiň «Öz çagalaryň üçin nädip gahrymana öwrülip bolar?» atly kitaby (kitabyň asyl ady «Öz çagalaryň üçin nädip gahrymana öwrülip bolar?» «How to Be a Hero to Your Kids») rus dilinde birnäçe gezek çap edildi.

5

# ÝAKYN GATNAŞYKLARY GURMAK ÜÇIN GEREKLI BOLAN KERPIÇJAGAZLAR

«Bolýar, eger men öz çagalarym bilen ýakyn gatnaşyklary ýola goýaýsam, onda olaryň hemişe dogry çözgütleri kabul etjekdigine, dogry hereketler edip, buýsanja mynasyp durmuşda ýaşajakdyklaryna, hany, siz maňa kepil geçip bilermisiňiz?».

Gynansak-da, muny edip bilemizok. Biz: «Iň oňat maslahata eýeriň, çagalaryňyza ýakyn boluň, şeýdip bu olary hemişelik kalbyň azabyndan we ýalňyş çözgütleri kabul etmekden gorar we netijede olara hakyky bagty getirer» diýip, aýtmagy islärdik. Emma biz size muny wada berip bilmeýäris.

Siziň edýän ähli tagallalaryňyza garamazdan, çagalar barybir sizi we siziň gymmatlyklaryňyzy ret edip biler. Emma bir zady welin, biz barybir aýtjak: eger siz öz çagalaryňyz bilen sagdyn gatnaşyklary gurmaklyk üçin bütin güýji sarp etseňiz we olar bilen jyns gatnaşyklary barada paýhasly gürrüňler etseňiz, onda sizde üstünlige bolan umyt has köp bolar. Birnäçe zerur bolan ädimleri ädip, siz öz çagaňyza jyns gatnaşygy meselesinde adamzat nesliniň duşmanynyň taýýarlan duzaklaryndan aýlanyp geçip bilmäge umyt berersiňiz.

Aşakda biziň «ýakyn gatnaşyklary gurmak üçin gerekli bolan kerpiçjagazlar» diýýänlerimiziň gysgaça beýany getirilýär. Biziň maslahatlarymyzy iş ýüzünde ulanyň, şeýdip siziň çagalaryňyz

siziň sözleriňize has duýgur bolarlar, sebäbi olar siziň özleri hakda alada edýändigiňizi duýarlar we bilerler*.

## 1. Öz çagaňyzyň gyzyklanmalaryna içgin girişiň

— Joş, bu-ýä netije berenok — diýip, bir güni atalaryň biri maňa arz etdi.— Men wagtymy ýitirip, çagam bilen wagt geçirdim — bar güýjüm biderek gitdi.

— Siz bilelikde näme etdiňiz? — diýip, men anyklamak isledim.

— Aý, näme, men-ä golf oýnuny halaýan, şonuň üçin ony meýdança äkitdim. Ýöne bu bütinleý şowsuzlyk bolup çykdy — diýip, ol aýtdy.

— Eýsem, näme, siziň ogluňyz golf oýnamagy gowy görýärmi? — diýip, men soradym.

— Ýok, ýöne men gowy görýän-ä,— diýip, şowsuz ata jogap berdi.

Ol ogluny onuň şeýle bir ýat dünýäsine — özüniň golf dünýäsine getirdi, şeýdip heläkçilikli netijä eýe boldy. Näme üçinkä? Sebäbi oglan bir zada düşündi: atasy üçin diňe «atasyna ýaraýan zatlar» gyzykly. Eger-de biz, tersine, öz çagamyzyň gyzyklanýan zatlary bilen gyzyklansak, onda biz oňa: *«Maňa seniň özüň-de, seniň höwesleriň-de gyzykly»* diýen ýaly bolarys.

> *Men Kelli, Makdauelleriň maşgalasyndaky iň uly çaga. Indi, haçanda meniň özüm durmuşa çykyp, öz maşgalamy gurýarkam, yza göz aýlap, ene-atamyň meniň bilen gatnaşyklary gurmagy nähili gözländiklerini ýatlamak gyzykly. Meselem, çagalardan üçimiziň futbol oýnan döwrümiz bolupdy, onda-da her birimiz dürli komandadadyk. Hepdede alty gezek oýun oýnalýan wagty az bolmandy, emma ejem bizi gyşarnyksyz her oýna äkidýärdi. Eje üçin munuň nä derejede «gyzykly» bolandygyny göz öňüne getirmegim-de kyn.*

* J. Makdauelliň we D. Deýiň «Öz çagalaryň üçin nädip gahrymana öwrülip bolar?» atly kitabynda bu barada has jikme-jik gürrüň berilýär.

*Şonda-da her gezek, biz oýna ýa-da türgenleşige gitmeli bolanymyzda, ejem begençli seslenýärdi: «Oh-how! Bu gün bizde futbol bar! Men janköýer bolaryn! Bu şeýle bir ajaýyp!» Elbetde, onuň bizi söýýändigine we biziň gyzyklanmalarymyzy paýlaşýandygyna biz şübhelenmeýärdik.*

*Özümiň garda typmak bilen gyzyklanýan ýene bir pursadym ýadyma düşýär. Şonda kakam täze görnüşli garda typmalary synap görmegimiz üçin uýam ikimizi dag lyža kurortyna äkidipdi. Biz kakam gapdaldan bize tomaşa eder diýip pikirlenipdik, çünki ol ökde lyžaçy däldi. Ine-de, indiki depä münüşlikde, görsek, kakam biziň yzymyzdan haýdap gelýän eken! Meniň agzym açylyp galdy! Kakam asla lyžada ýöränokdy, emma ol bizi geň galdyrmak üçin beýikligiň çür depesine çykyp, biziň bilen bilelikde ondan aşak indi. Bagtymyza ol aýagyny döwmedi! Onuň bu hereketi uýam ikimize köp zat diýýärdi. Kakam iş ýüzünde biziň gyzyklanmalarymyzy paýlaşýandygyny we onuň üçin biziň gymmatlydygymyzy görkezdi.*

Ýetginjeklerde göz öňünde tutulmadyk göwreliligiň öňüni almak boýunça Milli hereketiň guramaçylary ene-atalara şeýle çagyryş bilen ýüzlendiler: «Olara üns beriň we olaryň gyzyklanmalaryna aralaşyň. Olaryň sport çärelerine gatnaşyň; olaryň gyzyklanýan zatlary hakda öwreniň; goý, olaryň kiçijik bolsa-da, üstünliklerine guwanyň; olaryň durmuşynda bolup geçýän wakalara siziň biperwaý däldigiňizi görkezjek soraglary beriň»[1]. Şeýle hereket ediň, şonda çagalar sizi diňlemäge taýýar bolarlar, sizden öwrenerler we siziň göreldäňize eýererler.

## 2. Çagaňyzy kabul ediň

Bu bir erbet düýş ýalydy. Men (Dotti) ulagyň tüsseleýän kapotyna seredip, doňup galdym. Meni çelpek ýaly bolup ýenjilen demir gurşap alypdy. Hatda men özümiň şikes alyp-almandygymy-da bilemokdym. Ýene kimdir birine şikes ýetäýdimikä? Men

bary-ýogy on alty ýaşymdadym, ine-de, men edil şu wagtjyk kakamyň ulagyny kül-owram etdim.

Elbetde, bolan zatlary oňa aýtmaga gorkýardym. Ol näme diýer? «Doroti, sen nädip beýle işi edip bildiň?» Ýa-da: «Hiý-de ýola seretmek bolmazmy?» Ýa-da: «Sen näçe tizlikde gitdiň?» Ýa-da: «Ýaşajyk hanym, indi munuň maňa näçä düşjegini bir bilýäňizmi?» Emma kakam beýle zatlaryň birini-de diýmedi.Onuň ilkinji sözleri şeýle boldy: «Wah, Doroti, seniň ejir çekmändigiň, gör, nähili bagt!» Ol maňa hiç zat bolmandygyna begenýändigini gaýta-gaýta aýdýardy. Ol maňa bir gezegem käýemedi, awtomobili ýitirenine gaharlanyp hüňňürdemedi. Hiç haçan ýatdan çykarman: hatda men on alty ýaşymda ýolda jogapkärçiliksizlik edenimde-de, ol menden ýüz öwürmedi.

*Çagany bolşy ýaly kabul etmek bilen biz oňa howpsuzlyk duýgusyny berýäris.* Kabul etmek — adamyň nähili hereket edýändigi üçin däl-de, eýsem onuň kim bolýandygy üçin ony gymmatly saýmakdyr. Özleriniň hiç bir şertsiz kabul edilýändiklerini bilip, çagalar has köp açyk bolmaga, ene-atalara has köp ynanmaga meýilli bolýarlar. Men şeýle gurşawyň içinde ulalandygym üçin, nähili ýagdaý bolsa-da, meni söýjekdiklerini bilip, hemişe özümi howpsuzlykda duýýardym.

Resul Pawlus şeýle ýazypdy: «…Isa Mesih sizi nähili kabul eden bolsa, siz-de biri-biriňizi şonuň ýaly kabul ediň» (Rimlilere hat 15:7). Eýsem Mesih sizi *nähili* kabul etdikä? Şertsiz, siziň bütin bolşuňyz ýaly, ähli siňňilleriňiz we gaýry zatlaryňyz bilen. Elbetde, Hudaý siziň günäli hereketleriňizi taşlap, dogry saýlaw etmegiňizi isleýär. Emma siz ýönekeýje Onuň ogly ýa-da gyzy bolandygyňyz sebäpli, siziň kemçilikleriňiz Onuň size bolan söýgüsine we sizi kabul etmegine täsir etmeýär. Muny bilmeklik size haýran galyjy howpsuzlyk duýgusyny berýär, dogry dälmi? Onuň sizi ýazgarmaýandygyny bilseňiz, onda size Gökdäki Ataňyz bilen gatnaşyk etmek ýeňil düşýär ahyry?

Şonuň üçin, siziň çagalaryňyz-da, eger siz olara hiç hili şertsiz kabul edýändigiňizi köpräk görkezseňiz, edil şeýle duýgularda bolarlar.

## 3. Çagaňyza wagt sarp ediň

Siz işlimi? Özüňizi daljykdyrylan at kimin duýýarsyňyzmy? Ähli zada ýetişmek üçin bir gije-gündiziň sagat sanlary ýetenokmy? Göräýmäge, biziň günlerimizde wagt gaty çalt geçýän ýaly.

Men (Joş) özümiň däli ýaly işlidigim sebäpli näçe gezek çagalarym bilen söhbetdeşligi yza geçirendigimiň sanyny-da bilmeýärin. «Şu wagt däl, Şon, men çykyşa taýýarlanmaly. Soňrak gürrüň ederis». «Keti, meniň şähere bir duşuşyga gitmeli wagtym boldy… Hemme zat gutaransoň söhbetleşäýeris». «Hizer, gel, muny hazir etmäli: men howa menziline gitmäge çemedanymy taýýarlamaly». «Kelli, men juda ýadaw, agşamlyk nahardan soň jaňrlaşaýaly, bolýarmy?» Şeýle sözleri diýmek bilen, hakykatda men, öz işlerimiň olardan has wajypdygyny çagalaryma aýdýardym. Indi bu hakdaky ýatlamalar meniň ýüregimi agyrdýar.

Çaga üçin söýginiň hemme zatdan öňde wagt ekenini siz bilýäňizmi? *Öz çagamyza wagt bermek bilen biz oňa şahsy gymmadynyň uludygy baradaky duýgyny berýäris.* Onuň bilen gürrüňdeşligi soňa goýmak bilen, hakykatda biz oňa: «Men seni söýýärin, emma durmuşymdaky köp zatlary söýýän derejämde däl» diýýäris.

Durmuş özüniň ähli talaplary bilen her gezek çagalarymyzyň isledigiçe wagty olara sarp etmegimize ýol bermeýär. Emma biz çagalarymyzyň bize näçe wajypdygyny olara görkezip bilmelidiris we muny etmegiň iň oňat ýoly-da — olara öz wagtymyzy sarp etmekdir.

*Men Keti, Makdauelleriň maşgalasynydaky üçünji çaga. Meniň kakam köp syýahat edýärdi, şonuň üçin hem ol hemişe meniň*

*ýanymda bolmady, emma onuň bilen eden köp telefon gürrüňdeşliklerim meniň ýadymda. Kakam ikimiziň kanikul döwründe bilelikde gezelenç edenimiz ýadymda. Ol öýde bolýan wagtlarynda hemişe diýen ýaly meni sapaklardan soň öýe alyp gaýdardy, bir gezek bolsa, ol meniň yzymdan paýtunly gelip, banan deserti bilen hezzetlemek üçin meni restorana alyp gitdi. Hatda eger ene-atamyň gaty berk iş tertibi bolup, işi başyndan agdyk bolanda-da, olar çaganyň wajypdygyny oňa bildirmegiň usulyny hemişe tapardylar. Indi men hem özümiň ýakyn adamlarym üçin wagt tapmaga taýýardyryn.*

## 4. Çagaňyzyň duýgularyny çynlakaý kabul ediň

*Men Hizer, Makdaueller maşgalasyndaky iň kiçi çaga. Men ulalanymdan soň, häzirler hem, ýagdaýy çylşyrymlaşdyrmaga ýykgynçylygym bar, orta mekdepde okaýan döwürlerimde bolsa, asyl emosional durnuksyzdym. Haýsydyr bir on minudyň içinde men bagtlylykdan gaýgy-gama we ýene yzyna bagtlylyga geçip bilerdim. Bilýäňizmi näme, ejem welin, meniň duýgularymy asla kemsitmeýärdi. Men olary bolmalysy ýaly ýüze çykarmaýardym, käwagtlar bolsa düýbünden ýalňyz edýärdim. Emma ejem meni ýazgarmaýardy — ol ýönekeýje ýanymda bolýardy, haçanda men lapykeçlik ýa-da agyry duýsam, ol meni ähli emosional serpilmäm bilen çynlakaý kabul ederdi. Ejem sebäpli men özümi ýeke we düşünilmezek adam hökmünde duýmaýardym.*

Biz ene-atalar, öz çagalarymyzyň duýgularyny hemişe paýlaşyp durmarys, emma biz olara bu duýgularyň çynlakaý duýgudygyny tassyklap bileris. Ýetginjegiň durmuş tejribesi bilen onuň öz gapma-garşylykly içki dünýäsi çaknyşanda, ýaş ýigidiň ýa-da gyzyň özüniň hakyky *bardygyny* beýan edýän duýgularyň çogup çykmagyna getirýär, haçanda biz ony düşünjek bolup hereket edenimizde, ol bilen özümizi baglanyşdyrýan köprüni gurýana meňzeýäris. *Öz çagamyzyň duýgularyny çynlakaý kabul etmek bilen, biz oňa onuň hem özümize deň adamdygyny aýdýarys, gaýtam, gymmatly, söýgüli, onuň öz duýýan zadyny*

*duýmaga doly hukukly adamdygyny aýdýarys*. Onuň şatlygyny, tolgunmasyny we lapykeçligini sözleri bilen aňlatmaga kömek etmek bilen, biz özümiziň oňa düşünýändigimizi hem-de onuň içki dünýäsine biperwaý däldigimizi görkezýäris. Bu bolsa ýetginjege öz duýgularyndan baş alyp çykmaga ýokary derejede peýdaly kömek eder we oňa düşünilýändigi, onuň kabul edilýändigi baradaky duýgyny berer.

## 5. Çagaňyzy taryplaň

Maşgalada birinji çaga bolup, babalardyr mamalaryň aladasyna çümmek ajaýyp zatdyr. Ähtimal, biziň kiçijik agtygymyz Skotti Jeýms tä özüniň uýajygy Şona dogulýança şeýle pikir eden bolarly.

Men (Dotti) golaýrakda ýaşaýardym we wagtal-wagtal Skottini soramaga barýardym. Haçanda onuň uýasy doglanda, men özümiň goňşy bolanyma iki esse begendim. Şona örän näzik gyzjagazdy, üç ýaşyndaky Skotti bolsa, oňa topulýardy we gujagynda biraz gaharly gysyşdyrýardy. Men ony şeýle «hüjümleri» üçin bir gezek-de käýemedim. Munuň deregine men golaý baryp, onuň elinden tutup, uýasynyň kellesinden ýa-da aýasyndan nädip sypalamalydygyny görkezýärdim. Soňundan bolsa ony öwgülere besleýärdim; «Sen, gör nähili goç ýigit, Skotti! Gör, neneňsi sen mähirli dogan! Mamaň saňa buýsanýar!» Bagtdan ýaňa söhle saçyp, agtygym: «Sag bol, mama, men seniň öwgüňe şeýle mätäçdim» diýýän ýaly, hondan bärsi bolup, başyny yraýardy.

Kabul etmeklik ynamly gatnaşyklaryň esasy bolup dursa-da, makullamaklygy olaryň burç daşy diýseňem boljak. *Makullamak arkaly biz çagamyza özüniň ähmiýetlidigi baradaky,* özüniň nämedir degerli bir zat aýdandygy ýa-da edendigi baradaky *duýguny berýäris*. Ýetginjegi bolşy ýaly kabul etmeklik — bu onuň bar bolmagynyň özüniň eýýäm biziň üçin wajypdygyny bildirmek diýmekdir. Ony edýän işleri üçin öwmeklik — bu biziň

üçin onuň edýän işleriniň belli bir gymmadynyň bardygyny görkezmek diýmekdir. Çaganyň gowy iş edýänini gören dessiňize ony öwüň. Siz näçe köp şeýle hereket etseňiz, onda bir wagt ony erbet işiň başynda görmek ähtimallygyňyz şonça-da kemeler.

## 6. Çagaňyza mähirlilik görkeziň

Bu nähili ajaýyp durmuş başlangyjy — giden dokuz aýy ynsan ýylylygynyň içinde geçirmek! Enäniň içinde özüňizi taşlanan we ýeke duýan ýekeje minudyňyzam bolmandy. Soňra eýýäm doglan wagtyňyzdan, siz eneňiziň mähirli elleriniň gujaklaýşyny duýan bolmaly. Durmuşyň ähli galan böleginde-de, siz we siziň çagaňyz mähire bolan bu mätäçligi duýýarsyňyz.

*Mylaýym sözler we galtaşmalar arkaly biz öz çagamyza mähirlilik görkezmek bilen biz onuň söýgä mynasypdygyna düşünmäge kömek edýäris.* Şeýle mähirliligiň her bir ýüze ýykmasy siziň araňyzdaky emosional baglanyşygy güýçlendirip, çagaňyza özüniň söýülýändigini bilmegine kömek edýär.

Biz «seni söýýärin» diýmegi dürli ýollar bilen aýdyp bilýäris — çagany gujaklamak arkaly, ýaňajygyndan mylaýym çümmüklemek bilen, onuň egnine elimizi mähirli goýmak bilen. Mähirli sözler we galtaşmalar haýsydyr bir tärde bizi biri-birimiz bilen birleşdirýär, bize ýakynlyk duýgularyny berýär. Megerem, ýerinde ýüze çykarylan mähirlilik ýaly, adama ýakynyna özüni açmaga kömek edip, aradaky diwarlary şeýle çalt ýykýan başga hiç bir zat bolmasa gerek. Mukaddes Ýazgynyň bize: «Biri-biriňizi mähirli ogşap salamlaşyň» diýip öwredýänligi geň zat däldir (Rimlilere hat 16:16).

## 7. Çagaňyzdan jogap bermegini soraň

*Men Şon, Makdauelleriň maşgalasynda ýeke ogul. Men hem ejem bilen kakama kabul etmekligiň, düşünmekligiň, wagt bölüp bermäge taýynlygyň, taryplamak we mähirliligiň esasynda gurlan gatnaşyklarymyz üçin minnetdardyryn. Emma mundan*

*başga-da, men olaryň bize jogapkärligi öwredendiklerine begenýärin.*

*Meniň bir gezek bir hokga çykaranym ýadyma düşýär... Bu başlangyç mekdepde bolupdy. Futbol komandasynda meni halamaýan birnäçe oglanlar bardy. Näme üçindigini bilemok welin, emma olar meni ret edip, özümi pis adam ýaly duýmaga meni mejbur edýärdiler.Bir gezek biziň mugallymamyz hanym Karlson sapak wagtynda meniň "ganym dostlaryma" pugta käýedi.*

*Ol tagta tarapa öwrülende, mende komandamyzdan bolan ýoldaşlarymyň tarapyny tutmak pikiri peýda boldy. Muny edäýsem, olar meni görerler we maňa gowy baha bererler diýip oýlapdym. Şeýdip, men hanym Karlsona orta barmagymy görkezdim. Bu «gahrymançylyk» duýulman galmady.*

*Sapaklar gutaran dessine, komandadan bolan ol iki ýoldaşymyda goşup, ähli synpdaşlarym meni, hamana diýersiň bir meşhur adam ýaly, şatlykly daşymy gabadylar. Bu hakdaky gürrüňler ene-atama ýetende kynçylyklar başlandy.*

*Ejem bilen kakam maňa käýemedi, agşamlyk naharymdan ýa-da süýjüden mahrum etmedi, çagalar otagyna ýollamady. Munuň deregine olar meni ýanynda oturdyp, meniň näme edendigimi we näme üçin edendigimi soraşdyryp başladylar. Bu söhbetiň dowamynda men özümiň mugallymama görä hormatsyzlyk bilen hereket edendigime düşündim.*

*Ýalňyşymy boýun almak aňsat boldy. Emma ene-atamyň aýdanlaryny etmek welin ýok. Olar meniň bütin synpyň öňünde hanym Karlsondan, şol bilen birlikde oglanlardan-da geçirim soramalydygymy aýtdylar. Kakam, eger gerek bolsa, meniň bilen bile mekdebe barjakdygyny teklip etdi. Men özümiň başaryp biljekdigimi aýtdym. Bu kemsidiji tejribe boldy. Şeýle hem bolsa, bu arkaly men özümiň edýän hereketlerime jogap bermelidigimi bildim.*

*Munuň üstesine, bu maňa ýene bir bähbit boldy: futbol komandamyzdaky ýoldaşlarym meniň geçirim soramaklygymyň durmuşlarynda birinji gezek görýän iň edermen hereket bo-*

*landygyny aýtdylar, şeýdip, şondan soň olar meniň hakyky dostlaryma öwrüldiler.*

Öz çagalarymyz bilen gatnaşyklary gurmak üçin biz olara mähirlilik görkezmeli, öwmeli, kabul etmeli, olara wagtymyzy sarp edip, olaryň gyzyklanmalaryna aralaşmalydyrys. Şeýle hem bolsa, eger biz bu ýakyn gatnaşyklaryň kerpiçjagazlaryny şahsy çäkleri goýmak bilen sazlaşdyrmasak, onda çagalarymyz öz üstüne jogapkärçilik almagy öwrenmezler. *Haçan-da biz söýgi bilen öz çagamyzdan onuň eden hereketlerine jogap sorasak, biz oňa jogapkärçilik duýgusyny öwredýäris.*

Hasabat berijilik ýetginjege onuň içinde özüni arkaýyn we howpsuz duýup biljek çäklerini görkezýär. Çagalar özlerine jogapkärçiligi almagy we dogry çözgütleri kabul etmegi öwredip biljek ene-atalaryň we başga-da aladaçyl ulularyň bolmagyna mätäçdirler.

## Gatnaşyklar köp zady özgerdýär

Biziň hiç birimiz-de boş wakumda çözgüt etmegi öwrenýän däldiris. Hudaýyň niýetine laýyklykda, çagalar ýagşyny ýamandan tapawutlandyryp bilmekligi ene-atalary bilen söýgi we ýakyn gatnaşyk şertlerinde öwrenmelidirler. «Nikadan öň jyns gatnaşykdan gaça dur» diýip, ýönekeýje maslahat bermek ýeterlik däldir. Siziň gatnaşyklaryňyz näçe ýakyn bolsa, siziň duýduryşlaryňyz we nesihatlaryňyz hem şonça peýdaly bolar. Kitabyň indiki bölümi gaty möhüm zat — jyns gatnaşygy hakda söhbetdeşlik edip bilmegiňiz üçin gerekli bolan dürli maslahatlary we pikirleri özünde saklaýar. Bu söhbetdeşlikleri biz sizi diňe ýokarda agzalan ýedi kerpiçjagazlaryň esasynda gurlan ýakyn gatnaşyklaryň içinde geçirmeklige çagyrýarys.

# II
# BÖLÜM

# SIZIŇ SÖHBETDEŞLIGIŇIZ ÜÇIN MASLAHATLAR WE PIKIRLER

6

# Siziň çagaňyzyň özüni alyp barşyna kim ýa-da näme täsir edýär?

Biziň eýýam 1-nji bapda ýazyşymyz ýaly, internet sosial ulgamynyň ösendigi sebäpli, häzirki zaman çagalary syçanjygyň bir şyrkyldysy bilen jyns gatnaşyklary baradaky gaty azgyn düşünjeleri alyp bilýärler. Munuň üstesine-de, çagalara «daş-töwerekdäkileriň barynyň muny edýändigi» ynandyrylýar. Köplenç kino we telewideniýe azgynlygy hiç hili erbet netijelersiz göwün açma ýaly suratlandyrýar. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň elýeterligini hasaba alanda, olaryň — siziň çagaňyzyň hereketlerine täsir ediji esasy zat diýip çak etmeklik dogry bolar.

Belki-de, siziň çagaňyzyň özüni alyp barşyna onuň dostlarynyň täsiri köpdür? Deň-duşlaryň basyşy — kuwwatly güýçdür. Ýa-da bolmasa, mümkin, oňa Teýlor Swift, Zak Efron ýaly gahrymanlar — kino ýyldyzlary, sazandalar, türgenler we başga-da meşhurlyklar köp täsir edýändir?

Megerem siz haýran galarsyňyz, ýöne ýigit-gyzlaryň 45%-i ene-atalaryny… göreldäniň nusgasy hasap edýändiklerini milli-onlaýn barlagy görkezdi. Jemgyýetiň howul-hara kabul eden düşünjeleriniň ösen döwründe, ýetginjekleriň diňe 32%-niň maslahat üçin öz dostlaryna ýüz tutýandyklaryny we olaryň baryýogy 15%-niň meşhur adamlardan görelde alýandyklaryny soraglar görkezýär[1].

Hakykatda bolsa, soraglaryň görkezişi ýaly, adamyň ýigrimi bäş ýaşa çenli bolan döwründäki özüni alyp barşyna onuň atasy bilen edýän gatnaşyklary köp täsir edýär[2]. Bu netijeler ene bilen gatnaşygyň wajyplygyny peseltmeýär — olar ýönekeýje atanyň güýçli täsirini suratlandyrýar.

Monrealdaky uniwersitetiň ýanyndaky barlag merkeziniň alymy, doktor Žan-Iw Frappýeniň ýazyşyna görä, «ene-atalar çagalaryna bolan öz roluna we täsirine kembaha garaýana meňzeýärler»[3].

Bu nähili gynançly bolmasa-da, «ene-atalaryň 15%-den azy öz çagalary bilen jyns gatnaşygy baradaky meseleleri ara alyp maslahatlaşýandyklaryny» barlaglar ýüze çykardy[4]. Şeýle ýagdaýda-da, ýetginjekler «ozalkysy ýaly, ene-atalary jyns gatnaşyk meseleleri hakdaky maglumatlaryň ygtybarly we doly çeşmesi hasap edýändiklerini» nygtaýarlar[5]. Ýagny çagalar, hatda mugallymlary hem, ruhy çopanlary we deň-duşlaryny hem goşanyňdaky, beýleki adamlaryň islendik birine görä, öz ene-atalaryna köp ynanýarlar. *Emma* şol bir wagtyň özünde barlaglar «ene-atalaryň öz jogapkärçiliginden ýüz dönderendiklerini, munuň deregine, 1940-njy ýyllardan başlap, amerikan çagalary üçin deň-duşlarynyň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň jyns gatnaşyk baradaky maglumatyň esasy çeşmesi bolup durýandygyny» görkezýär[6].

Şeýle bolsa-da, Floridadaky uniwersitetiň barlag geçirijilerinde biziň üçin hoş habar bar: «Bu hakda biz näme diýmäli, emma ýetginjekleriň köp bölegi öz ene-atalaryna *gulak asýarlar*!»[7].

Indi welin bir zat mese-mälim: *ýetginjekler ene-atalaryna gulak asýarlar.* Wagtal-wagtal bize bu beýle däl ýaly bolup görünmegi mümkindir, emma çagalar bize syn edýärler we bizi diňleýärler. Bir barlagyň netijeleri boýunça, «ýetginjekleriň jyns gatnaşyklardan saklanmagynyň esasy sebäbi — muny ene-atalaryň makullamaýanlygydyr»[8]. Şu zatlaryňyzy göz öňünde tutanda, hut siziň özüňiziň çagaňyz üçin jynsy gatnaşyklar hakdaky

maglumatlaryň çeşmesi bolmalydygyňyz anyk-aýdyň görnüp duran dälmi?

Bir gezek meşhur ruhy çopan bolan Mark Driskoll bilen onuň aýaly Greýs şu hili çynlakaý beýannama etdiler: «Çagalar jyns gatnaşyklar hakda köplenç mekdepde ýa-da ýygnakda bilim alýarlar. Emma çaga bilen jyns gatnaşyklar hakda gürrüň etjek *ilkinji* adam mesihi ene-ata bolmalydyr»[9]. Öý — ine, biziň çagalarymyzyň jyns gatnaşyklar hakda bilmeli bolan iň amatly ýeri. Mukaddes Ýazgy hem hut şuny diýýär: «Diňle, oglum, ataňyň nesihatlaryny, eneňiň öwütlerinden ýüz öwürme» (Süleýmanyň pähimleri 1:8). Elbetde, *Hudaý ene-atalaryň öz çagalarynyň jyns gatnaşygyndaky durmuş meselelerinde-de ilkinji nesihatçylary bolmagyny isleýär*.

Sizde, ene-ata hökmünde, size biçak mätäçlik çekýän çagaňyzyň bilim almagy üçin Hudaý tarapyndan berlen ajaýyp jogapkärçiligiňiz bardyr. Jyns gatnaşyklara sagdyn garaýyş, olar bilen bagly bolan dogry düşünjeler, gymmatlyklar we nesihatlar siziň çagaňyz üçin beýik sowgatlaryň biri bolar. Muny bolsa, oňa diňe siz berip bilmäge ukyplysyňyz.

Ýaşlar ýygnagyň ýa-da mekdep programmalarynyň çäklerinde terbiýe almaly däldirler… Olar maşgalalarda kemala gelmelidirler. Çaga jyns gatnaşygy barada nesihatçydan bir zatlar eşitmezden öň, muny öz enesinden we atasyndan eşitmelidir. Ýene-de ýatda saklamaly zadyňyz: öz çagaňyz bilen jyns gatnaşyklary hakda gürrüň ediň ýa-da etmäň, muny *beýlekiler* hökman ederler, belki-de hut şu wagtyň özünde edýändirler hem.

7

# Siziň çagaňyz jyns gatnaşygy hakda kimden öwrenmek isleýär?

Siz jyns gatnaşyklar baradaky gürrüň juda näzik we çylşyrymly mowzukdyr, şonuň üçin hem bu hakda çagalara ene-atasy bilen däl-de, keseki biri bilen gürrüň edeni aňsadrak bolar diýip pikir etmegiňiz mümkin. Emma bu beýle däl.

Ine, «Genriý J. Kaiser maşgala esaslandyryjy» (The Henry J. Kaiser Family Foundation) näme habar berýär:

*Medisina barlaglary we jemgyýetçilik saglygy goraýyşyň netijeleri bize çagalaryň maglumat, maslahatlar we teklipler üçin başda öz ene-atalaryna ýüz tutýandyklaryny, olaryň diňe ýetginjeklik ýaşyna ýetenden soň, adatça, dostlaryny, köpçülikleýin habar beriş serişdelerini we maşgala üçin keseki bolan adamlary diňläp ugraýandyklaryny aýdýarlar*[1].

Ýetginjeklerde göz öňünde tutulmadyk göwreliligiň öňüni almak boýunça Milli hereketiniň geçiren barlaglarynyň çäklerinde «gatnaşyklaryň irki tapgyrynda ýetginjekleriň köpräk bilim we gönükdirmeleri almagy, ene-atalary we beýleki ulular bilen köpräk maslahatlaşmagy isleýändikleri» kesgitlenildi[2].

Umyt beriji habar, eger ene-atalar öz çagalary bilen ýakyn we mähirli gatnaşyklary näçe ir gursalar, onda çagalar ýetginjeklik döwründe-de, hatda jyns gatnaşygyndaky durmuş meselelerini

alanyňda-da, dostlarynyň, internet wagyz-nesihatynyň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň pikirinden ene-atasynyň pikirine köp bil baglaýandygyndan durýar. Autizm keseliniň kynçylyklaryny öwreniji «Söhbetdeşlik» instituty şeýle belleýär: «Ýigitlerdir gyzlaryň köpüsi jynsy gatnaşyklar baradaky maglumatlaryň esasy çeşmesiniň olaryň hossarlarynyň — ene-atalaryň bolmagyny hemmelerden artyk görýärler»[3].

Bir sany amerikan demografik barlagynyň maglumatlaryna görä, ýetginjekleriň 67%-i ene-atalaryň pikirine bil baglamaga taýýardyrlar. Olar ýetginjeklerde göz öňünde tutulmadyk göwreliligiň öňüni almak boýunça Milli hereketiniň soragçylaryna jyns gatnaşyklar barada köpräk maslahatlary öz ene-atalaryndan almagy isleýändiklerini aýdypdyrlar[4].

«ABS täzelikleri» gepleşikleri goýberiji korporasiýasynyň ýakynda anyklanyna görä, «haçanda gürrüň jyns gatnaşyklary we olar bilen baglanyşykly hereketler barada gidende, ýetginjekler öz ene-atalarynyň pikirlerini aýratyn möhüm hasap edýärler»[5]. Siziň çagaňyz jyns gatnaşygyndaky durmuş barada sizden bilmegi artyk görýär. Hudaý size öz çagaňyzyň jyns gatnaşyklar baradaky pikirlerini emele getirmekligiň hormatly hak-hukugyny we mümkinçiligini beripdir.

8

# Öz çagaňyz bilen jyns gatnaşygy hakda gürrüň etmegiň näme geregi bar?

Siziň çagaňyz iru-giç özüniň jynsy tebigatynyň änigine-şänigine çenli biler, şonuň üçin-de, mesele onuň bu hakda biljekdiginde däl — mesele, ol muny nädip we haýsy ýagdaýlarda biljekdigindedir. Sizde öz çagaňyza jyns gatnaşygy barada sagdyn düşünje berip bilmek mümkinçiligiňiz bar, ýogsam ol, ähtimal, bu hakda ýoýulan düşünjäni alar.

Täsirli terbiýeleýiş Merkeziniň barlagçylary şeýle netijä geldiler:

> *Öz çagalary bilen jyns gatnaşygy hakda gürrüň etmekden gaçýan ene-atalar olara aýy dostlugyny edýärler. Beýle ýagdaýda çagalar jyns gatnaşyklaryny bir erbet zat hasap etmekleri mümkin, bu bolsa, olaryň bütin durmuşyna täsir etmegi mümkin. Olar maglumaty başga ýerden gözläp ugrarlar, bu maglumat doly däl ýa-da ýalan maglumat bolup çykmagy-da mümkin[1].*

Ýazyjylar Robert Kruks we Karla Baur ene-atalaryň öz çagalarynyň jyns gatnaşygy babatdaky bilimliligine işjeň gatnaşanlarynda, onda «çagalaryň we ýetginjekleriň jyns gatnaşyklar baradaky (köplenç ýalňyş bolýan) maglumat üçin öz deň-duşla-

ryna ýüz tutmak arkaly duş gelip biljek zyýanyny iň pes derejä ýetirýändiklerini» belleýärler[2].

Bu hakykatdyr: ene-atalary bilen jyns gatnaşyklary barada açykdan-açyk gürrüň edip, olary ünsli diňleýän çagalaryň geljekde jyns gatnaşygyndaky durmuşda töwekgelçilige ýüz urmak ähtimallygy pesdir. Şonuň üçin mesele şundadyr: siziň çagalaryňyz jyns gatnaşyklar baradaky hakyky maglumaty sizden alarmy ýa-da ýalany ýene kimdir birinden.

Ýogsa-da, siz jyns gatnaşyklar hakda hatda dyman ýagdaýyňyzda-da, bu hakda öz çagaňyza köp zatlary gürrüň berýärsiňiz. Sözleriňizden başga-da, ol siziň bedeniňiziň diýýän zatlaryny, durmuşa garaýşyňyzy, başga adamlar bilen edýän gatnaşyklaryňyzy, çagalaryňyzyň dostlary hakdaky edýän teswirleriňizi, siziň telewizorda görýän zatlaryňyzy ýa-da internetden saýlaýan zatlaryňyzy özüne siňdirýär, şeýdip, bularyň bary onuň üçin bilim çeşmesine öwrülýär.

Ýaşlar boýunça iş hünärmeni Meggi Rut Boýer bu pikiri anyk beýan edýär:

> *Siz öz gyzlaryňyza we ogullaryňyza özüňiziň ýaşaýyş usulyňyz bilen, gatnaşyk täriňiz bilen, adamlara berýän bahalaryňyz we olara galtaşmak ýollaryňyz bilen gatnaşyklar we jynsy hereketler barada mydama gürrüň berýärsiňiz. Şeýlelik bilen, hatda sözler aýdylmadyk ýagdaýda-da, gürrüň barybir amala aşyrylýar. Şeýle hem, özüňiziň yşaratlaryňyza we mähirliligi ýüze çykarmak ukyplaryňyza-da kem baha bermek bolmaz*[3].

Şunlukda, çagalar bilen jyns gatnaşyklar barada gürrüň edilmedik ýagdaýda-da, olar barybir sizi «eşiderler», sebäbi siziň teniňiziň diýýänleri we özüňizi alyp barşyňyz kämahallar siziň sözleriňizden «gaty» gürleýärler.

Ýakynda men (Joş) Torontoda «Mesihiň ýaşlary» («Youth for Christ») guramasynyň şahamçasynda kyrk ýyllap işlän Pol Robertson bilen söhbetdeş boldum. Ol maňa köplenç ýaşlaryň

ýakynlyk barada öz ene-atasynyň olar hakda pikir edişinden ep-esli köp bilýändiklerini aýtdy. Jyns gatnaşyklary baradaky gürrüňler — olaryň durmuşynyň bir bölegidir, gaýtam bu olaryň ene-atalarynyň döwürdeşlerinde bolşundan beter gündelik durmuşa öwrülendir. Pol çagalaryň jyns gatnaşygy bardaky gürrüňlere olar bilen gürrüň etjek bolýan ene-atalaryndan has arkaýyn garaýandyklaryny aýtdy.

Köplenç ene-atalar: «Jyns gatnaşygy mowzugyny çaga bilen gürrüň etmeklik şeýle bir kyn!…» diýip zeýrenýärler. Men hem dessine olara jogap gaýtarýan: «Şeýlemi, siz şeýle hasap edýäňizmi? Maňa ynanaýyň, bu iş “Eje, men göwreli” ýa-da “Mende AIDS tapyldy” diýlen jümleler bilen deňeşdireniňde hiç zat. Ine, bu *hakykatdan* gürrüň etmesi kyn mowzukdyr!» Iň gowusy, soňrak has beter kyn mowzuklara sataşmazdan, çaga entek ýaşka, onuň bilen kyn gürrüňi etmekdir.

9

# Eýsem-de, jyns gatnaşygy baradaky gürrüňler çagalary ony tejribe edip görmäge iteklemeýärmi?

Çaga bilen jyns hereketlerini gürrüň edenden soň, ony tejribe edip görmäge iteklär diýip howatyrlanmaklyk adaty zatdyr. Emma barlaglar we biziň öz tejribämiz munuň tersini subut edýärler.

Ýakynda geçirilen soragnamalara laýyklykda, «doly habarly bolup, ene-atalary bilen jyns gatnaşyklary hakda aňsat gürrüň edip bilýän çagalar jyns ýakynlygyna girişmäge howlukmazlyga ep-esli köp ýykgyn edýärler»[1]. Bu netijäniň üstüne «Ýetginjekler žurnaly» şeýle goşýar: «Ene-atalary jyns hereketleriniň çäklerini we düzgünlerini ara alyp maslahatlaşan ýetginjekler ene-atalary bu işi etmedik öz deň-duşlaryndan ep-esli köp özüni saklamaklyga höweslidirler»[2].

Köp ene-atalar jyns gatnaşygy baradaky gürrüňler muny edip görmäge höwes döredýär diýip pikir edýärler, emma siz, öz pikiriňizçe, çagaňyzyň muňa «taýyn» bolan wagtyna çenli maglumaty «gizläp» saklamaklyk bilen, onuň bu hakda özbaşdak öwrenmeklik, bu hakda az bilýän ýa-da siziň gymmatlyklaryňyzdan başga gymmatlyklara eýerýän adamlardan öwrenmeklik ähtimallygyny ýokarlandyrýarsyňyz, şeýdip ol ýoýulan maglumatlary hakykat deregine kabul eder[3].

«Biziň çagalarymyz üçin kampaniýa» («Campaign for Our Children») guramasynyň geçiren barlaglarynyň görkezişi ýaly, «eger ene-atalar jynsy gatnaşyklar barada hakykaty aýdýan bolsalar, onda olaryň çagalary…

- ýetginjeklik döwründe jyns gatnaşyklaryna başlamaga az höwesli bolýarlar,
- ýetginjeklik döwründe seýrek göwreli ýa-da seýrek ata bolýarlar,
- öz durmuşynyň beýleki wajyp meselelerini ene-atalary bilen köp gürrüň edýärler»[4].

Öz çagaňyz bilen dogruçyl, aladaçyl we açyk bolmaklygy, şol bir sanda jyns duýgurlyk meselelerinde-de, boldugyça ir çözgüde geliň. Beýle etmek bilen siz ony jyns azgynlyga iteklemersiňiz — tersine, siz ony munda bökdärsiňiz.

10

# Jyns gatnaşygy barada gürrüň etmegiň «wagty» näçe ýaşdaka?

Size öz çagaňyz bilen jyns gatnaşygy durmuşyň gürrüňine haçan başlamak bolar? Mümkin, siz muny gaty ir etmekden ýa-da «öte geçmekden» gorkýansyňyz? Beýleki tarapdan, gijä galmaklyk hem, «duzuny kem etmeklik» hem gorkunçly. Şunlukda, jyns gatnaşyklaryň gürrüňini etmegiň «edil wagty» haýsy ýaşdaka?

Ýetginjekler bilen ussatlarça işleýän doktor Margaret Steýjer bu soraga şeýle jogap berýär:

> *Özümiziň nähili jemgyýetde ýaşaýandygymyzy göz öňünde tutanymyzda, bu döwürde açykdan-açyk gürrüňi etmekden gaçmaklyk, biziň günlerimizde seýrek duş gelýän, howlugyp, çaga maglumatyň gaty köp göwrümini bermekden gaty howpludyr. Eger çagalar siziň garaýyşlaryňyzy, gymmatlyklaryňyzy we siziň garaşýan zatlaryňyzy bilmeseler, onda olara mundan-da köp howp abanar… Çagalaryň mekdepde ýa-da oýun meýdançasynda alyşýan maglumatlaryny ene-atalar öz gözegçiliginde saklamaga ukyply däldirler, çagalar bolsa jyns gatnaşyklary barada gepleşýärler. Çagalaryň arakesmelerde ýa-da puly tölenen mekdep sapaklarynda jyns gatnaşyklary barada dogry düşünje alar diýip garaşmak paýhasly däldir*[1-]

Şeýdip, biziň döwrümizde «gyssanmak» başardýan adam azdyr, gaýtam kynçylyk köp halatlarda gijä galmaklyk bilen bagly bolýar. Maşgalalarda sorag geçirmekligiň biri «ene-atalaryň howpsuz jyns gatnaşygynyň gürrüňini etmezinden öň, ýetginjekleriň 40%-niň eýýäm jyns gatnaşyklaryny edendigini» görkezdi[2].

Häzirki zaman dünýewi medeniýetiniň şertlerinde biziň çagalarymyz jyns gatnaşygyny we oňa degişli bolan özüňi alyp baryş ýollaryny gaty ir bilýärler, şonuň üçin siz bu hakda ilkinji bolup gürrüň bermäge we ony-da gerekli tärde amala aşyrmaga dyrjaşmalysyňyz. Gynansak-da, onuň bilen bu mowzukda gürrüňe başlamazdan öň, çagaňyzyň haýsy derejede «bilimlidigini» bilmekligiň başga usuly ýok.

Akrondaky çagalar keselhanasynyň çagalar we ýetginjekler psihiatry doktor Laura Pokeriň çak edişine görä, «jyns gatnaşygy baradaky bilimi bermeklik çaganyň doglan gününden başlanmalydyr. Çagalary bedeniň ähli beýleki agzalaryny edişimiz ýaly, jyns agzalarynyň adyny hem dogry tutmaklygy öwretmelidiris. Bu olaryň zerurlygy ýüze çykanda, geljekki söhbetdeşlikler üçin tutaryk bolar»[3]. Emma wakalary tizleşdirmegiň hem geregi ýok: çagany jikme-jiklikler bilen gömüp taşlamak hökman däl — olaryň beren soragyna jogap bermek ýeterlikdir. Goşmaça maglumat gerek bolanda, siz bu hakda bilersiňiz: ähtimal, siziň ogluňyzyň ýa-da gyzyňyzyň özi bu hakda agyz açar.

Bilimsizlik howpludyr, ol zyýan ýetirip biler, şol bir wagtda ene-atanyň söýgüsi bilen utgaşan bilimlilik siziň çagaňyza jyns gatnaşygynyň Hudaýyň niýetiniň bir bölegidigine düşünmäge kömek eder.

Tejribede tassyklanan ýönekeýje düzgün şeýle diýýär: eger çagalar entek ýaş wagty olar bilen gürrüň edilse, onda olar ulalanda hem gürrüň etmeklik ýeňil bolar. Munuň ters tassyklamasy hem dogrudyr. Pedagog we dilewar Sýu Simonson bu hakda şeýle ýazýar: «Eger biz iki we üç ýaşly çagalaryň soraglaryna jogap bermesek, onda olar on iki we on üç ýaşyna baranda olary ber-

mesini goýar»[4]. Eger ýetginjeklik ýaşyna ýetmäge garaşylsa, has dogrusy, siziň ikiňize-de jyns gatnaşygy barada gürrüň etmeklik gaty oňaýsyz bolar.

Özi-de ata bolan Waşingtonly pedagog Joýs Kilmer şeýle diýýär: «Iň gowy ýagdaý — çagalar entek utanardan gaty ýaşka, olar bilen jyns gatnaşygy barada gürrüň etmekdir…Şeýle edilende size-de ýeňil bolar, çaga-da dört, bäş, alty ýaşlarynda maglumaty özüne arkaýyn kabul eder. Onuň çagalar meýdançasynda kesekileriň kikirdemelerini eşitmekden doýup geçiren birnäçe ýyllaryndan soň, eýýäm gaty giç bolmagy mümkin»[5].

Eger siz dogruçyl bolup, olaryň akyl ýetirme derejesine laýyklykda öz çagalaryňyz bilen jyns gatnaşyk mowzugyny gürrüň edýän bolsaňyz, *siz* olaryň gözünde hemişe ýüz tutup bolaýjak hünärmene öwrülersiňiz. Ulalanda bolsa, olar size ynanarlar we sizi diňlärler. Elbetde, öz çagaňyň jyns gatnaşyklary baradaky «ýeke-täk bilim ýaýradyjysy» bolmak mümkin däl, emma siz onuň durmuşynda maglumatyň ilkinji, esasy we juda möhüm çeşmesi bolup bilersiňiz we bolmalysyňyzam.

Indi özi-de mekdebe çenli bolan çagalaryny terbiýeleýän gyzymyz Keti, özüniň tejribesinden paýlaşýar: «Siz jyns gatnaşygy barada näçe ir açyk we sada gürrüň etseňiz, size soňrak, çagalaryňyzda has çynlakaý soraglary ýüze çykyp başlanda, açyk gürleşmek şonça-da ýeňil bolar».

Biziň (ýakynda ýigrimi alty ýaşy dolan) kiçi gyzymyz Hizer gürrüň berýär: «Ene-atamyň meniň bilen haçan ilkinji gezek jyns gatnaşyklary barada gürrüň edenini aýtmagym kyn: hemmeler özüni oňaýsyz duýup, mundan ullakan waka döredilýän köp maşgalalardan tapawutlylykda, meniň ýadyma düşüşine görä, biz bu mowzukda gaty köp gürrüň edýärdik».

## Ýaşyna däl-de, gyzyklanyş derejesine üns beriň.

Ýaş çagalar öz uly doganlaryna seredeniňde, göni jogaplara we has irki gürrüňlere mätäçdirler. Bu näme üçin şeýle? Ýaş

çagalar öz uly doganlaryndan, olaryň dostlaryndan, hatda siziň özüňizden hem, uly çagalaryňyz bilen söhbetdeşlik edýärkäňiz, bu gürrüňleri ir eşidip başlaýarlar. Şonuň üçin hem, bu mowzugy gürrüň etmek üçin laýyk gelýän wagt olaryň ýaşyna seredip däl-de, her bir belli ýagdaýda maglumatyň olara elýeterligine seredilip bellenilýär.

Öz ene-atalyk duýgurlygyňyza eýeräýiň. Galyberse-de, çagaňyzy sizden gowy bilýän adam ýok. Ýeri gelende aýtsam, men-ä (Joş) bu meselede Dottiniň paýhasly sesine ünsli gulak asmalydygyna düşündim. Biz öz çagamyzyň her biriniň bu gürrüňe taýynlygyny, onuň nämäni we haçan bilmelidigini öňünden maslahatlaşýardyk. Dotti maňa has açyk bolmaga, dogruçyl we duýgur bolmaga kömek etdi. *Islendik* çaga belli maglumatlary ýetirmegiň belli bir wagty ýokdur. Bu taýda syr başga zatda — duş gelýän mümkinçilikleri günde ulanyp bilmeklikdedir.

Jyns gatnaşygy barada özüňize oňaýly bolan usulda gürrüň ediň. Çagalar dürli-dürlidir.Ýatda saklaň: olaryň üstüni jikme-jiklikler bilen gömüp taşlamagyň geregi ýokdur. Habary ýuwaş-ýuwaşdan, her gürrüňi indiki boljak gürrüňe esas bolar ýaly edip, belli döwrüň dowamynda ýetirmek gowudyr. Her edilen gürrüň bilen siz çagaňyzyň öz jyns duýgularyna dogry düşünip bilmegi üçin bir ädim öňe ilerleýäňiz.

Ine, biz size ýatda saklamagy maslahat berýän iki sany pikirimiz:

1. Entek çaga «gaty kän we gaty ir» gürrüň bermegi başaran adam azdyr — köplenç «gaty az we gaty giç» bolup çykýar.
2. Siz köp ene-atalaryň pikir edişinden örän açyk we gaty dogruçyl bolmalysyňyz. Mysal üçin, üç ýaşyndaky çaga ähli aýdylýanlara göni düşünýär, şonuň üçin «ejeňiň garnynda çaga bar» diýlende, göni: «Näme üçin ejem çagany

ýuwutdy?» diýen sorag bilen jogap gaýtaraýýar. Onuň bar düşünen zady «ejesiniň garnynda nahar bilen bilelikde çaga hem bar» bolar. Bu ýagdaýda çaga üçin ýönekeýje dogruçyl jogap ýeterlik bolar.

Çagalaryň nähili pikir edişi barada «Çagalary sagdyn gorap saklamak» («Keeping Kids Healthy») programmasynyň çäklerinde ajaýyp dogry baha berlen syn çap edildi:

*Iki ýaşdan bäş ýaşa çenli:*

- Bu ýaşdaky çagalaryň, adatça, öz tenine gyzyklanma döredip, çagalaryň nireden peýda bolýandyklarynyň pikirini hem edip biljekdiklerini nazarda tutuň.
- Olara gysga jogaplaryň gerek bolýandygyny ýatda saklaň. Köp maglumat bermekligiň geregi ýok — hemme zada düşünmäge entek juda ýaş bolan çagajyklary aljyraňňylyga salar.
- Bedeniň agzalarynyň dogry atlaryny ulanyň.
- Çagalaryňyzyň size bolan ynamyny ýokary tutuň, olaryň bilime bolan ymtylyşyna hormat goýuň.
- Hemişe olaryň başga soragynyň ýokdugyny anyklap duruň[6].

*Bäş ýaşdan sekiz ýaşa çenli:*

- Bu ýaşda ene-ata bolýan zady gysgaça suratlandyryp berip biler: «Haçanda uly adamlaryň ikisi maşgala gursa, olar biri-birini söýýän bolsa, biri-birine wepaly bolsa, onda olara biri-birini gujaklamak, ogşamak ýakymly bolýar, şeýle hem äri öz ujudyny aýalynyň jynshanasyna girizende, olara ýakymly bolýar». Eger bu sözlerden soň çaga «öwüf!» diýip goýberse-de, hiç hili erbet zat bolmaz. Bu kadaly.
- Hemişe onda başga soragynyň galmanyny anyklamak möhümdir.

Nika we maşgala meseleleriniň maslahtçysy doktor Kori Allen şeýle ýazýar: «Jyns gatnaşygy barada gürrüň bereniňizde öz çagaňyzyň ýaşyny we onuň taýynlyk derejesini göz öňünde tutuň. Dört ýaşyndaky körpä jyns hereketleriniň ähli jikme-jiklikleri bilmek gerek däldir, emma siz geljegiň gowy düýbüni tutup bilersiňiz... Çaganyň düşünip bilmedik maglumatynyň köp bölegi soňa goýlup, indiki gürrüňlerde özleşdirilýär. Şeýle-de her bir zady synçgap durmagyň geregi ýok, ýöne geljek soraglara taýyn boluň»[7]. Esasy zat — köşeşiň. Siziň bedeniňiz sözleri köp zady aýdýar. Çagaňyz siziň rahat we özüňize ynamlydygyňyzy gaty gowy duýýar. Seýle bolanda, ol gozgalan bu mowzuga wagtal-wagtal dolanyp geler.

Ýatda saklaň: çagaňyzyň ýaşy näçe bolsa-da, Hudaýyň ajaýyp sylagy bolan jyns duýgulary hakda gürrüň etmeklik hemişe ýerliklidir. Ol kiçijikkä gürrüň bermäge başlaň, şonda siz onuň bilen geljekdäki ynamdar gatnaşyklaryň düýbüni tutarsyňyz.

11

# «ÇYNLAKAÝ GÜRRÜŇE» HYÝALLANMAK BOLARMYKA?

Kimdir biri meni egnimden tutdy:

— Jenap Makdauell, eden çykyşyňyz üçin köp sag boluň. Şu çaka çenli men muňa meňzeş zady eşitmändim.— Men ýaňyja «Aýdyň faktlar» diýen kitap boýunça seminary geçirip gutarypdym, diňleýjileriň biri bolan bu aýal «eşidenlerini durmuşda ulanjakdygyny» maňa aýtmak isläp, şeýle diýdi: «Oglumyz bilen çynlakaý gürrüň etmegini men hökman ärimden haýyş ederin».

Meniň sesimiň gaty aladaly çykmajakdygyna umyt bilen, men anyklamak isledim:

— Siziň ogluňyz näçe ýaşynda?

— On üç,— diýip, aýal aýtdy.

Maňa özümiň geň galmamy gizlemek üçin uly güýç gerek boldy.

— Siz şu wagta çenli onuň bilen jyns gatnaşyk meselelerini bir gezegem gürrüň etmänmidiňiz? — diýip, men soradym.

Ol şeýle diýdi:

— Aý, hawa… Hiç ýagdaý döremändi-dä.

«Çynlakaý gürrüňiň» wagty bireýýäm geçipdir, ýöne ol asla gelmeläm däldi! Hawa, «Maşgala meseleleriniň žurnalynda» şeýle habar berilýär: «Ýetginjekleriň diňe ýarysy geçen ýylda jyns gatnaşygy hakda eneleriniň bir gezek “çynlakaý gürrüň”

edendiklerini, olaryň diňe üçden biri bolsa, öz atasy bilen bolan "çynlakaý gürrüňi" ýatlap bilýärler»[1].

Haçanda jyns meselelerinde aň-düşünje bermeklige gezek gelende, bu hili bir sany «gürrüň» bilen oňup bolmaz, tersine, bu wagtyň dowamynda ýaýbaňlanýan işdir, şonuň üçin maglumaty uly bolmadyk paýlara bölüp bermeklik ýagşy bolar. Duş gelýän mümkinçilikleri geçirip goýbermezlige we soraglary peýda bolduklaryça gürrüň etmäge dyrjaşyň. Köplenç çagalar uzyn öwüt-nesihatlary kabul etmäge ukypsyz bolýarlar. «Çynlakaý gürrüň» çaganyň kellesinden ýönekeýje çykyp gitmegi mümkin — ähtimal, şeýle-de bolar.

Bilýäňizmi, çagalara jyns gatnaşygy barada nädip gürrüň berilse gowy bolar? Bu taýda otuz sekunt, o taýda bir minut, ýene on sekunt bu ýerde, iki minut kyrk bäş sekunt ol ýerde — şeýdip, näçe ir başlansa we şuňa meňzeş edilse gowy bolar. Bir mowzuk ýüze çykdymy — onuň gürrüňini ediň-de, indiki gezege çenli ünsüňizi sowuň. Peşeden pil ýasamak gerek däl. Biziň maşgalamyzdaky çagalar bilen eden jyns gatnaşygy hakyndaky gürrüňlerimiziň ýarysyna golaýy iki minutdan artyk bolmaýardy.

Adatça, jyns gatnaşyk mowzugy çagalarda ýuwaş-ýuwaşdan, tapgyrlaýyn gyzyklanma döredip ugraýar. Olaryň ähli zady we derrew gürrüň bermegi talap edýän pursady juda seýrek duş gelýär. Olara maglumaty hemişe edilýän gürrüňiň dowamynda, ulaldygy saýyn özleşdirmek ýeňil bolýar. Şeýle bolsa-da, soraglaryň iň oňaýsyz ýerde we iň oňaýsyz wagtda ýüze çykmagyna-da taýyn boluň.

«Men näçe güýçli dyrjaşsam-da,— oglumyz Şon gürrüň berýär,— ene-atamyz bilen eden jyns gatnaşyklary baradaky ilkinji gürrüňimizi ýadyma düşürip bilmeýärin. Bar iş biziň öýümizde hemme zadyň adaty ýagdaýda bolup geçýänligindedir. Biz bu hakda hemme wagt gürrüň etdik diýmerin, emma welin soraglarymyz nahar wagtynda ýüze çyksa-da, ulagda barýarkak ýa-da

ukudan öň peýda bolsa-da, ene-atamyz olara ýönekýje jogap bererdiler. Bu adaty gepleşigiň bir bölegi ýaly kabul edilýärdi. Şeýdip, meniň durmuşymda hiç hili "çynlakaý gürrüň" bolmandy».

FamilyFire.com saýtyny sazlaýjy Deb Koster jyns gatnaşygy mowzugyna bolan sagdyn çemeleşmäniň manysyny şeýle jemledi:

> *Biziň maşgalamyzda bu mowzukda (jyns gatnaşygy hakda) çagalar bilen olaryň entek kiçi wagtynda, asuda we rahat ýagdaýda gürrüň edilýärdi, şonuň üçin «çynlakaý uly gürrüň» zerurlygy hatda ýüze-de çykmady.Ýagny biz, olaryň biziň ýanymyza islendik sorag bilen arkaýyn gelip, oňa doly jogaby alyp beleri ýaly ýagdaýy döretdik[2].*

Mukaddes Kitapda Hudaýyň hakykatlaryny çaga ýetirmegiň iň peýdaly usuly görkezilipdir: «Bulary çagalaryňa hem öwret, öýde-de, ýolda-da, ýatanyňda-turanyňda-da şular hakda söz sözlegin» (Kanun taglymaty 6:7). Hatda ene-atalaryň we mugallymlaryň Milli birleşmesi-de Mukaddes Kitabyň bu usuly bilen razylaşýar: «Adatça, çagalaryň maglumaty azajyk bölekler bilen wagtyň her belli bir aralygynda kabul etmäge ukyply bolýandyklary sebäpli, belli bir mowzuk hakynda olaryň ahli bilmeli zadyny bir gezekde olara öwretmek mümkin däl»[3].

Jon Hopkins uniwersitetiniň ýanyndaky Maýkl Blumbergiň jemgyýetçilik saglygy goraýyş mekdebiniň «Ýetginjekleriň sagdyn kämilleşmegi üçin gollanma» kitabynda çagalara öwüt-nesihat bermekligiň şu aşakdaky esasy ýollary teklip edilipdir:

1. Çagalaryňyz bilen mydama söhbetdeşlikde boluň.
2. Kiçi çagalaryňyz bilen maglumaty ýuwaş-ýuwaşdan we ony kiçi böleklere bölüp paýlaşyň.
3. Düşünmesi kyn zady düşündirjek bolup, azara galmaň. Mysal üçin: «Eje, çagalar garyndan nädip çykýar?» diýen soraga, «Çaga ejeňiň bedenindäki jynshana diýlip atlan-

dyrylan çykalgadan daşaryk çykýar» diýen ýaly, gysgajyk, ýönekeýje, emma anyk we dogruçyl jogaby bermek ýeterlik bolar.

4. Çagalar ulaldygy saýyn has aç-açan we jikme-jik düşündirişleri kabul etmäge ukyply bolarlar.
5. Köpçülikde berlen soraglara haýal etmän, emma mylaýym jogaplar gerekdir. Mysal üçin: «Ine-de, siz sekiz ýaşyndaky gyzyňyz bilen adamlardan doly kafede mazaly işdäaçar iýýärsiňiz. Birdenkä ol sizden gaty ses bilen soraýar: "Eje, oral jyns gatnaşygy näme?", siz bolsa, şugundyr ýaly bolup ýa-da ondan-da beter gyzaryp galýarsyňyz»[4].

Şeýle ýagdaýda «sem bol-da, işdä açaryňy iý» diýen sözler bilen gutulmak bolmaz. Ilki bilen dowla düşmejek boluň, gaty geň galmaň. Esasy zat gürrüňden gaçmazlyk. Munuň deregine derrew jogap beriň, ýa-da rahatlyk bilen şeýle diýiň: «Mähribanym, kakaň (ejeň) bu hakda gürrüň berer, ýöne nahardan soň». Soňundan bolsa beren sözüňizi ýerine ýetirmegi unutmaň.

Meniň (Dottiniň) öz gyzlarymy-da goşup, ýaş eneler bilen paýlaşýan pikirlerimiň biri-de şeýleräk: siz çagaňyz bilen öz ynamyňyz baradaky gürrüňi ýörite bir «amatly ýagdaýa» çenli soňa süýşürip goýmarsyňyz-a? Siz her bir amatly ýagdaý ýüze çykanda, oňa Mukaddes Kitap hakda, Hudaý hakda mylakatly we söýgi bilen gürrüň berýäňiz ahyry? Jyns gatnaşygy mowzugy-da edil şeýle. Bir gezeklik «çynlakaý gürrüňiň» sizi hemişelik çaga sorag-ideglerinden dyndyrar öýdüp, umyt etmek bolmaz. Jyns gatnaşygy — bu ir, ýygy-ýygydan, uly sabyr bilen, akyldarlyk, söýgi bilen, käwagtlarda bolsa, hatda degişme bilen-de seredilmeli mowzukdyr. Şonuň üçin rahatlanyň-da, esasy sözleri ýadyňyzda saklaň: *ir, ýygy-ýygydan we dogruçyl.*

12

# Eger siz öz çagaňyz bilen jyns gatnaşygy barada gürrüň etmeseňiz näme bolar?

Iki söz bilen aýdanda: eger siz öz çagaňyz bilen jyns gatnaşygy barada gürrüň etmeseňiz, onda muny başga biri eder. Nähili-de bolsa, ol hökman ýa dogry maglumaty sizden ýa-da ýalan maglumaty başga çeşmelerden alar. Netijeleri gynançly, kämahal bolsa heläkçilikli-de bolup biler.

Ýazyjy we ruhy çopan Jek Uellmanyň taryhyny diňläp göreliň.

*Men öz kakamy tanamaýardym. Men uzak wagtlap daýzamlarda ýaşadym, ol bolsa meniň bilen hiç haçan jyns gatnaşyklary barada gürrüň etmedi. Şonuň üçin meniň «öwüt-nesihatçylarym» çaga meýdançasyndaky dostlarym we ýoldaşlarymdy (ýa-da ýönekeýje köçedi).*

*Meniň öwrenen zatlarymyň hiç biri-de hakykata dahylly däl bolarly. Ýadyma düşýär, birinji synpda maňa gyzlar opüşikden göwreli bolýarlar diýip aýdypdylar. Şondan soň meniň öpüşmäge däl, hatda gyzlara degmäge-de gorkandygymy aýtmagyň geregi barmyka? Men şeýle bir sowatsyzdym, hatda meni daýzam her gezek ogşanda meni gorky basardy!*

*Şonuň üçin, gowusy çagalaryňyz bilen çekinmezden, uzaga çekmezden gürrüň ediň: olar barybir jyns gatnaşygy hakda bilerler.*

*Ähtimal, bu ýalan maglumat bolar. Çagalaryňyz siziň ýanyňyza islendik sorag bilen birjikde çekinmezden ýa-da gorkmazdan gelip biler ýaly ýagdaýy düzediň. Bu islendik zat hakda, aýratyn hem jyns gatnaşygyndaky durmuş hakda gürrüň etmek üçin iň gowy şertlerdir*[1].

Hudaý size çagaňyza jyns gatnaşyklary hakda mähirli maşgala şertlerinde gürrüň bermäge, şeýdip, Jekiň kellesindäki ýaly bulam-bujarlykdan ony saklap bilmäge mümkinçilik berdi. Ýöne eger siz bu jogapkärçilikden boýun towlasaňyz, onda ol başga çeşmelere ýüz tutar. Meselem, oňa bäş milliondan gowrak pornografik saýtlary teklip etjek Internete ýüzlener. Biziň 1-nji bapda aýdyşymyz ýaly, pornografiki saýtlar jyns gatnaşyklaryň ýoýulan düşünjelerini berýärler, ahlak baradaky düşünjelerde hem hut şeýledir. Ýene-de, olar özüne baglylygy emele getirýär.

Bu näçe heläkleýji bolsa-da, käbir ene-atalar pornografiýanyň zyýanyny boýun almaýarlar ýa-da muňa şübhe bilen seredýärler. «Bu ýerde näme erbet zat bar?» — diýip, olar soraýarlar. Ýakynda bir mesihi adam pornografiýanyň howpy baradaky duýduryşa Twitterde maňa (Joşa) ýazdy: «Eýsem-de, eger biz öz çagalarymyza Mesihiň Hoş Habaryny ynanar ýaly edip ýetirip biläýsek, onda olaryň nämä tomaşa edýänliginiň ähmiýeti bolarmy näme? Siz näme üçin bu derejede Internetden gorkýarsyňyz?»

Köp barlagçylar pornografiýanyň adama bolan täsiriniň ýaramaz netijeleri hakda şaýatlyk edýärler. «Pornografiýa babatda näme uly mesele bar?» atly kitabyň awtory doktor Jill Menning 2005-nji ýylda ABŞ-nyň senatynyň kömekçi komitetiniň öňünde pornografiýanyň zyýany hakda çykyş edip, onda pornografiýanyň çagalara we ýetginjeklere göni täsiriniň barlaglar bilen tassyklanan köpsanly erbet netijelerini agzap geçdi. Olaryň arasynda şular bardy:

- uzak möhletleýin ters ýa-da emosional şikes ýetiriji täsirler;
- jyns gatnaşygyndaky durmuşa ir başlamak;

- jyns gatnaşyklary barada erkiňe goýmaýan pikirleriň ýokary derejede döremek howpy (jynsy meýillere baglylyk);
- jyns gatnaşygy barada ýalan düşünjeleri almagyň ýokary howpy;
- başga bir adama egoistik jyns kanagatlanma almagyň serişdeşi hökmündäki gatnaşyk[2].

Sanap geçilen erbet täsirler bir gezeklik ýa-da wagtal-wagtal pornografiýa ýüz tutmakda bolup biler. Häzirki döwrüň çagalaryna elýeterli bolan aç-açan azgyn maglumatlaryň ägirt uly möçberi çynlakaý howp bolup durýar. Artyk jyns gatnaşyk tolgunmalary, adatça, ýaşlaryň duýgurlygyny peseldýär. Olar jyns gatnaşygynyň Mukaddes Kitap boýunça dogry niýetini we onuň bilen baglanyşykly bolan ahlak düzgünlerini özleşdirmezden töwerekdäkileriň bu meselede hiç haçan hiç bir zatdan boýun towlamaýandygyna ynanyp ugraýarlar. Elbetde, bu hili pikirleri olara kiber giňişligiň berýändigine şübhe ýokdur.

Biz çagalarymyzyň gözlerine we gulaklaryna iru-giç ýetip barjak ähli ýalandan we azgyn düşünjelerden olary gorap saklamaga ukyply däldiris. Emma biz çagalar bilen jyns gatnaşygy barada, onuň Hudaý tarapyndan näme niýetde döredilendigi barada ilkinji bolup gürrüň etsek, onda bu olary jyns gatnaşygy meselelerindäki ýalan maglumatyň, pornografiýa önümlerine ýüz tutmaklygyň we jyns azgynlygynyň heläkleýji täsirinden gorar.

13

# Birden jyns gatnaşyk mowzugy meniň çagamda çakdanaşa bilesigelijiligi oýaraýsa näme?

Çagalar tebigaty boýunça bilesigelijidirler — käbiri köpräk, käbiri bolsa azrak. Hawa, jyns gatnaşygy mowzugynda-da nähilidir bir özüne çekiji, syrly, tolgundyryjy zat bar, ol biziň her birimizde bilesigelijiligi oýarýar. Sonuň üçin, haçanda çagalar «çakdanaşa bilesigeliji» bolsalar, bu erbet däldir. Emma biz olaryň bilime bolan teşneligini gandyrmakdan ýüz öwürsek, onda bu has erbet bolar.

Çagalar üçin jyns gatnaşygy barada sorag bermek we olara jogap aljak bolmaklyk adaty we kadaly zatdyr. Olaryň bilesigelijiligini ret etmek bilen biz olary çynlakaý howpa itekleýäris. Ýatda saklaň: barybir olar jogaby başga ýerden alarlar. Maşgalany goldamaklygyň Milli Lukmançylyk merkeziniň işgärleriniň aýdyşyna görä, «eger siz dymmak bilen hereket edäýseňiz-de, jyns gatnaşygy baradaky bilesigelijilik sönmez. Tersine, haýsydyr mowzuga bolan gadaganlyk onuň özüne çekijiligini artdyrar»[1].

Ýakynda geçirilen barlaglaryň görkezişi ýaly, «adatça çagalar on ýaşyna çenli jyns duýgurlygy babatda işjeň däldirler we jyns gatnaşygynyň durmuşy hakdaky pikirler olary alada goýmaýar, emma olar, bilesigeliji bolýandyklary üçin-de, soraglary bilen öz

dostlaryna, synpdaşlaryna we maşgala agzalaryna ýüz tutýarlar, şeýdip olaryň aňynda jyns gatnaşygy baradaky bolgusyz toslamalar emele gelip biler»[2].

Çaganyň dört ýaşdan tä on iki ýaşyna çenli bolan aralykdaky bilesigelijiliginiň nähili kanagatlandyrylandygy köplenç onuň on iki ýaşdan on sekiz ýaşa çenli bolan aralykdaky jyns duýgurlygyny kesgitläp biler. Jon Hopkins uniwersitetiniň ýanyndaky Maýkl Blumbergiň jemgyýetçilik saglygy goraýyş Mekdebiniň doktorlary Klea Maknili bilen Jeýn Blanşar şeýle düşündirýärler:

> *Çaga üçin iň gowy ýagdaý — jogaby ene-atalaryndan almakdyr. Bu ýaşdaky bilesigelijilik aýgytly ähmiýete eýedir, çünki köplenç ýetginjegiň jyns gatnaşygyndaky durmuşy onuň doglanynyň altynjy we onunjy günleri aralygynda alan maglumatlaryna bagly bolýar*[3].

Öz çagaňyzyň durmuşyna we onuň geljekde özüni alyp barşyna täsir edip bilmeklik — bu nähili ullakan abraý! Siziň dogruçyl jogaplaryňyz oňa hakykaty hemme zatdan gowy öwreder. Makdauelleriň maşgalasyndaky umumy düzgün gysga, sada we takyk jogaplary bermekden durýardy. Çaganyň bilesigelijiligini kanagatlandyrmak üçin, meselem, gyzda wulwa bilen jynshana bar, oglanda ujyt bilen ýumurtgajyklar bar diýmek ýeterlikdir. Çaga «Jyns gatnaşygy barada ýüz bir sorag» atly tapgyryň giňişleýin jogaplary gerek bolmaýar. Uzaga çekýän gürrüňler çagany irizýär.

Biziň çagalarymyz kiçi wagtynda olary özleriniň jyns agzalary gyzyklandyrýardy. Haçanda men (Dotti) olary ýuwundyranymda, olaryň beden agzalarynyň her biriniň adyny dürs tutýardym, şonda jyns agzalarynyň adyny hem edil tirsegi ýa-da dyzy aýdyşym ýaly, oýlanşykly we rahat aýtmaga dyrjaşýardym. Şeýdip, biz çagalarymyza öz teniňiň gürrüňini etmegiň bütinleý kadaly zatdygyny düşündirýärdik. Irki döwürden başlan bu dogruçyllyk geljekdäki rahat gürrüňlere esas bolupdy.

Mekdebe çenli ýaşdaky çaga üçin: «Bäbek ejeňiň garynjagazynda ulalýar» diýen ýaly ümürli jogap ýeterlik bolýandyr. Soňrak täze soraglar, mysal üçin, bäbegiň nädip daşa çykjakdygy barada sorag peýda bolar. «Ejem ony gusmaly bolarmy?» Ýa-da: «Näme, kakam ejemiň garnyndaky bagjygy çözermi?» Ýa-da: «Ejem meýdan edermi?» Çaga ýönekeýje we dogruçyl jogap bermek gerek.

Pedagog-alym Margaret Renkl ajaýyp jogaby teklip edýär: «Çagalar köplenç ejeleriň jynshanasyndan çykýarlar». Eger bu azlyk edäýse, onda muňa: «Jynshana ejeňiň içine barýan turbajyga meňzeýär. Ol juda giňelip, çaga ol arkaly daşary çykýar» diýip, goşsa bolar»[4].

Ýaşyna garamazdan, çagalar dogruçyl jogaplara mynasypdyrlar, ýöne bu jogaplar olaryň kämillik derejesine bagly bolmalydyr. Eger siziň on ýaşyndaky ýa-da ondan-da kiçi çagaňyz aýalyň nädip göwreli bolýandygy, prezerwatiwleriň we oral jyns gatnaşygynyň nämedigi barada sorag beräýseler gorkmaň. Bu entek onuň işjeň jyns gatnaşygy durmuşyna taýýarlanýandygyny aňlatmaýar. Bilesigelijiligi haýsydyr bir howpuň alamaty hasap etmezden ýönekeýje jogap bermek gowy bolar. Siziň dymyp geçirmegiňiz mundan has howply bolar.

## 14

# Bedeniň käbir agzalaryna «başga atlary» dakmaklyk nähili bolarka?

Meniň «Aýdyň faktlar» kitabym boýunça geçýän seminarymyň arakesmesinde ýanyma (Joşuň ýanyna) bir ruhy çopanyň aýaly geldi. Onuň ýüzi gyp-gyzyldy, sesi tolgunmadan ýaňa titreýärdi:

— Meniň pikirimçe, öz ogluňa «seniň ujydyň» diýmek pislikdir. Meniň özüm-ä oňa «guşjagaz» diýýärin.

Men rahat jogap berdim:

— Gulaga gulak diýilýär, buruna — burun, göze — göz, jynshana jynshana diýilýär, ujyda bolsa, ujyt diýilýär. Agzalaryň atlaryny üýtgetmek meniň işimdir öýdemok.

Barybir hanymyň meniň pikirimi kabul etmändigi görnüp durdy.

Çagalara öz tenini öwrenmek gyzykly bolýar. Belli bir ýaşa baransoňlar, olar sorag berip ugraýarlar. Olara jogap bereniňizde ýa-da olar bilen söhbetdeş bolanyňyzda dogruçyl boluň — agzalary olaryň dogry anatomik atlary bilen atlandyryň.

Biz çagalarymyzyň jyns agzalaryny «syrly» agzalar diýip aýdýardyk, şeýdip, olaryň juda pynhandygyny, şahsydygyny, jemgyýetiň peýdalanmagy üçin däldigini we olaryň şeýle-de bolup galmalydygyny belleýärdik.

Çaga bilen gürrüň edende, iň gowusy, başdan başlap dogry atlary ulanmakdyr: ujyt — bu ujytdyr, «ýoldaş-da» däl, «hojalykda». Has beteri «aşagyňdaky» ýa-da «ojagaz ýeriň» däl.

Ujyt, ýumurtgajyklar, wulwa, jynshana ýaly dogry atlaryny ulanyp, öz çagaňyza olaryň näme üçin gerekdigini hem düşündiriň. Iru-giç ol hemme zady biler, üstesine Internet hem bu hadysany gaty tizleşdirýär. Siz onuň haýsy agzalarynyň bardygyny we olaryň nähili atlandyrylýandygyny Internetiň öwretmegini isleýän-ä dälsiňiz? Siz özüňiziň abraýly maglumat çeşmesi bolmagyňyzy isleýärsiňiz-ä, şeýle dälmi?

Bir gezek men (Joş) gyzlarymyň biri bilen oýnaýardym, ol şol wagtlar üç ýaşlaryndady. Otaga duýdansyz Dotti girip geldi, şol bada-da gyzym birden aýdyp goýberdi:

— Eje, kakam meniň jynshanamy elledi!

Dottä gorkudan ýaňa özüni elde saklamaklyk üçin uly güýç gerek boldy. Men çuňňur dem alyp, mümkin boldugyndan rahatlyk bilen gyzymdan soradym:

— Mähribanym, seniň jynshanaň nirede ýerleşýär?

Ol ýylgyrmak bilen özüniň göbegini görkezdi. Şonda men örän sada sözler bilen gyzyma göbek bilen jynshananyň tapawudyny düşündirdim.

Hawa, tä çaganyň öz bedenini öwrenip, ähli zady dogry ýatlap bilenine çenli gysga gürrüňleriň biri ýeterlik bolmaz. Emma eger siz dogry atlary ulanyp, nämäniň näme üçin gerekdigini düşündirseňiz, onda siziň çagaňyza öz bedeniniň agzalarynyň dogry atlaryny eşideninde çekinmek ýa-da utanmak gerek bolmaz.

15

# Munuň üçin haýsy derejede bilimli bolmak zerur?

Hawa, biziň döwrümizde (öz öýlerimizde bolşy ýaly, mekdeplerde-de) Internete we habar beriş serişdeleriniň başga görnüşlerine ýeňillik bilen çykylmagy kynçylyk döredýär, emma biz jeňde entek ýeňilmedik. Biziň wezipämiz we jogapkärçiligimiz — *takyk* maglumatlary bermek bilen çagalarymyza jyns gatnaşygy babatdaky Hudaýyň niýetini anyk düşündirmekdir.

Dana Süleýman patyşanyň aýdyşy ýaly:

*Bilimsiz gaýrat ýagşy däldir, aşa howlugýan ýoluny ýitirýär.*

Süleýmanyň pähimleri 19:2

Çagalar bilen jyns gatnaşyklary barada nädip dogry gürrüň etmelidigi boýunça geçirilen ähli giňişleýin barlaglaryň netijeleriniň meňzeş bolup çykandygy gyzykly boldy: eger ene-atalar öz çagalaryny ýalan maglumatyň basyşyndan goramak isleýän bolsalar, onda bu ugurda edilmeli esasy ädimleriň biri — bu olar bilen Mukaddes Kitabyň maglumatyny paýlaşmakdyr, onda-da hökman *takyk* maglumaty.

Klea Makniliniň we Jeýn Blanşaryň «Ýetginjekleriň sagdyn kämilleşmegi üçin gollanma» kitabynda şeýle diýilýär: «Barlaglaryň görkezişi ýaly, özüniň jyns duýgurlygy we jyns gatnaşy-

gynda saglygyň goragy hakda gowy habarly edilen ýetginjekler az ähtimallyk bilen irki jyns gatnaşyk durmuşyna başlaýarlar». Mundan şeýle netije gelip çykýar: «Hakyky we takyk maglumaty bermeklik — ýetginjekleriň sagdyn jyns gatnaşygy taýdan kämilleşmeginiň girewidir»[1].

«Sagdyn Ýetginjekleriň ösüşi» žurnalyndaky makalalaryň biri şeýle diýýär: «Eger siz ýetginjege özüne düşünmäge kömek etjek bolýan bolsaňyz, onda dogry maglumat bilen ahlak taýdan ýol görkezme örän wajypdyr. Mümkin, bu ony geljekdäki zyýanly, belki-de, heläk ediji ýalňyş çözgütlerden halas eder»[2].

Çagalaryň jyns hereketlerine düýpli täsir edip bilmegiň bir ýoly-da — olar üçin takyk maglumatyň çeşmesi bolmakdyr. Öz gezeginde jyns gatnaşygy taýdan sagdynlygyň Lukmançylyk instituty (www.medinstitute.org) ene-atalar üçin takyk maglumatyň giňişleýin çesmesi bolup durýar. Çagalaryň jyns duýgurlygy bilen bagly bolan çynlakaý meselelerden baş çykaryp bilmek üçin size düýpli tagallalary etmeklik gerek bolar, emma ynanaýyň — olar özüni ödär. Internetiň we nikadan öňki jyns gatnaşyklaryň wagyz edilýän dünýäsinde biziň borjumyz — bilimli ata-eneler bolmaklykdyr.

Eger çagalarymyz bizi ýalňyşlykda ýa-da wyždansyzlykda tutaýsalar, onda olar bize bolan ynamyny ýitirerler, biz bolsa, olara edip bilýän täsirimizi ýitireris. Arkaýyn bolaýyň: häzirki wagtda çagalar maglumaty häli-şindi internetden gözläp tapýarlar-da, tapan jogaplaryny ata-enelerden alýan maglumatlary bilen deňeşdirip görýärler.

Şeýle hem bolsa, eger siz haýsydyr bir soragyň jogabyny bilmeýän bolsaňyz, howsala düşüp durmaň. Muny boýun almaga gorkmaň. Jogap tapyp, bu meselä dolanjakdygyňyzy aýdaýyň (ýöne çagaňyza beren wadaňyzy berjaý ediň). Ýa-da jogaby bilelikde gözlemegi teklip edäýiň. Bu birek-birege ýakyn bolmak üçin ajaýyp bahana bolar!

Özüňize nämedir bir zadyň belli däldigini, emma muny anyklamaga dyrjaşjakdygyňyzy boýun almaklyk — bu çagada ynam abraýyňyzy artdyrmak diýmekdir. Siziň jogabyňyz soňundan oňa gaty ynamdar bolup görner.

## Mowzuklar

Aşakda ene-atalaryň baş çykarmagy gerek bolan soraglaryň diňe käbirleri getirilendir. Terbiýe bermek — bu, elbetde, ajaýyp başdan geçirmedir, emma şol bir wagtda, çynlakaý jogapkärli hyzmatdyr hem.

Bu ýerde ýeňil ýol bolup bilmez.

- Aýbaşylary we gijeki tohum dökmeleri goşup, erkegiň we aýalyň jyns ulgamynyň we anatomiýasynyň aýratynlyklary.
- Jyns gatnaşygynyň özi we göwrelilik.
- Çaga dogluş we çaga dogluşyna gözegçilik etmek.
- Jyns hereketleriniň başga görnüşleri, oral jyns gatnaşygy, masturbasiýa we şol sanda petting.
- Jynsy kesgitlilik (geteroseksuallyk, gomoseksuallyk we biseksuallyk).
- Erkeklerde we aýallarda jyns gatnaşygyna garaýşyň fiziki we emosional taraplary.
- Özüňe baha bermeklik we deň-duşlaryň basyşy.
- Wenerik keseller.
- Zorlama, duşuşyk wagtyndakylar hem şol sanda; çaganyň alkogol ýa-da narkotik kabul etmäge razy bolanda, keseki adamlaryň ulagyna münende, nätanyş öýe baranda duçar edilýän howpy.
- Ýetginjegiň saýlan egin-eşiginiň we onuň hereketiniň töwerekdäkilere onuň jyns ýakynlygyna taýyndygy hakda nädip yşarat edýändigi.
- Prezerwatiwler.
- Emosiýalar.

- Hudaýyň hakyky söýgä berýän kesgitlemesi.
- Näz-kereşme.
- Bularyň ählisi hakda Mukaddes Kitap näme diýýär?

Täsirli terbiýeleýiş Merkeziniň işgärleri, pedagogika ugrunyň hünärmenleri Kristin Zolten bilen Nikolas Long ene-atalaryň öz çagalaryna jyns gatnaşygy babatdaky bilimi bermek taýýarlygy hakda şeýle ýazýarlar: «Ilki bilen siziň özüňiz jyns gatnaşygyndaky durmuş meselelerinde bilimli bolmalysyňyz. Ene-atalar bu mowzukdan näçe gowy baş çykarýan bolsalar, olar öz çagalarynyň soraglaryna şonça-da ynamly jogap berip bilerler. Bu ýere jyns gatnaşygyndaky durmuşyň ähli ugurlary baradaky maglumatlar girýär, şol sanda jyns agzalary-da, köpeliş, dogluşa gözegçilik etme, jyns ýollary arkaly geçýän keseller we ş.m.»[3]

Dünýedäki bar zady bilmek hökman däl, emma biz ýeterlik derejede bilimli bolup, çagalarymyzyň jyns gatnaşygy ugurdaky soraglaryna dogry jogap bermäge taýýar bolmalydyrys.

16

# Belki-de käbir mowzuklary taşlap geçmeklik gowy bolar?

Käwagtlar çagalarymyzyň gözüniň nähili «maglumatlara» düşýändigi biz ene-atalary gorkuzýar. Olaryň köpüsi bizi çaşyrýar we gyzarmaga sezewar edýär. Muňa garamazdan, biziň çagalarymyzyň dünýä inen gününden başlap, biziň borjumyz — islendik soraglary berip boljak açyklyk we elýeterlilik ýagdaýy döretmekdir. Eger siz açyk ýigrenji ýa-da tolgunmany görkezseňiz, ýa-da çagaňyzyň soragyna ýaýdanyp dursaňyz, onda ol size gaýdyp hiç wagt sorag bermez. Siziň araňyzda gadagan edilen mowzuk bolmaly däldir.

Gadagan edilen zadyň ýokdugy siziň çagaňyzyň aňyna we hereketine bahasyna ýetip bolmajak täsiri edýär, siziň bu açyklygyňyz hökmany suratda gürrüňi edilen bolmalydyr. Milli bilim birleşmesiniň Milli maglumat ulgamynyň ýerine ýetiriji müdiri Jerald Nýuberri bu hakda şeýle diýýär: «Çaganyň ýa-da ýetginjegiň islendik sorag bilen size arkaýyn golaýlaşyp biljek adamy boluň. Goý, ol siziň hemişe islendik mowzugyň gürrüňini etmäge açykdygyňyzy bilsin»[1].

Biziň eýýäm aýdyşymyz ýaly, siziň araňyzda gadagan edilen mowzugyň ýokdugy baradaky sözler ýeterlik däldir — muny siziň gatnaşygyňyz bilen, şol sanda teniňiziň hereketi bilen-de tassyklamagyňyz gerek.

Jyns gatnaşygy mowzugyna haýsydyr bir düýbünden kadaly zada seredişiňiz ýaly serediň,— diýip, täsirli terbiýeleýiş Merkeziniň doktory Nikolas Long maslahat berýär. Hem-de yzyny şeýle doldurýar: — Çagaňyz bilen jyns gatnaşygy barada edil beýleki wajyp mowzuklary edişiňiz ýaly — arkaýyn we rahat gürrüň ediň. Çagalar gaty duýgurdyrlar, eger olar siziň utanjaňlygyňyzy duýaýsalar, onda olaryň indiki gezek öz soraglary bilen siziň ýanyňyza gelmegi az ähtimallydyr. Mundan başga-da, çagalar jyns gatnaşygy nähilidir erbet ýa-da dogry däl zatdyr diýip, galyberse-de ony bütinleý gadagan edilen zat diýip hem güman etmekleri-de mümkin[2].

Men (Dotti) her gezek, çagalarymyzyň haýsydyr biri bilen jyns gatnaşygyndaky durmuş bilen baglanyşykly soraglary gürrüň edenimde, parahatlygymy saklamaklyga jan edýärdim. Eger men muny başaraýsam, onda çagalaryma meniň bilen gürrüň etmeklik oňaýly bolýardy. Mümkin boldugyça olara jyns gatnaşygy barada-da agşamlyk naharyna näme iýjekdigimizi aýdýan äheňimde, saçy syrdyrmagyň bahasyny ýa-da itiň boýunbagynyň nirede ýatandygyny aýdýan äheňimde aýdýardym. Diýjek bolýanym, eger-de çagalarym bu mowzugy-da, meniň edil beýleki mowzuklar ýaly gürrüň etmäge taýyndygymy duýmasalar, onda olar meniň ýanyma öz soraglary we howatyrlanmalary bilen ýene we ýene gelip bilmezdiler.

Emma siz haýsydyr bir soraga jogap berip bilmeýän bolsaňyz näme etmeli? Hemişe-de: «Men muny bilemok, emma muny anyklaryn» diýip bolýar. Siziň muny nähili aýdýanyňyz *wajyp*. Araňyzda gadagan edilen mowzugyň ýokdugy baradaky duýgyny çagada döretmek bilen, siz eýýäm täsirli gatnaşygyň ýoluna gadam basansyňyz.

Ruhy çopan Jek Uellman tutanýerlilik bilen duýdurýar: «Esasy zadyň aladasyny ediň: haýsydyr bir mowzuk ara alnyp maslahatlaşylanda siziň çagalaryňyz gorkmaly ýa-da çekinmeli däldirler. Bu hakda olara aýdyň. Size soraglaryň islendik biri bi-

len golaýlaşyp boljak howpsuz ynanmaklyk ýagdaýyny dörediň. Bu hemişe gowy saýlawdyr, aýratyn-da gürrüň jyns gatnaşygy hakda gidýän bolsa»[3].

Biziň durmuşa çykan kiçi gyzymyz Hizer ýakynda bize şeýle zady gürrüň berdi: «Jyns gatnaşygy meniň üçin adaty mowzukdy — oňaýsyz bolan mowzuk meniň üçin asla bolmandy. Eger sizden nämedir bir zady sorajak bolsam, onda maňa munuň bilen siziň ýanyňyza barmak ýeterlikdi, siziň maňa düşündirip berjekdigiňizi men bilýärdim. Haýsydyr bir mowzugyň "ýerliksiz" bolup çykandygy ýadyma düşmeýär, meniň pikirimçe, ondan bäri-de hiç zat üýtgän däl bolsa gerek».

Biz çagalarymyza bu duýgyny berip bilendigimiz bilen bagtyýardyrys. Açyk boluň, dogruçyl boluň, çagaňyzyň size berýän islendik soragyna jogap tapmaga taýyn boluň. Siz muňa ökünmersiňiz.

17

# Öz çagaňyz bilen jyns gatnaşygy barada näçe ýygylykda gürrüň etmelikä?

Çagalar bilen jyns gatnaşygy barada her çärýekde, her aýda ýada her hepdede gürrüň edip durmalymyka? Aslynda bu gürrüňleriň näçe gezek boljagy mesele däldir — esasy zat siziň wajyp zatlary gaýta-gaýta gaýtalamaly boljakdygyňyzdyr. Mundan gutulyp bolmaz, çünki gaýtalamak — ylmyň enesi ahyry.

Köp çagalar maglumaty iki ýa üç minutdan köp kabul etmäge ukyply däldirler. «Häzirki çagalar» atly çagalaryň saglygyny goramak we bilimi boýunça gurama şuny mälim edýär:

> *Kiçijik çagalaryň köpüsiniň maglumaty diňe uly bolmadyk böleklerde kabul edip bilýändikleri üçin, olar bir gürrüňde belli bir mowzuk boýunça özleriniň bilmeli zatlarynyň hemmesini ýatda saklap bilmeýärler. Ine, näme sebäpden biraz wagt garaşyp, soňundan bolsa edilen gürrüňden çaganyň ýadynda galan zatlaryny ondan gaýtalap bermegini soramak zerur bolýar. Bu size mümkin bolan düşnüksizlikleri aradan aýyrmaga we boşluklary doldurmaga ýardam eder[1].*

Eger-de siziň dört ýaşyndaky gyzyňyz özüniň üç ýaşynda wagtyndaky soragy bilen ýanyňyza gelse, soňra ony bäş ýaşy dolanda-da gaýtalaýsa, muňa geň galyp durmaň, ýöne elbetde,

siziň: «Men saňa çagalaryň nädip dogulýandygyny eýýäm gürrüň beripdim-ä» ýa-da «Men saňa göbegiň nämedigini birnäçe gezek düşündirdim» diýesiňiz geler.

Ýakynda men (Dotti) Jyns sagdynlygyň lukmançylyk institutynyň başlygy bolan doktor Jo Makilhani bilen söhbetdeş boldum. Ol şeýle belledi: ene-atalar köplenç öz çagalarynyň pikir edişinden köp gezek olar bilen jyns gatnaşyklary hakda gürrüň edýändiklerine ynamlydyrlar. Elbetde, bu hadysanyň düýpli sebäbi bardyr. Ene-atalar öz çagasyna ýeterlik derejedäki maglumaty ýetirjek bolup, şol bir wagtda-da öte düşmejek bolup, emosional derejede güýç baryny sarp edýärler, şonuň üçin-de, adatça olar bu pursatlary berk ýatda saklaýarlar, emma welin çaga bu ýagdaýda — bary-ýogy bir diňleýjidir. Onuň üçin gürrüň ýatda galar derejede çynlakaý we möhüm däldir. Ine, näme üçin biz sabyrly bolup, eger-de talap ediläýse, onda şol bir zady ýene we ýene gaýtalamalydyrys.

Jyns gatnaşyklary mowzugy gaty çylşyrymlydyr. Çagalarymyzyň ähli zady bolmalysy ýaly düşünip bilmekleri üçin wagt gerek bolýar. «Neşwilden bolan bir ene Lora Hileman bir gezek üç ýaşyndaky oglunyň öz inisine şeýle öwredip duranyny eşidipdir: “Oglanlarda ujyt bolýar, gyzlarda bolsa — süýngüç”. Şonuň üçin-de, tä körpe maglumaty dogry özleşdirýänçä şol bir sorag gaýta-gaýta ýüze çykaýsa, muňa geň galmaň»[2].

Eger biz sabyrly bolup, şol bir zady öwran-öwran düşündirmäge taýýar bolsak (mümkin, käbir dolulyk bilen), onda bu çagalarymyzda güýçli täsir galdyrar.

*Düýbünden tapawutly barlaglaryň görkezişi ýaly, jyns gatnaşygy barada wagtal-wagtal edilip durulýan gürrüňler (bir saparlyk “çynlakaý” söhbetden tapawutlylykda) birnäçe sebäplere görä wajypdyr: 1) gaýtalamak arkaly ene-atanyň maslahatlaryny ýetginjege düşünmek, özleşdirmek we kabul etmek ýeňil düşýär, 2) şeýle gürrüňlerde oňa özüni arkaýyn we ynamly duýmaga kömek edýär, 3) şeýle bolanda ýetginjek ene-atasynyň öz*

*şahsyýetine we ykbalyna çynlakaý gyzyklanýandygyny duýýar, galyberse-de, 4) wagtal-wagtal ýüze çykýan aç-açan gürrüňler maşgaladaky gatnaşyklary berkleşdirýär, bu-da, öz gezeginde, ýetginjegiň jyns saglygynyň kämilleşmeginde möhüm netijelere getirýär3.*

Gaýtalamaklyk çagalar we ene-atalar tarapyndan dürli-dürli kabul edilýär. Çaga üçin gaýtalamaklyk ýuwaş-ýuwaşdan, «kerpiçjagazlar» arkaly jyns gatnaşygyna bolan öz garaýşyny we düşünjesini düzmek üçin gerekdir. Bu diýildigi, belki-de her gezek olary başgaçarak aýtmak bilen ýa-da olaryň üstüni dolduryp, yzly-yzyna şol bir pikirleri gaýtalamaly diýildigidir.

18

# Eger men öz çagam bilen şol bir zat hakda gürrüň edibersem, onda ol meni ýüregedüşgünç adam hasaplamazmy?

Ýüregedüşgünç adam — tukatlyk döredýän, iňre adamdyr. Ýüregedüşgünç adamlary hiç kim halamaýar. Soňam: eger biz ene-ata hökmünde günuzyn çagalarymyzy jyns gatnaşygy hakyndaky gürrüňleri diňlemäge mejbur edýän bolsak, onda olar dogrudan-da bizar bolarlar we biziň sözlerimizi kabul etmegini goýarlar. Şeýle hem bolsa, bize jyns gatnaşygy hakdaky dogry zady, aýratyn hem jyns gatnaşygyndaky durmuş üçin Hudaýyň niýetini we Onuň goýan çäklerini olara ýetirmek gerekdir. Şonuň üçin bize nähili hereket etmek gerekkä?

Çagaňyzyň ýüregine düşmegiň ýerine, durmuşda ýüze çykýan ýagdaýlary öwretmäge amatly edip ulanmaga çalşyň. Öwretmäge amatly bolan ýagdaý — jyns gatnaşygyna bagyşlanan gysga terbiýe beriji söhbeti geçirmek üçin gündelik durmuş wakalaryny ulanmaga mümkinçilik beriji ýagdaýdyr. Bu çaganyň şol pursatda kabul etmäge açyk bolup bileri ýaly, çylşyrymly, näzik bir zat hakdaky, hatda jyns gatnaşygyndaky durmuşyň özi hakdaky ýa-da ýene nämedir bir wajyp zat hakdaky gürrüň bolup biler. Şeýle ýagdaýy, mysal üçin, onuň Internetde ýa-da telewizorda gören zatlary, ýoldaşyndan eşiden zady, ündew su-

ratda gören zady, hatda çagalar kitabyndan okan sözleri-de ýüze çykaryp biler. Ähli bu mümkinçilikleri ulanyň.

Amatly ýagdaýy geçirip goýbermezlik — bu öwrenip bolaýjak sungatdyr. Bu ýerde, elbetde, köp zat siziň habar beriş bilimiňize bagly bolýar. Başga sözler bilen aýdanda, (Internetdäki, kinodaky, telewideniýedäki, žurnaldyr komikslerdäki, bloglardyr twitlerdäki we sosial ulgamlaryň başga-da habarlaryndaky) habar beriş düzüjileriň ýetginjegiň gymmatlyklarynyň emele geliş we özüni alyp barşyna täsir ediş derejesine dogry baha berip, ony düşündirip bilmeklik gerek.

Häzirki zaman dünýewi medeniýeti ene-atalara söhbetdeşlik üçin amatly ýagdaýlara öwrüp bolaýjak mümkinçilikleriň bir toparyny berýär. Telewizion goýberişler hakdaky «Kaýser maşgala esaslandyryjynyň» hasabaty «esasy wagtda goýberilýän tomaşalaryň 75%-niň ýa jyns gatnaşygy hakdaky gürrüňi ýa-da utançsyz hereket kadrlaryny özünde saklaýandygyny» görkezdi[1].

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň göwün açyjy görnüşleri, aýratyn hem Internet bilen telewideniýe, dünýäde jyns gatnaşygy biliminiň iň esasy çesmesine öwrüldi, üstesine olar şu derejede güýçli, hatda biz onuň weýran ediji täsirini yzarlap gezmäge mejbur bolýarys. Şeýle hem bolsa, biz öz çagalarymyz bilen söhbetdeşlik geçirip we şeýdip hemme zatdan peýdaly sapaklary alyp, onuň täsirini ýumşadyp bilýäris.

Meselem, şenbe günündäki «Superkubok» ýarym finalynyň görkezilişinde aýdymçy M.I.A kamera seredip orta barmagyny görkezende, hemmeler haýran galyp, hatda kellesine urlan ýaly boldular, sebäbi bu yşarat öz düýbünde jyns gatnaşygynyň höwesiniň yşaraty bolup, bu gelşiksiz hereketi aňladýar. Näçe mesihiler şol wagt muňa bolan özleriniň (gaty ýerlikli bolan) ýigrenjini güýçli ýüze çykardylar, emma şonuň bilen birlikde-de olar çaganyň köp ýyllap ýadynda galyp biljek jyns gatnaşyklary hakyndaky gürrüňdeşlik üçin bolan ajaýyp mümkinçiligi syp-

dyrdylar. Bu erbet bir zatdan peýdaly sapak almak üçin amatly ýagdaýdy.

Bir gezek men (Joş) şol wagtlar dokuz we ýedi ýaşlarynda bolan Kelli bilen Şony öz maşgala furgonymyzda alyp barýardym. Edil bu ýaşdaky ähli çagalar ýaly, olar birden tersleşdiler. Şonda Şon bütin ýürekden gygyryp goýberdi: «Kelli, men seni görüpdim!» Bu ýerde gaharlanyp, oglumy gaty jezalap-da bolardy, emma munuň deregine men geň galma ýüze çykarmazdan, sadaja soradym:

— Oglum, sen aýdýan zadyňyň manysyna düşünýäňmi?

Ol derrew jogap berdi:

— Ýok.

Men dowam etdim:

— Sen muny nireden eşitdiň?

— Mekdepde,— oglum hümmürdedi.

Şonda men teklip etdim:

— Munuň näme aňladýandygyny düşündirmegimi isleýäňmi?

Ol gözlerini tegelekläp, başyny atdy:

— Ähä.

Indiki on minudy biz täsin gürrüňdeşlikde geçirdik. Men bu jümläniň näme aňladýandygyny we onuň nädip dünýedäki ähli ata-enelere berlen Hudaýyň ajaýyp sowgatlarynyň birini harlaýandygyny düşündirdim. Soňundan bolsa, mümkin boldugyça, ýedi we dokuz ýaşlaryndaky çagalara düşnükli edip, näme üçin biziň maşgalamyzda beýle sözleri ulanmaýandygymyzy düşündirdim. Şeýdip, men öz oglum bilen gürrüň etmäge we onuň geljek durmuşyna peýdaly täsir edip bilmäge amatly ýagdaýy sypdyrman bildim.

Ene-atalaryň mükinçilikleri hakykatdan-da çäksizdir. Göräýmäge «ähmiýetsiz» bolan pursatlar hakykatdan wajypdyr, sebäbi olar çaganyň aňyna, düşünjelerine, gatnaşyklaryna we özüni alyp barşyna gönüden-göni tasir edýän gaty peýdaly ýa-da zyýanly başdan geçirmeler bolup ýadynda galýar.

Aşakda çagalar bilen gürrüň etmek üçin ene-atalara ajaýyp bahana bolup biläýjek zatlar sanalandyr.

**1. TW we beýleki göwün açyjy köpçülikleýin habar beriş serişdeler.** Amerikan pediatriýa akademiýasy «Jyns duýgurlygy, kontrasepsiýa we köpçülikleýin habar beriş» diýen makalada şeýle habar berýär:

> *Amerikanyň çagalary hepdede otuz sekiz sagatdan köp wagtyny telewideniýe we Internet ýaly köpçülikleýin habar beriş serişdelerine, şeýle hem wideolara, kompýuter oýunlaryna, saza sarp edýärler. Ýetginjek özüniň orta mekdebi gutarýan döwrüne çenli ortaça on bäş müň sagadyny teleprogrammalara seretmek bilen geçirýär. Bu bolsa onuň on iki müň sagat wagtyny mekdep partasynda geçireninden 20% köpdür. Mundan başga-da, ortaça amerikaly ýetginjek ýylda on dört müň birlikdäki aç-açan mazmunly internet düzümlerine seredişdirýär*[2].

Täzelikleriň çykyşlary-da — gürrüňdeşlik üçin gymmatly esasdyr. Ýetginjekleriň arasynda göwreliligiň öňüni almak boýunça Serişdeler merkeziniň işläp taýýarlan «Jyns gatnaşygyna howlukma» atly okuw gollanmasynda şeýle mysal getirilýär: «Siz çagaňyz bilen telewizorda täzeliklere seredýärsiňiz. Alyp baryjy mekdebe garşy jynsy azar bermeler bilen baglanyşykly talap arzasyny berýän ýedinji synp gyzyň maşgalasy barada gürrüň berýär. Mekdepde bir oglan ol gyzyň teni hakda, aýratyn hem göwüsleri hakda telim gezek kemsidiji gürrüňleri eden ekeni. Ine, garşydaş jyns wekillerine hormat goýmagyň wajypdygy barada gürrüň etmek üçin ajaýyp mümkinçilik»[3].

Biz öz çagalarymyz bilen bilelikde wagtal-wagtal haýsydyr bir filmi ýa-da teleoýny görýärkäk, ekrandan duýdansyz bir gelşiksiz ýşarat eşidilerdi, kähalatda bolsa, hatda jyns bozuklygyny görkezýän adamlaryň suratlary-da peýda bolaýýardy. Şeýle halatda biz telewizory öçürýärdik-de, görlen zady söhbetdeşlik üçin bahana öwürýärdik.

Biz soraýardyk:

— Çagalar, bu ýagdaýda näme nädogry zat bar? — Olar jogap berýärdiler, biz bolsa olary üns bilen diňleýärdik. — Eýsem-de, bu näme üçin nädogry? Ýene-de biz olary bölmän diňleýärdik. — Jyns bozuklygynyň nähili netijeleri bar? Siz haçan iň soňky gezek onuň erbet netijelerini kinoda ýa-da telewizorda görkezilenini ýadyňyza düşürip bilýäňizmi?

Adatça olar muny ýadyna düşürip bilmeýärdiler, sebäbi göwün açyjy köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hiç haçan diýen ýaly nikadan öň edilen jyns gatnaşyklaryň erbet netijelerini gürrüň etmeýär. Mysal üçin, ahlaksyz gahrymanyň jyns gatnaşygyny edýän wagtynda jynsy ýollar arkaly geçýän kesele ýolugandygyny telewideniýede aýtmaýarlar. Elbetde, bu häzirki dünýäniň düýbünden hakyky bolmadyk suratlandyrylyşydyr.

Bu gün ýetginjekleriň her dördünjisi jyns ýollar arkaly geçýän infeksiýalar bilen kesellidir. Diňe şu ýylyň içinde ýigitlerdir gyzlaryň ýene üç millionyna infeksiýa ýokuşar. On iki ýaşdan tä ýetmiş ýaşa çenli bolan erkek adamlaryň ählisiniň 50%-ine adamyň papilloma wirusy (APW) ýokuşandyr. Onuň dermany ýokdur, prezerwatiwler gorap bilenoklar, netijede ol her ýyl aýallary AIW-dan köp öldürýär*.

Şeýle hem bolsa, telewizorda ýa-da kinoda bu zatlar hakda aýdylmaýar. Birinjiden, bu boluş ýetginjeklere bu dünýäniň hakyky bolmadyk keşbini görkezýär, ikinjiden, olary aldawa salýar, çünki ahlaksyz hereketleriň dogrudan-da *erbet netijeleri bardyr.* Gaýtalalyň: köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň tomaşaçylara siňdirýän ýalan düşünjeleri – ahlaksyz hereketleriň netijelerini çagalarymyz bilen gürrüň etmegiň hakyky bahanasydyr.

Ýene-de bir wajyp bolan zat: gürrüňi Hudaýyň Sözüniň we jyns gatnaşygy babatdaky Hudaýyň niýetiniň esasynda gurup bolar. Filmleri we teleprogrammalary bilelikde tomaşa etmek

* Goşmaça maglumaty almak üçin «Aýdyň faktlar» kitabyna seret.

bilen, siz mydama ýalňyş saýlaw eden adamlaryň taryhyna çaknyşýarsyňyz. Hudaýyň näme üçin bize jyns gatnaşygyndaky durmuşa degişli bolan maslahatlary berendigini we oňa degişli belli çäkleri goýandygyny çagalaryňyz bilen gepleşiň. Mukaddes Ýazgylaryň we ondaky beýan edilen düzgünleri saklamagyň wajypdygyny gaýta-gaýta düşündirmek siziň öz bähbidiňiz üçindir.

Ine, Amerikanyň psihologlar birleşmesinden size ajaýyp maslahat:

> *Pikirleriňizi ýüze çykaryň. Eger teleşowhunlar, oýunlar, wideolar, jinsiler ýa-da gurjaklar siziň göwnüňizden turmaýan bolsa, onda sebäbini düşündiriň. Şeýle gürrüňdeşlik ýönekeýje aýdylan: «Ýok, muňa seretmek bolmaz» ýa-da «Muny satyn almak bolmaz» ýaly sözlerden has peýdalydyr. Gyzlaryň gowy keşbini döretmek üçin önüm öndüriji kompaniýalary we ol önümleri goldaň. Eger olaryň önümi gyzlardan kimdir biriniň şöwketparazlygyny gandyryjy keşbi döredýän bolsa, onda beýle önümi öndürijilere, mahabatçylara, tele we kino önümini öndürijilere, hatda bölek söwda dükanlaryna-da garşy arz-şikaýat ediň*[4].

Jyns gatnaşygy barada maglumat we ABŞ-nyň magaryfy boýunça Maslahatyň ýakyndaky hasabatynda hem gowy maslahatlar bar:

- Öz pikirleriňizi çagaňyz bilen ara alyp maslahatlaşyň. Öz düşünjeleriňiz we gymmatlyklaryňyz bilen peýdaly usulda paýlaşyň. Ol özüniň şahsy düşünjeleriniň we gymmatlyklarynyň emele geljek wagtyna çenli siziňkilere anyk düşünen bolmalydyr.
- Söhbetdeşlik üçin amatly pursady sypdyrmaň. Islendik mümkinçiligi — eşidilen degişmäni, aýdymyň sözlerini, mahabat tagtasyndaky ýa-da telemahabatdaky suraty gürrüňe başlamak üçin ulanyň.

- Gürrüň üçin mahabat arakesmelerini ulanyň — çagaňyz size köp üns berip biler. Az sözli boluň, esasy pikiri sada sözler bilen ýetiriň.
- «Ýaramaz» şowhunlaryň hem söhbetdeşlik üçin gowy bahana bolup biljekdigini ýatda saklaň. Olar köplenç belli bir gahrymanyň özüni alyp barşyny gepleşmek üçin mümkinçilik berýärler.
- Sypaýyçylykly boluň. Eger çagaňyzyň dostlarynyň ýanynda ýa-da beýleki ulularyň ýanynda jyns duýgurlygynyň gürrüňine başlasaňyz, onda bu ony utandyrmagy mümkin[5].

Köpçülikleýin habar beriş serişdelerini öz bähbidiňiz üçin ulanyň. Söhbet ediň. *Öz* düşünjeleriňizi gizlemäň.

**2. Göwreli aýal.** Köplenç çagalar göwreli aýaly görenlerinde, goý, ol bir nätanyş aýal bolsun, garyndaş ýa-da maşgalanyň dosty bolsun, bilesigelijiligi ýüze çykarýarlar. Olaryň soragyna jogap berip, aňsatlyk bilen jyns gatnaşyklar baradaky gürrüňe geçip bolar.

**3. Hakyky adamlar hakda hakyky wakalar.** Ýazyjy Wendi Sellers hakyky wakalary nädip ulanyp bolýandygy barada ýazýar: «Çagalar gündelik durmuşdan alnan adamlar hakdaky gürrüňleri gyzykly görýärler. Meselem, siz şeýle aýdyp bilersiňiz: “Men şu wagt eşiden täzeligim sebäpli şeýle bir tukatlanýan. Meniň daýzamyň ogly ýokary okuwy taşlap, gyssagly iş gözlemeli bolupdyr. Ol özüniň tirkeşýän gyzy bilen jyns gatnaşygyny edipdir, ine, indi ol gyz göwrelimişin. Indi ol bilim almagyny tamamlamagyň deregine, işläp, maşgalasyny eklemeli boljak. Sen bu hakda näme pikir edýäň?”[6] Durmuşdan alnan şuňa meňzeş wakalar — çaga bilen gürrüň etmek üçin gowy bahanadyr.

Florida ştatynyň Hillsboro okrugyndaky Uniwersitetde maşgala durmuşynyň esaslary mugallymy Diana Konwers öz çagaň bilen gürrüň etmek üçin ulanyp boljak ýene-de alty ýagdaýy belleýär.

**4. Ýalaňaç teniň suratlary.** «Siziň çagaňyz ýatylýan otagda öz ýoldaşy bilen kikirdeşýär. Siz olary nämäniň güldürýändigini bilmek üçin gapyny açyp görersiňiz: oglanlar ensiklopediýadaky ýalaňaç aýalyň suratyny synlaýarlar»[7]. Bu gürrüňdeşlik etmäge ajaýyp bahana.

**5. Jenaýatkäriň gözlenilýändigi hakda bildiriş.** «Siz on bir ýaşyndaky ogluňyz bilen poçta bölüminde nobatda dursuňyz, diwarda asylan jenaýatkäriň gözlenilýändigi hakyndaky bildirişi görýärsiňiz. Bir erkek adam üç sany aýaly zorlamada aýyplanýar»[8]. Söhbet üçin nähili mümkinçilik!

**6. Gomoseksual gatnaşyk.** «Siziň çagaňyz bilen söwda merkezinde biri-biriniň ellerinden mähirli tutup duran iki sany erkek adama gözüňiz düşýär»[9]. Öz çagaňa gomoseksualizmiň nämedigi barada sypaýy gürrüň etmegiň ýene bir bahanasy.

**7. Prezerwatiwe duş gelinmegi.** «Ýuwmak üçin geýimleri elden geçirýärkäňiz, ogluňyzyň jübüsinden prezerwatiw tapýarsyňyz»[10]. Bu hadysa ilki sizi howsala salsa-da, emma bu-da gürrüň etmeklige bir mümkinçilikdir.

**8. Jyns gatnaşygy barada ýalan maglumat.** «Bir gezek mekdepden öýe gaýdýarkaňyz, siziň on üç ýaşyndaky gyzyňyz diýýär: "Eje, ilkinji gezek jyns gatnaşygyny edende, göwreli bolunmaýandygy dogrumy?»[11] Dessine gürrüňe girişiň.

**9. Jyns hereketine bolan garaýşyň maşgala arasyndaky tapawutlyklary.** «Siziň gaýyn eneňiz alty aýlyk çagaňyzyň arlygyny çalyşýar. Siz uly ogluňyz bilen onuň golaýynda dursuňyz. Birden ol körpäniň eline mylaýymja şarpyk çalýar-da: "O ýeriňi elleme" diýýär»[12]. Mümkin, siz şo bada oňa närazylyk bildirip durmarsyňyz, ýöne bu ýagdaýy uly çagaňyz bilen gürrüňe bahana hökmünde soňrak ulanyp bilersiňiz.

**10. Toý suratlaryny bilelikde görmek.** Gürrüň üçin nähili ajaýyp bahana!

**11. Haýwanlaryň hereketleri.** Ine, Makdauelleriň gyzlarynyň biriniň gürrüňi: «Ilkinji gezek jyns gatnaşygy hakdaky gür-

rüňi, bir gezek maşgalamyz bilen otluda barýarkak, haçanda men bir öküziň sygryň üstüne münenini otlynyň penjiresinden görenimde edendigimizi ejem aýdýar. Şonda men näme bolýandygyny sorapdyryn. Ejem maňa muny düşündiren, men bolsa oňa: “Adamlaryň muny etmeýändigi gowy zat!” diýip, jogap gaýtaran ekenim. Jyns gatnaşygynyň gidişi hakdaky biziň ilkinji gürrüňimiz şeýdip ýüze çykypdyr. Haýran galaýmaly, ýöne men bu gürrüňi ýadyma-da düşürip bilemok». Biziň gyzymyz ol wakany ýadyndan çykaran hem bolsa, bu waka jyns gatnaşygyna Hudaýyň beren täsin sowgady hökmünde baha berip, oňa düşünmek üçin gyzymyzy ýeterlik derejede maglumatlar bilen az-azdan üpjün eden söhbetleriň başy bolmak üçin bahana bolupdy.

**12. Mekdep ýygnaklary, oturylyşyklary, sport çäreleri, önümçilik tejribesi we ş.m.** Biz ähli maşgalamyz bilen (biziň dört çagamyz Kelli, Şon, Keti we Hizer bilen) restoranda günortanlyk naharyny edinýärdik, birden Şon diýdi: «Kaka, şu gün mekdepde bir nutukçy çykyş edip, jyns gatnaşygy barada gepledi. Meniň pikirimçe, sen onuň bilen ylalaşmazdyň». Men soradym: «Näme üçin?»

Galan üç sagadymyzy Kaliforniýa ştatynyň Leýksaýdynda Stýuart Andersonyň «Bifşteks öýi» («SteakHouse») restoranynda aç-açan maşgala gürrüňiniň başynda geçirdik. Ofisiant (kollejiň talyby) mydama töweregimizde aýlandy-da, ahyry bizi bölmegi karar etdi: «Oglanlar, size şeýle gürrüňleri aňsatlyk bilen edip boljak ene-ataly bolmak bagtynyň nähili çüwendigini, eger, siz bir bilsediňiz! Eger meniň enem, atam şeýle hereket eden bolsady, onda ne men, ne-de meniň gyz doganym durmuşda beýle köp ýalňyşlyklary etmezdik». Şuňa meňzeş ýagdaýlary elden bermäň — çagaňyz bilen jyns gatnaşygy hakda gepleşiň.

**13. Saz.** Nýu-Ýork ştatynyň Uniwersitetinden bolan barlaýjylar (Olbani şäheri) 2009-njy ýylda «Dillboard» hit-paradynyň onlugyna giren kantri, pop we ritm-end-blýuz görnüşli aýdym-

laryň bir ýüz ýetmiş dördüsini derňediler. Netijede «tekstleriň 92%-niň jyns hereketine yşaraty saklaýandygy, her aýdyma şeýle sözleriň, ortaça 10,49 sanysynyň düşýändigi» belli boldy[13].

Birnäçe ýyl mundan öň men (Joş) Şonyň otagyna girip, onuň täze kompakt-diskinde «Depeche Mode» toparynyň haýsydyr bir aýdymyny öçürip taşlajak bolýandygyny gördüm. Şol wagtlar ol on iki ýaşyndady.

— Şon, sen näme edýärsiň? — diýip, men soradym.

— Şu aýdymy öçürip taşlajak bolýan.

— Näme üçin?

— Ol biziň maşgalamyzyň düzgünlerine dogry gelmeýär, şonuň üçin men ony aýyrmak isledim.

Elbetde, men pursady elden bermän, derrew ony edýän işi üçin öwdüm-de, oňa buýsanjymy beýan etdim.

Ene-atalar komitetiniň agzasy Deb Roffrman şeýle belleýär: «Siziň maşgalaňyzyň gymmatlyklaryna gabat gelmeýän nämedir bir zatlara (mahabat wideosy, telewizion oýun ýa-da aýdym-sazly wideo) duş geleniňizde, çagaňyz bilen bu hakda gürrüň ediň. Onuň üçin özboluşly bir “medeni terjimeçi” boluň»[14].

**14. Suwa düşülýän wagty.** Bir gezek, gyzymyzyň bir-iki ýaşlaryndaka, Dotti menden ony suwa düşürmegimi haýyş etdi. Men razylaşyp, ýyly suwy açdym-da, diýdim: «Mähribanym, çykaryn-da, emma entek suwa giräýme». Görýäňizmi näme, men mydama çagalarymyň taýyp ýykylyp, kellesiniň wanna urulmagyndan gorkýardym, şonuň üçin diýdim: «Kakaň gelýänçä garaş. Mende seniň üçin bir garaşylmadyk sowgat bar!» Şeýdip, men ýakynda bolan syýahatdan alyp gelen rezin ördejigimi ýol sumkamdan almaga gitdim. Men eýýäm wanna gaýtjak bolup durkam, ol ýerden çirkin ses eşidildi. Ýüregimde güýçli gürsüldi bilen men gygyryp, gapa tarap okduryldym:

— Näme boldy, mähribanym?

Meniň kiçijik gyzym wannaň gyrasynda oturyp, öz tenini synlaýardy. Ol maňa gorkuly gözlerini galdyryp, şeýle diýdi:

— Kaka, meniň ujydym ters çöwrülipdir!

Düşünýäňizmi, gyzym mundan biraz öňräk özüniň erkek doganyny görüpdi. Iki ýaşyndaky körpejik ýene näme pikir edip bilerdi. Ýa-da onuň ujydy goparylyp gaçypdyr, ýa-da ol ters çöwrülipdir. Ine, betbagtlyk!

Men bu derejedäki amatly pursady sypdyryp durmadym.

— Men diýdim: — Ýok, ýok, gadyrdanym, seni Hudaý şeýle ýaradypdyr. Seniň doganyň kimin oglanlara Hudaý ujyt berýär, saňa meňzeş gyzlara bolsa — jynshana. Bu enaýy pikir, dogry dälmi? Indi bolsa, gel, suwa düşeli.

Bütin söhbet ýigrimi sekuntdan aňry geçmedi.Jyns gatnaşygy babatdaky bilimi berip başlamak üçin ajaýyp bahana. Gaty amatly pursat. Eger siz sanalyp geçilen ähli ýagdaýlary hem-de täsin gürrüňdeşlikler üçin beýleki-de köp mümkinçilikleri ulansaňyz, eger çagaňyzyň irki döwründen başlap ony bu gürrüňlere çynlakaý aralaşdyrsaňyz, onda ol ulalanda şeýle gürrüňler üçin bahanany özi gözläp ugrar.

19

# Çagaňyzyň nähili ýaşaýandygyny bilmek üçin ony näçe wagtlap yzarlamak gerekkä?

Bu günki dünýäde, eger elbetde siz ony goramak isleseňiz, onda çagaňyzyň nähili ýaşaýandygyny yzarlamaklyk — hakyky zerurlykdyr. Gözegçilikde öte geçmekden gorkmaň — «duzuny az atmakdan» gorkuň.

Haýsy ugurlara häzir gözegçilik etmek gerek? Elbetde, bu ýere çagaňyzyň dostlar topary we olaryň hossarlary, mekdep, gurnaklar, telewideniýe, onuň seredýän filmleridir we wideorolikleri, okaýan žurnallary, diňleýän aýdymdyr sazlary, hem-de şübhesiz — Internet girýär. Bu az zähmet däl, emma onsuz bolanok.

Şu günki dünýäde, biz ene-atalar, ruhuň güýçlüligini ýüze çykaryp, çagalarymyzyň näme bilen ýaşaýandygyny yzygiderli yzarlap durmalydyrys. Biz Internetiň giňden ýaýran döwründe ozallar hiç kimiň pikir etmedik meselelerini çözmeli bolýarys. Hatda meniň gyzym Keti mekdebe çenli ýaşdaky çagalaryň ejesi bolup, ýakynda maňa (Dottä) «öz çagalaryny häzirki zamanyň dünýewi medeniýetinden goramak umydyndan el çekýändigini» aýtdy. Şonuň üçin onuň häzirki tutan ýoly

«çagalaryny geljekki söweşlerden goramakdan däl-de, eýsem olara taýyn etmekden — düşünje bermekden, göreşmegi we durmuşda mynasyp hereket etmegi öwretmekden» durýar. Beýle ýol çynlakaý, kämahallar bolsa, çylşyrymly çözgütleri talap edýär.

Hemişe-de çagalarymyzyň gyzygýan dünýäsine aralaşmagyň adaty däl, döredijilikli ýollaryny tapmak bolar. Meniň (Dottiniň) aýal doganym, ýokary synpda okaýan gyzyň ejesi, munuň ajaýyp göreldesi bolup biler. Ol — diplomly mugallyma bolandygyna garamazdan, göwrelilik rugsady dolandan soň hem işe çykasy gelmese-de çykdy, emma şeýle bolsa-da, ol gyzynyň durmuşynyň merkezinde bolmagy isledi. Öz maksadyna ýetmek üçin ol gyzynyň mekdebine işe ýerleşdi. Şeýdip, doganym gyzynyň gatnaşýan çagalary bilen tanyş bolmak, beýleki mugallymlary ýakyndan tanamak we şol gurşawy bütinleý syzyş mümkinçiligine eýe boldy. Elbetde, biziň her birimiziňki bu derejede ugruna bolup duranok, emma *hemmeler* döredijiligi we aýgytlylygy ýüze çykaryp bilerler.

Biz, Joş ikimiz, bu meselede tutanýerli bolup, çagalarymyzdan hasabat bermeklerine garaşýardyk. Biz oladan nirä barýandyklaryny, näçede geljekdiklerini, haýsy jemagatda we näme etjekdiklerini aýtmagy talap edýärdik. Bu biziň wagtymyzy we güýjümizi talap edýärdi, ýöne çagalarymyzyň howpsuzlygy we öz rahatlygymyz üçin sabyrly bolup, boýun egmeýärdik.

Biz esasy düzgünleri — özüňi alyp barmagyň belli bir kadalaryny goýduk,— şonuň ýaly-da, «komendant sagadyny» girizdik. Olar biziň garaýyşlarymyza, biziň kynçylyklarymyza düşünip bileri ýaly, bu işde çagalaryň özleri-de biziň bilen deň hatarda gatnaşdylar. Bu zatlaryň bary ýakyn ýürekdeş gatnaşyklar şertlerinde edildi — eger beýle edilmese, onda biz garşylyga duçar bolup bilerdik. «Ýakyn gatnaşyklarsyz goýlan düzgünleriň köplenç gozgalaňa alyp gelýändigini» ýatda saklaň.

Çagalarymyz ösüp ulalyp, kämillik alamatlaryny ýüze çykardygy saýyn biziň talaplarymyz-da ýumşaýardy. Bu özboluşly bir taýynlyk tapgyrydy: biz ahyrynda olaryň kolleje okuwa girjegine ýa-da işe ýerleşjegine, şeýdip iru-giç olaryň özbaşdak çözgütleri kabul edip başlamaly boljakdygyna düşünýärdik. Elbetde, käwagtlar çagalarymyza hüňňürdemek we bahana gözlemek isleginde däl, ýüregedüşgünç adam bolandygymyz üçin däl, eýsem biz olaryň hossarlary bolandygymyz üçin olara gözegçilik edýändigimizi ýatlatmak gerek bolýardy.

Haçanda siziň çagaňyz göňşynyň öýünde oýnaýarka, onda o taýda ynam edere laýyk uly adamlaryň biriniň boljakdygyny bilmek wajyp bolýar. Gynansak-da, köplenç beýleki çagalar zorluk edýärler, şonuň üçin-de öýde kimiň boljakdygyny bilmeklik gerekdir. Çagany täze adamlaryň öýüne myhmançylyga goýbermezden öň, ol öýde pornografiýanyň ýokdugyna göz ýetiriň. Biziň golaýymyzda ýaşaýan ýaş maşgala hemişe çagalary çagyrylan öýde uly erkek doganyň ýokdugyny soraýar. Eger bar bolsa, onda maşgala syýasaty şeýle: goý, çagalar bilelikde goňşularda däl-de, olaryň öýünde oýnasyn. Galyberse-de, olar öz çagalaryny hiç haçan ýetginjek-oglana ynanmazlar. Gapdaldan bu biderek ownukçyllyk ýaly görner, emma çagalaryň howpsuzlygy bar zatdan ileridir.

Çagaňyza mekdebiň nämäeleri öwredýändigini biliň, çünki mekdepleriň syýasaty juda ösendir — ol mekdebiň ýerleşýän ştatyna-da, hatda onuň döwlet ýa-da hususy mekdep bolşuna-da baglydyr. Wakalaryň jümmüşinde boluň, synpa gelmek we nämedir bir zat bilen ýardam bermek çakylyklaryna jogap beriň. Ene-atalar komitetiniň ýygnaklaryna gatnaşyň, mugallymlar bilen işjeň gatnaşykda boluň. Döwlet syýasatyna, aýratyn-da siziň mekdebiňiziň ýerleşýän okrugyna täsir edip biljek kabul edilýän kanunlara ünsli boluň.

Çagaňyzyň nähili filmlere, teleprogrammalara we DVD-disklere tomaşa edýändigine gözegçilik ediň. Her maşgala çaganyň

gyzyklanmalaryny goramagyň syýasaty gerek bolýar. Şeýdip, biziň çagalarymyzyň ikisi ulalandan soň öýdäki telewizordan ýüz dönderdiler. Ýene biri ähli telewizion programmalary ünsli barlagdan geçirýär. Özüňizde nähili filmleriň we DVD-diskleriň bardygyndan habarly boluň; olardan siziň maşgalaňyzyň talaplaryny kanagatlandyrýanlarynyň sanawyny düzüň. Goý, şeýle zatlar hakyndaky ara alyp maslahatlaşmalar bilim berip biliji söhbetler üçin gowy bahana öwrülsin. Çagalarymyzyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýalan, howply we zyýanly maglumatlardan doludygyny bilmegi gerekdir. Siziň çagaňyzyň okaýan zadyny okajak boluň, diňleýän zadyny diňlejek boluň. Şeýle etseňiz, onda siz onuň söýgüli kitaplarydyr aýdymlaryndaky aýdylýanlara esaslanyp, onuň bilen gürrüň edip bilersiňiz. Yzygiderli gözegçilik etmeklik size öz çagaňyz bilen has ýakyn bolmaga we onuň bilen düşünişip bilmäge gaty köp mümkinçilikleri berer.

## Ýigrimi ýedi ýaşly enäniň Internete we çagalara bolan paýhasly garaýyşy

Biziň günlerimizde çagalarymyz Internetiň täsirinden gaçyp bilmezler[1]. Bu gutulgysyzdyr: hatda mekdepde-de diňe Internetde berjaý edip boljak öýe iş tabşyrylýar.

Ýöne indi peýdalanyp bolaýjak köpdürli gorag programma serişdeleri döredildi. Olaryň käbirleri nyrhly, käbirleri bolsa — mugt. Käbirleri smartfonlar üçin, käbirleri — däl. Ine, şeýle programma serişdeleriniň käbirleri:

| | |
|---|---|
| X3 Watch — tölegli / mugt | www.x3watch.com/ |
| Total Net Guard — tölegli | http://afo.net/ |
| Bsecure — tölegli | www.bsecure.com/ |

| | |
|---|---|
| Net Nanny — tölegli | www.netnanny.com/ |
| Covenant Eyes — tölegli | http://covenanteyes.com/ |
| K9 Web Protection — mugt | www1.k9webprotection.com/ |
| Safe Eyes — mugt | www.internetsafety.com/ |
| Cyber Sitter — tölegli | www.cybersitter.com/ |
| Pure Sight — tölegli | www.puresight.com/ |

Programma süzgüjiniň hemme derdiň dermany däldigini ýatda saklamak gerek. Programma serişdesi pornografik saýtlaryň köpüsiniň açylmagyny bökdeýär, emma hemmesiniň däl, galyberse-de ol elektron poçtasyny barlap bilenok.

Çagalarymy goramak üçin men (Dotti) şu hereketleri etdim:

1. Biziň öýümizdäki ähli kompýuterlerdir smartfonlar agşam sagat dokuzdan gijä galman öçürilýärdi. «Gije sagat ondan soň hiç hili gowy zat bolmaz» diýen nakyl biderek ýerden aýdylmaýar ahyry.
2. Men çagalaryma gijelerine otaglarda kompýuterleri, telewizory, smartfonlary işletmäge ýol bermeýärdim.
3. Men çagalarymyň dostlaryny we olaryň maşgalalaryny tanaýardym. Çagalarymyň imansyzlar bilen dostlaşmak mümkinçiligi ýok däldi, emma men olary başga adamlaryň öýlerine ibermeli bolanymda, onda kabul edýän öýüň-de biziň talaplary goldaýan bolmagy gerekdi, ýogsam kesekileriň çagalary biziňkä myhmançylyga gelmelidi.
4. Men çagalaryma Internetde oturmagyň olaryň doglanyndan alýan hak-hukuklary däl-de, eýsem olara berilýän ýeňil-

likdigini düşündirýärdim. Meni köneçil aýal ýa-da köne talaply adam hasap etseňiz-de, men çagalarymyň kitap okanynda we köçelerde oýnanynda öz düşünjeleriniň bolmagyny isleýärdim.

5. Men çagalarymyň Internetde geçirjek wagtlarina çäk belleýärdim. Men käbir maşgalalarda Internetde geçirilýän wagty sylag hökmünde ulanylýandygy hakda eşidipdim. Hatda göz öňünde tutulan hasap ulgamy-da bar eken: çagalar öý işlerine kömekleşmek arkaly sylag utuklaryny toplaýarlar. Maňa beýle pikir ýaraýar: ýatýan otagyny tertibe salmak üçin on minut utuk, nahar taýýarlamak üçin on minut, halyny arassalamak üçin ýigrimi minut utuk we ş.m.
6. Biziň öýümizdäki kompýuterler köp adamly ýerlerde oturdylypdy.
7. Entek çagalarym kompýuteriň başynda otyrka ýa-da smartfonlaryň düwmejiklerini basýarka, men ýatmaga gitmeýärdim.
8. Ahyrynda, çagalar üçin goýlan islendik düzgüni meniň özüm hem berjaý edýärdim. Men olara, Interneti we sosial ulgamlary-da goşup, durmuşyň ähli ugurlarynda görelde görkezmek isleýärdim.

Mümkin, kimdir birine men ene hökmünde öz çagalarymyň aladasyny çakdanaşa edýän ýaly bolup görnerin. Emma eger haýsy tarapa ýalňyşmaklygy saýlamaly bolsa, onda çakdanaşa alada erbetligiň iň azydyr.

## Pornografiýanyň berbat eden maşgalasy.

2012-nji ýylyň ýanwar aýynda Melissanyň, Tomuň we olaryň maşgalasynyň durmuşy hemişelik özgerdi*. Olaryň uly ogly, on

* Maglumaty gizlinlikde gorap saklamak niýeti bilen bu ýerde agzalýan adamlaryň atlary we wakanyň käbir jikme-jiklikleri üýtgedildi.

üç ýaşly Kaýly sorag etmek üçin öýlerine polisiýa geldi. Sorag pursatynda Kaýl özüniň pornografiýa gyzyşyp gidendigini we şol sebäpli-de, öz inisi we jigisi bilen hem-de öýlerinde tiz-tizden bolýan oglanjyk bilen rugsat edilen çäkleri bozandygyny boýun aldy. Melissa bilen Tom gaty agyr tolgunma düşdüler. Olaryň ogluny äkidip, kämillik ýaşyna ýetmedikleri aýry saklamak üçin edara ýerleşdirdiler. Ol üç ýagdaýda jyns gatnaşygy ugurda namysa degmede we gaty agyr jenaýatda aýyplandy.

Melissa bilen Tom öz çagalaryny Rebden gorkmaklykda terbiýeläp, olara ýagşyny we ýamany saýgarmagy öwredýärdiler, olar üçin doga-dilegler edip, mümkin boldugyça olary goraýardylar. Çagalaryň haýsydyr biriniň pornografiýa bilen gyzyklanyp biljekdigi, mundan-da beter, onuň täsirinde hereket edip biljekdigi olaryň aklyna-da gelmändi. Munuň güýjüne we aňsat elýeterdigine kem baha bermek bilen, olar sadalygy ýüze çykardylar.

Kaýl bir gezek gelşiksiz roliklere duş bolup, oňa gaty tiz meýilli bolup ugrady. Ol ene-atasynyň otagyna girip, olaryň süzgüç oturdylmadyk noutbugyndan peýdalanyp başlady. Mundan başga-da, ol öz dostlary bilen hem azgyn jyns gatnaşykly wideolary görmäge başlady. Onuň dostlary olaryňka gelip, «mesihi aýdymlary diňlejek» bolup, Melissadan WI-FI-yň parolyny soraýardylar. Melissa olaryň telefonlarynda parolyň saklanjakdygyny we olaryň indiki geleninde-de internetiň öz-özünden çatyljakdygyny hatda bilmän, sadalyk bilen ähli isleg bildirenlere paroly aýdardy.

Kaýlyň gören zatlary asla özünden goýbermeýärdi. Ol kellesinde peýda bolýan sahnalardan dynyp bilmän, ahyrynda, olaryň täsirinde jyns zorlamany amala aşyrdy. Hossarlary tarapyndan öý tugssaglygyndan geçensoň, ýetginjek şu wagtda synag möhletinde bolup, ikiýyllyk güýçli bejergi programmasyny geçýär. Häli ýakynda oňa öz inisi we gyz jigisi bilen görüşmäge rugsat etdiler, emma bejergi programmasy gutarýança, oňa öýüne do-

lanmak gadagan edilendir. «Ýaşy ýetmedik çagalary azdyryjy» ady indi onda hemişelik galar. Kaýlyň işleriniň üsti açylansoň, onuň özi öz taryhyny ile ýaýratmagy isledi. Ol Melissanyň we Tomuň öz dostlaryny we olaryň maşgalalaryny pornografiýadan we başga-da baglylyklardan gaça durmaga çagyrmaklaryny gazanýar. Kaýl irki çagalygyndan başlap, Mesihiň söýgüsi hakda eşidip gelen hem bolsa, bu ony pornografiýanyň torundan halas edip bilmedi… emma indi bu oňa emele gelen durmuşyndan baş alyp çykmaga ýardam edýär. Ol dyza çöküp, günäleriniň bagyşlanmagy üçin hem-de onuň başdan geçirenleriniň kimdir birine sapak bolup bilmegi üçin dileg edýär.

20

# ÖZ ÇAGAŇYZYŇ ÖZÜNI ALYP BARŞYNA GÖZEGÇILIK ETMEKLIGIŇ ONUŇ ŞAHSY GIŇIŞLIGINE HÜJÜME GEÇJEK ÇÄGI NIREDE?

Çaga ulaldygy saýyn onuň üçin gizlinlik gaty uly ähmiýete eýe bolup ugraýar. Onuň şahsy giňişligine ýol bermeklik — oňa öz ynamyňy we hormatyňy beýan etmek diýmekdir. Ýöne bu ynamy bildirmegi we hormaty goýmagy-da öwrenmek gerekdir.

Meselem, biziň öýümizde otaglaryň gapylary gulplanmaýardy. Biz — ene-atalar düşnükli sebäplere görä öz otagymyzda gulplanyp oturyp bilýärdik, emma welin çagalar öz otaglarynda — ýok. Emma olara bolan hormatymyz we olaryň öz şahsy giňişligine bolan mätäçlikleri sebäpli, (olaryň ol ýerde birnäçe sagatlap yzygiderli näme bilen meşgullanýandygyna) biziň bilesigelijiligimize garamazdan, otaglaryna girenimizde hemişe gapylaryny kakyp girjekdigimizi olara bildirdik, sebäbi biz her bir adamyň gizlinlikde bolmak hukugyna hormat goýýarys.

Köp gezek gulply duran gapa duş bolup, her gezek girmezden ses berip, gapyny kakanymyzdan soň, çagalarymyz biziň hakykatdan-da gapyny kakman girmejekdigimize göz ýetirdiler. Şeýle syýasat olaryň gözünde bize ýene köp ynam we hormat getirdi.

Çagalara ideg etmek boýunça hünärmen Meri Wan-Kleý şeýle gürrüň berýär:

*Çaganyň şahsy giňişliginiň bolmagyna ynam we hormat bilen garamaklyk şertlerinde ol diňe bir ynam we hormat bilen jogap gaýtarmagy däl, eýsem özi üçin möhüm bolan (wagt, beden, otag we ş.m.) ugurlarda şahsy çäkleri goýmaklygy hem öwrenýär*[1].

Hawa, ýöne çaganyň Facebook-daky öz sahypasy babatda nähili bolmalyka? Ýa-da onuň elektron poçtasy? Olar hem onuň şahsy işimikä? Onuň ugradýan habarlaryna we elektron hatlaryna biziň girip bilmegimiz gerekmikä? Biziň jogabymyz: hawa, elbetde! Siz öz çagaňyzyň ähli sosial ulgamlardaky hasaba alnan sahypalaryna girip bilmelisiňiz. Çagaňyzyň otagy onuň ulgamda açan sahypasy bilen bir zat däldir. Facebook ýa-da elektron poçtasy — çagaňyzyň ulanýan islendik sosial ulgamdaky saýtlary size elýeterli bolmalydyr. Onuň Internetdäki işjeňligine gözegçilik etmek siziň diňe bir ene-atalyk hukugyňyz däl-de, eýsem siziň jogapkärçiligiňizdir hem — bu hemme zatdan ileri, çagaňyzy goramagyň usulydyr.

Emma şeýle hem bolsa, bu taýda-da edil otagyň gapysy bilen bolşy ýaly hereket etmek gowy bolar: çagaňyzyň wirtual giňişligine basdyryp girmezden ozal, bu hakda onuň bilen gürrüňleşäýiň. Ogluňyzyň ýa-da gyzyňyzyň «meýdançasyna» rugsatsyz basdyryp girmäň-de, öz araňyzda ynamy we hormaty berkleşdirip biljek bilelikdäki çözgüdi kabul ediň. Ähli parollary we ulanyjynyň atlaryny ýönekeýje talap etmeklik bir ýol, emma çagaňyza özüňiziň ýanynda bolup, onuň gyzyklanmalaryny paýlaşjakdygyňyzy düşündirmek — başga ýol. Kiçi gyzyňyza ýa-da ogluňyza smartfon alyp bermeklik hökmanmy? Belki-de, oňa Internete girip bilmeýän el telefonyny bermeklik ýeterlik bolar? Öz çagaňyz bilen özara düşünişige ýetiň-de, soňra hemişe-de «girmezden ozal gapyny kakmagy» unutmaň.

21

## ÖZ ÇAGAŇYZYŇ «ILKINJI SÖÝGÜSINE» NÄHILI SERETMELI?

Siz özüňiziň «ilkinji söýgiňizi» ýatlap bilýäňizmi — muny kämahallar aýdyşlary ýaly, bu «çaganyň dil açmasydyr». Özüňiziň ilkinji gezek öpüşeniňizi ýa-da ilkinji gezekki el tutuşmalaryňyzy ýada salyp bilýäňizmi? Haçanda siziň «söýýäniňiziň» sizi «söýmegini bes edende» nähili — tas bütin ömrüňiz kül bolan ýaly bolmanmydy näme? Ýaşalyp geçilen ýyllaryň belentliginden seretseň — bu bir sadalyk ýaly bolup görner, emma şol wagtlarda — bu gaty çynlakaýdy.

Näme üçindir köp ene-atalar ýaşlyk döwründe bu duýgularyň nä derejede wajyp bolandygyny ýatdan çykarýarlar. Elbetde, bu entek hakyky söýgi däldi, ýöne şol wagt biz muny bilmeýärdik ahyry, şeýle dälmi? Kimdir biri size bu duýgularyň «hakyky» däldigini aýtjak bolup bir görsün-dä! Bu bizi ýönekeýje kemsider goýardy. Ine, biziň çagalarymyzyň ýagdaýynda-da — şol bir halat.

Çagalarymyz ösýärler, ulalýarlar hem-de biziň olary (ýaşyna seretmezden) özbaşdak saýlaw edip bilýän uly adamlar ýaly kabul etmegimizi isleýärler. Çaganyň başdan geçirýän söýgüsiniň ýa-da ýürek gynanjynyň «çaga dil açmasydygyny» oňa düşündirjek bolmaklyk — eden azabyňa degmejek işdir. Elbetde, wagty bilen bu ýagdaý geçer, şeýdip geçen azaplara ýylgyryş bilen

bakylar, emma welin şu wagt «aşyk-magşuklar» bu hakda eşitmegem islemezler! Şonuň üçin-de, olaryň «ilkinji söýgüsine» biziň edýän jogabymyz ýa-ha olara biziň edýän aladamyzy we olara düşünip bilýändigimizi görkezer, ýa-da bolmasa, biziň doňýürekliligimizi we durmuşa olaryň gözi bilen seretmäge ukyply däldigimizi görkezer.

Öz çagaňyzyň duýgulary hakda bilip, olaryň ähmiýetini gaçyrmaň, has erbedi, ony sähelje-de ýaňsylaýmaň. Gowusy, bu hakyky mümkinçiligi ýene ýakyn bolmak üçin ulanyp, onuň bilen köp zatlaryň gürrüňini etmek ugrunda peýdalanyň. Çagaňyzyň ilkinji söýgi tejribesine çynlakaý çemeleşiň-de, ony ähmiýetsiz we biwagt hasap etmäň. Hakykatda, bir barlagyň gelen netijelerine görä, ilkinji söýgi «adamyň öz durmuşynda başdan geçirenleriniň iň ähmiýetlisi we güýçlüsidir!». [1]

Wagtyňyzy gysganmaň-da, çagaňyza özüňiziň hem şeýle ýagdaýy başdan geçirendigiňizi, bu duýgularyň onuň ulalýandygynyň subutnamasydygyny düşündiriň. Bu mümkinçiligi hakyky söýgüniň nämedigi barada gürrüň etmek üçin ulanyň (3-nji baba seret).

Gürrüň edýärkäňiz yhlasyňyzy ýüze çykarmakda husyt bolmaň: «Hany, işler niçik? Aýt, bakaly!» ýa-da: «Seret, “*indi*” sen şu derejedäki duýgulary başdan geçirmäge taýýar bolupsyň, bu gaty gowy ahyry?» Şu tapgyrda çagaňyzy goldamak bilen, siz oňa anyk duýdurýarsyňyz: oňa wajyp bolan zatlar sizi gyzyklandyrýar we siz hemişe onuň ýanynda. Siziň gürrüňsiz goldawyňyzy şu wagt alyp bilmek bilen, ol muňa geljekde ýene we ýene dolanar.

Londonyň Uniwersitetindäki kollejden bolan barlag geçirijiler aşyk-magşuklar öz söýgülileri barada pikir edýän wagtynda olaryň beýnisine syn etdiler. Netijede olar «beýnisiniň birden dört bölüminde işjeňligiň peýda bolýandygyny anykladylar. Şeýdip, aşyk bolmaklygyň akyl bilen bedeniň tas bütin durşuny öz içine alýan giňişleýin duýgudygy tassyklandy»[2].

Ýetginjeklerde göz öňünde tutulmadyk göwreliligiň öňüni almak boýunça Milli hereketiniň guramaçylary olaryň arasynda sorag geçirip, jogaplaryny «Yzyna jogap bermek» («Talking Back») atly ýygyndyda çap etdiler. Ýetginjekleriň biri şeýle ýalbarypdyr: «Jyns gatnaşyklary, söýgi, özara gatnaşyklar barada biziň bilen dogruçyl bolup gürleşäýiň. Eger biz sizden ýaşy kiçi bolýan bolsak, onda bu biziň aşyk bolup bilmeýändigimizi aňlatmaýar ahyry… Biziň üçin bu duýgular — çynlakaý we gaty güýçli duýgulardyr. Biziň özümize-de, başgalara-da zyýan ýetirmän, munuň hötdesinden gelip bilmäge bize kömek edäýiň»[3].

Eger siz çagaňyza edýän goldawyňyzy, oňa düşünýänligiňizi we söýgiňizi onuň duýmagyny isleýän bolsaňyz, onda onuň duýgularyny çynlakaý kabul ediň.

## 22

# ÖZ ÇAGAŇYZA JYNS GATNAŞYGY MESELESINDE NÄHILI DÜZGÜNLERI WE ÇÄKLERI GOÝMAKLYK GEREK?

Düzgünler wajypdyr. Çäkler gereklidir. Biz-de olary öz çagalarymyz üçin goýmalydyrys. Emma «ýakyn gatnaşyklaryň bolmadyk ýerinde düzgünleriň gozgalaňa getirýändigini» ýatda saklamagymyz gerekdir. Çäklendirmeleriň islendik biri ýakyn gatnaşyk we özara söýgi şertlerinde girizilmelidir. Haçanda siz çagaňyza çäkleri goýup başlanyňyzda, bu kitabyň 3-nji, 4-nji we 5-nji baplaryny gaýtadan okap çykmak size zyýan etmezligi mümkin.

Eýýäm biziň ýazyp geçişimiz ýaly, Hudaý bize «ýok» diýse ýa-da käbir çäkleri goýsa, onda Ol muny her gezek biz hakda alada etmek üçin we bizi goramak üçin söýgüden ugur alyp edýändir. Öz çagalaryňyz üçin jyns gatnaşyklary babatda çäkleri goýýarkaňyz, muny olary söýýändigiňiz sebäpli edýändigiňizi olara bildiriň.

Maňa (Joşa) «saýawan mysaly» juda ýaraýar: ol alada etmegiň we goramagyň bolşuny gaty gowy düşündirýär. Men düzgünleriň saýawana meňzeşdigini diýýärin. Siz ony ýanyňyz bilen alýarsyňyz, haçanda köçede ýagyş bedreden guýýan ýaly ýaganda, siz onuň aşagyndakaňyz, ol siziň aladaňyzy edýär we goraýar. Onuň aşagynda siz ejir çekmersiňiz, ýagny öl-myžžyk

bolmarsyňyz. Ýöne siz öz islegiňiz bilen onuň aşagyndan çykaýsaňyz, siz aladadan-da, goragdan-da mahrum bolarsyňyz, şeýdip onuň netijelerinden ejir çekersiňiz. Siz süllümmaý ezilersiňiz. Gutarnykly saýlawy etmek siziň eliňizde.

Siziň çagaňyz muňa düşünmelidir: siziň goýan çäkleriňiz — siziň oňa bolan söýgiňiziň, ony alada bilen gurşap alyp, ony goramak isleýändigiňiziň netijesidir. Indi bolsa, esaslara düşünenimizden soň, geliň, siziň nähili ajaýyp çäkleri goýmaly boljakdygyňyz hakda gürrüň edeliň. Biz size bäş sany çäk girizmegi maslahat berýäris.

## 1. Duşuşyklar

Biziň hemmämiz haçan hem bolsa bir wagt ullakan soraga duş bolarys: çagalarymyza duşuşyga çykmaga haçan rugsat etmeli? Köpleri gaty ýaşka — on bir-on iki ýaşlaryndan duşuşyga çykyp ugraýarlar. Emma eger «eýýäm hemmeler duşuşyp ýörän» bolsalar-da (ýöne on bir-on iki ýaşlylaryň hemmesi beýle edibem duranoklar), entek bu çagaňyza duşuşyga çykmaga rugsat bermek üçin esas däldir.

Gerekli wagt, siz — ene-atalar, öz çagaňyzyň jogapkärçiligini öz üstüne almak üçin ýeterlik derejede kämilleşendigine göz ýetireniňizden soň başlanýar. Bu diýildigi, onuň özi üçin, biziň 3-nji bapda ýazan, belli ahlak ölçegleri goýup bilmäge taýýar diýmegi aňladýar, ýagny şu ölçegleri: arassa, wepaly bolmaga we söýgüni Hudaýyň kesgitleýşi ýaly ýüze çykarmaga bolan sadyklyk. Ýigitlerdir gyzlar bu ölçeglere anyk kesgitleme bermegi başaryp, olara eýermelidirler. Eger olar muňa taýýar däl bolsalar, onda basyşyň öňünde durup bilmän, nika baglaşylmazdan öň jyns gatnaşygyna razy bolmaklary mümkin. Bu ýagdaýda, elbetde, olara duşuşyga çykmak bolmaz.

Mundan başga-da, siziň çagaňyz bilen onuň çak edilýän magşugynyň ýaş aratapawutlyklaryny-da göz öňünde tutmaklyk gerekdir. Ýetginjeklerde göz öňünde tutulmadyk göwreliligiň

öňüni almak boýunça Milli hereketiniň guramaçylary ene-atalara irginsiz (we ýerlikli) çagyryş edýärler: «Gyzyňyzyň özünden ençeme ýaş uly adam bilen duşuşyga çykmagyna aýgytly garşy duruň. Şeýle hem, ogluňyza-da, eger gyz ondan köp ýaş bolsa, onda oňa ýakynlaşmaga ýol bermäň»[1]. Ýene-de:

> *Ýaş gyzlara uly ýaşly ýigitler özüne çekiji görünýärler. Emma eger ýigit gyzdan köp uly bolsa, onda bu howpy ýokarlandyryp, gatnaşyklaryň erk astyndan çykmagyna getirer. Çäk bellemäge dyrjaşyň: olaryň arasyndaky tapawut iki (köp bolsa üç) ýaşdan geçmesin, şeýle bolmasa, onda fiziki güýjüň tapawutly boljakdygy sebäpli, gyz howply ýagdaýa, hatda islenilmedik jyns gatnaşygyna hem girizilip bilner*[2].

«Maşgala üns merkezinde» atly Amerikanyň mesihi guramasynyň maşgalany emele getirmek boýunça barlaglar bölüminiň müdiri Glenn Stenton şeýle düşündirýär: «Ýetginjekler üçin düşnükli düzgünleri goýýan ene-atalar olaryň jyns işjeňliginiň netijelerinden az ejir çekýärler. Şeýle ene-atalar ortaça düzgünleri goýup, çagalaryň nirä we kim bilen gidýändigine pugta gözegçilik edýärler, şonuň ýaly-da, olaryň akyla laýyk geljek “komendant sagadyny” saklamagyny talap edýärler»[3].

## 2. Göwün açyjy köpçülikleýin habar beriş serişdeleri

Barlaglaryň görkezişi ýaly, «Aç-açan mazmundaky teleşowhunlara tomaşa edýän ýetginjekler köp ähtimallyk bilen jyns gatnaşyklaryny ir edip başlaýarlar; wagtynyň köp bölegini telewizoryň öňünde geçirýän ýetginjekler, özüňi jyns gatnaşygy taýdan päk saklamagy erbet zat hökmünde kabul etmäge ýykgynçylykly bolýarlar; ahyrynda-da, aç-açan mazmunly programmalar kada öwrülendigi üçin ýetginjekler şol programmalaryň täsirine aňsat düşýärler». Aýdylanlaryň esasynda, «häzirki döwürdäki çagalaryň entek mekdebe barmazyndan öň telewi-

zoryň öňünde eýýäm bäş müň sagady geçirýändigini» ýatlalyň[4]. Ýöne bu wagtlar nirä seretseň çagalar telewizordan Interneti gowy görýärler[5].

Siziň goýýan düzgünleriňiz çagaňyzyň nirede we näçe wagt telewizora seretjekdiginiň ýa-da beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdelerine ýüz tutjakdygynyň wagtyny, möhletlerini we ýerini çäklendirmelidir.

## 3. Alkogol we narkotikler

Biz çagalarymyza adamyň alkogol ýa-da narkotik kabul etmek bilen diňe bir ahlak ölçegleri saklamak azatlygyny ýitirmek bilen çäklenmän, eýsem onuň azajyk bolsa-da jogapkärçiligi ýüze çykarmak azatlygyny-da ýitirjekdigini gaýtalap durmaga ýadamadyk. Duşuşyk wagtynda alkogol ýa-da narkotik kabul etmek bilen jübütleşmek ýa-da oral jyns gatnaşygy ýaly jyns ýanaşyklarynyň arasyndaky baglanyşygy anyklamak ýeterlik bolar. Birnäçe ýyl mundan ozal «Ýaşlaryň töwekgelçilikli hereketlerine syn etmek boýunça hasabat» şulary görkezdi:

- Şu güne çenli bar bolan jyns işjeňligindäki talyplaryň ortaça 25,6%-i (30,9%-i erkek we 20,7%-i aýal jynsyna degişli) özleriniň eden soňky jyns gatnaşygynda alkogol ýa-da narkotik kabul edendigini aýdýar.
- Şu güne çenli bar bolan jyns işjeňligindäki okuwçylaryň on ikinji synpdakylarynyň 25,4%-i, on birinji synpdakylarynyň 24,7%-i, onunjy synpdakylarynyň 27,7%-i we dokuzynjy synpdakylarynyň-da 24%-i soňky jyns gatnaşygynda alkogol ýa-da narkotik kabul edendigini aýdýar.
- Şu güne çenli bar bolan jyns işjeňligindäki talyplaryň gara bedenlisiniň 17,8%-i, latynamerikanlarynyň 24,1%-i we ak bedenlileriniň-de 27,8%-i soňky jyns gatnaşygynda alkogol ýa-da narkotik kabul edendigini habar berýär[6].

## 4. Ulularyň ýoklugynda öýdäki wagt geçirme

Barlaglaryň görkezişi ýaly, ýetginjekler jyns gatnaşyklaryny mekdepden soň, öýde, ulularyň işden geljek wagtyna çenli edýärler. Şeýle düzgüni goýuň: ulularyň ýoklugynda öýde hiç hili garşydaş jynsdan bolan «dostlar» bolmaly däldir. Çaga gaharlanyp biler: «Çynyňyzmy? Eje, kaka, siz näme, maňa ynanmaýaňyzmy?» Siziň ýeke-täk sebäbiňiziň söýgi, alada we goramak islegiňizdigini düşündirmegiň hut wagtydyr.
Bilim.com saýty şeýle maglumat berýär:

- Hepdede bäş sagat ýa-da ondan azrak wagt öýde ýeke galdyrylan ýigitleriň 75,1%-i, gyzlaryň-da 59,4%-i özleriniň jyns gatnaşygy bilen meşgullanandygyny habar berdiler; hepdede otuz sagat ýa-da ondan köpräk wagt öýde gözegçiliksiz galdyrylan ýetginjekleriň arasynda bu görkeziji ýokarrak — ýigitleriň 87,6%-i, gyzlaryň 72,5%-i.
- Hepdede bäş sagat ýa-da ondan azrak wagt öýde ýeke galdyrylan ýigitleriň 5,7%-i, gyzlaryň-da 15,3%-i özlerine jyns ýollar arkaly geçýän keselleri ýokuşdyrandyklaryny aýtdylar; ýene-de, hepdede otuz sagat ýa-da ondan köpräk wagt öýde gözegçiliksiz galdyrylan ýetginjekleriň arasynda bu görkeziji ýokarrak — ýigitleriň 13,6%-i, gyzlaryň 19,5%-i.
- Ýigitleriň 43%-i we gyzlaryň 27,9%-i iň soňky gezek jyns gatnaşygyny özleriniň öýlerinde edendigini aýdýarlar[7].

Bu ýerde «ABŞ hasylyndan» bir durmuşy maslahaty getireliň:

*Gijäni öýden daşarda geçirmeklik pornografiýa görmäge ýa-da jyns gatnaşygy boýunça tejribeleri edip görmek üçin bahana öwrülip bilýär. Häzirki zaman tehnologiýalary bilen baglanyşykly bolan howpy, edil siziň özüňizde şu derejede çynlakaý bolşy ýaly, beýleki maşgalalar-da (hatda olaryň ýygnakda*

*yhlasly bolanlary-da) duýman biljekdigini göz öňünde tutuň. Özlerini masgara etjek howply ýagdaý ýüze çykanda, çagalaryňyzyň (siziň gelip, özlerini öýe äkitmek üçin etjek jaňlaryna çenli) bellenen hereketleriň anyk meýilnamasyna eýerjekdiklerine göz ýetiriň.*

## 5. Kompýuter, öýjükli telefon, smartfon, Internet.

Biziň günlerimizde ulgama çykyşlaryň 50%-den gowragy kompýuter arkaly däl-de, jübi enjamlary (smartfonlar, iPad, Kindles, we ş.m.) arkaly amala aşyrylýar. Häzir köp ene-atalar öý kompýuteriniň (ýatylýan otagda däl-de) görnüp duran ýerde durmagyny we çagalaryňyzyň gije uklaýan wagtynda Internete çatylan enjamlaryň barynyň ene-atalaryň otagynda durmagyny talap edýärler.

«ABŞ hasyly» — ýygnaklara we maşgalalara jemgyýetiň jyns gatnaşygy babatda basyşyna nädip garşy durup bilmekligi öwredýän mesihi guramadyr. Bu guramanyň işgärleri ene-atalara şeýle maslahat berýärler:

*Goý, siziň çagalaryňyz, häzirki zaman tehnologiýalary bilen baglanyşykly bolan howplaryň olara Hudaýda ýaşamaga päsgel bermezligi üçin, olara gözegçiligi söýýändigiňiz sebäpli edýändigiňizi bilsin. Özüňiziň hüşgär bolup durýandygyňyzy deň-duşlarynyň basyşyna garşy gorag hökmünde ulanmagy olara teklip ediň. Şonda olar islendik wagty: «Men muny edip bilmen, sebäbi meniň hossarlarym bu hakda hökman biler» diýip, aýdyp bilerler. Bu bolsa, ýetginjek-mesihileriň gaty mätäçlik çekýän goşmaça goragyny üpjün eder*[8].

Amerikanyň Ýabany Günbatarynyň döwürleinde käbir edaralar «girişde ýaragy tabşyryň» diýip, talap edýärdiler. Maksat bu edara gelýän adamlaryň howpsuzlygyny üpjün etmekden durýardy. Ine, bir enäniň kellesine gowy pikir geldi: öz çagalaryny-da suňa meňzeşlikde goramak, şonuň üçin ol bir düz-

gün girizdi. Haçanda onuň çagalarynyň dostlary myhmançylyga gelende, ol: «Girişde smartfonlary tabşyryň» diýýärdi. Ol çagalaryň ýat kartasyny ulanyp, öz smartfonlarynda pornografiki suratlary saklap biljekdiklerini, soň Internede çatylmazdan-da, olara öz arasynda tomaşa edip biljekdiklerini bilýärdi. Şeýdip, öz öýünde şu hili ýagdaýlaryň öňüni almak üçin, gapynyň öňünde smartfonlary alýardy-da, çagalar öýli-öýüne dargaşanda yzyna gaýtarardy, bu edil Ýabany Günbatarda ýarag bilen hereket edilişi ýalydy.

Interneti ulanmaga gezek gelende bolsa, «ABŞ hasyly» çagyryş bilen ýüzlenýär:

*Hili ýokary bolan internet-süzgüjini edininiň! Öz öýüňde hiç hili gabaw enjamsyz we süzgüçsiz Internete çykyşyň bolmagy paýhassyzlykdyr. Belki-de, maşgalanyň ähli agzalaryna — enä, ata, çagalaryň her birine — «Covenant Eyes» ýaly «hasabat berijilik boýunça programmanyň» gatnaşyjylary bolmaklyk gerekdir. Bu programma hasabat berijilik boýunça ýoldaş bolan adamlara Internetiň ýerliksiz ulanylýan ýagdaýlary barada habary ýollaýar. Çagalara özüňiň Internet ulgamyna çykyşlaryň barada hasabat berijiligiň göreldesini görkezmek gerek. Şeýle hem siz öz çagaňyzyň hasabat beriji ýoldaşlarynyň biri hökmünde «ýazylyp» bilersiňiz*[9].

Üns beriň, süzgüç-programmalar ykjam enjamlar üçin hem elýeterlidir. 19-njy bapda biz «hasabat berijilik» programmalaryň birnäçesini sanap geçipdik, emma ol sanawy ýene bir gezek gaýtalamak isleýäris:

| | |
|---|---|
| X3 Watch — tölegli / mugt | www.x3watch.com/ |
| Total Net Guard — tölegli | http://afo.net/ |
| Bsecure — tölegli | www.bsecure.com/ |

| | |
|---|---|
| Net Nanny — tölegli | www.netnanny.com/ |
| Covenant Eyes — tölegli | http://covenanteyes.com/ |
| K9 Web Protection — mugt | www1.k9webprotection.com/ |
| Safe Eyes — mugt | www.internetsafety.com/ |
| Cyber Sitter — tölegli | www.cybersitter.com/ |
| Pure Sight — tölegli | www.puresight.com/ |

Mundan başga-da,

*Internet brauzeriň taryhyny, öýjükli telefonyň ýadyny, çatlaryň ýazgylaryny, YouTube-den inderilip alnan wideolary yzygiderli barlap duruň; şeýle hem MySpace-iň (we Facebook-yň) sahypalaryna we çagaňyzyň dostlar sanawyna göz aýlap duruň, onuň köpsanly ulanyjylary öz içine alýan intellektual onlaýn-oýunlaryndaky ýoldaşlaryny öwreniň. Ýetginjeklere ikiýüzli durmuşy alyp barmak arkaly tejribe geçip görmäge mümkinçilik berýän, bu hakyky durmuşdan el çekmäge çenli baryp ýetýän, haýsydyr bir hyýaly jemgyýete ýakynlygyň ýa-da oňa degişliligiň ýalan duýgularyny olara siňdirýän MySpace-e meňzeş saýtlardan peýdalanmaga rugsat bermekden habardar boluň*[10].

Size öz maşgalaňyzda goýmaly bolan başga-da köp çäkler bar. Ýene bir örän wajyp düzgünleriň biri jyns zorlama bilen baglydyr, goý ol zorlama fiziki bolsun ýa-da sözde bolsun, tapawudy ýok. «Sagdynlyk and Fitnes» internet-portalynda çap edilen «Çagalara sagdyn jyns duýgurlyk kadalaryny öwretmek» atly makalada şeýle düşündirilýär:

*Ena-atalaryň iň wajyp wezipeleriniň biri-de — çagalaryny başga bir adamyň şahsy giňişligine we onuň jyns agzalaryna*

*hormat goýmakda terbiýeläp ýetişdirmekdir. Çaga «el degirmek bolmaz» düzgünini öwretse bolar: «Haýyş edýän, adamlaryň jyns agzalaryna eliňi degirme», «Eliňi goýberme», «Eger kimdir biri seniň jyns agzalaryňy elläýse, haýyş edýän, maňa aýt»*[11].

Ine, maşgalada goýmaly çäkler şulardyr. Çagaňyza onuň jyns agzasyny ellejek bolýan islendik adama (hatda garyndaşyna hem) çürt-kesik «ýok» diýmäge rugsat ediň. Hemişe onuň gulagyna guýup duruň: beýle ýagdaýda «ýok» diýmek — gowy we kadaly, ýöne soňundan bu zatlary onuň size derrew gürrüň bermegi wajypdyr.

Siziň çagaňyz üçin goýlan çäkler eýýäm gürrüňini eden saýawanymyz ýalydyr. Olaryň her biri onuň peýdasy üçin hyzmat eder we siziň oňa bolan söýgiňiziň, ony goramaga ymtylyşyňyzyň hem-de onuň gyzyklanmalary hakdaky aladalaryňyzyň ýene bir beýany bolar. Hemme zatdan öň, goý, siziň çagaňyz, hatda eger düzgünleriň özi oňa asla ýaramaýan bolsa-da, siziň pikir ýöretmeleriňiziň soňy ondan sypýan bolsa-da, siziň hereketleriňiziň esasynda oňa bolan söýgiňiziň ýatandygyny bilsin. Esasy zat — siziň ony söýýändigiňize ol düşünsin.

23

# ÝETGINJEKLER NIKA ÇENLI «ÇYDAM EDERLER» DIÝEN PIKIR BOLJAK ZATMY?

Bir gezek men (Joş) Kaliforniýa ştatynda Los-Anželesiň uly awto ýolundan barýarkam, ýoluň gyrasynda ullakan mahabat tagtasyny gördüm. Onda: «Eger sen jyns gatnaşygyny etmezden çydap durup bilmeýän bolsaň, onda prezerwatiw geý». Men muny görüp, pikir etdim: «O nähili bolýar — “jyns gatnaşygy etmezden çydap durup bilmeýän bolsaň”? Eýsem jyns gatnaşygyny ýaşaýşyň barşyndaky bütinleý möhüm zatmy näme? Eýsem-de suwsuz oňup bolmaýşy ýaly, näme, onsuz hem oňup bolanokmy?»

Birnäçe ýyl mundan öň Birleşen Ştatlarda we bütin dünýäde özüni Doktor Rut diýip atlandyran we «jyns gatnaşyklary boýunça ökde hünärmen» hökmünde çykyş eden aýal gaty meşhurlyga eýe bolupdy. Ol uzyn boýly däldi, gartaşanrak, käte gödegräk degişmeleri ulanýan aýaldy, ony tiz-tizden talyplaryň öňünde çykyş etmäge çagyrýardylar.

Onuň Tsinsinnati uniwersitetindäki çykyşy wagtynda talyplardan biri ondan sorady: «Doktor Rut, eger men artyk çydap bilmesem näme?» «Ýaş ýigit, siz garaşyp bilmäge ukyplysyňyz diýip pikirlenmegiň özi bolaýjak zat däldir. Sizdäki hyjuw muny ederden gaty güýçlüdir». Diňleýjiler gulagyňy gapýan el çarpyşmalar bilen gümmürdedi.

Şu nukdaýnazardan, geliň, şu soraglara seredip geçeliň: «Eger meniň tirkeşýän gyzym jyns gatnaşygyny etmegi islemese, men isleýän bolsam näme?» Ýaş ýigit garaşar diýmek boljak zatmy? Eýsem-de Doktor Rut onuň hyjuwynyň gaty güýçlüdigini aýtmanmydy näme? Anha, eger adamy birden «zerurlyk» basaýsa, ol çydap biler diýmeklik samsyklyk bolýar-da, dogrumy? Diýmek, zorlaýjydan başga hili herekete garaşmak bolmaz hä?

Doktor Ruta-da we bu ýaşlaryň bütin nesline-de biz-adamlaryň, instinktler we ygtyýarsyz höwesler arkaly herekete gelýän haýwanlardan tapawutlykda, Hudaýyň keşbinde we Oňa meňzeşlikde ýaradylandygymyza akyl ýetirmegi päsgel berip durmazdy. Jyns gatnaşygy — adamyň erkin saýlawydyr. Men Doktor Rutuň-da we başga-da köp «jyns gatnaşygy boýunça hünärmenleriň-de», eger aýal onuň bilen jyns gatnaşygyny etmäge taýyn däl bolsa, onda erkek adamyň özüni elde saklap biljekdigi bilen hem-de onuň garaşyp biljekdigi bilen ylalaşjakdyklaryna ynanýaryn. Aýaly ýakynlaşyk etmäge zorlamagy kanun gadagan edýär.

Indi näme, erkek adamyň jyns hyjuwy şu derejede güýçlümi ýa-da her niçikde bolsa beýle dälmi? Biziň çagalarymyzy, eger gyz jyns gatnaşygyny etmegi isläýse…, onda oglanyň hyjuwynyň gaty güýçlüdigine ynandyrýarlar. Eger-de gyz birden islemese? Onda oglanyň hyjuwy ejizlärmi? Sizi hiç zat geň galdyranokmy? Geň zat, baglanyşyksyz we hiç hili yzygiderliksiz garaýyş. Beýle garaýyş bilen, toýa çenli «çydap» bilmejekdigini aýdýan ýaş ýigitleriň toýdan soň hem nika wepalylygy saklajakdyklaryna umyt edip bolarmy? Eger maşgalaly erkek adam özi bilen jyns gatnaşygyny etmäge taýyn aýala duşsa, onda ondan öz aýalyna wepalylyga garaşmak paýhasly bolarmyka?

Biz öz çagalarymyzy arassalygyň mümkindigine hem-de muny Hudaýyň we jemgyýetçilik ahlagynyň talap edýändigine ynandyrmalydyrys. Pikirlenmegi kelle arkaly amala aşyr-

malydyr, bedeniň beýleki agzalary arkaly däl. Jyns gatnaşygy –adamyň erkin saýlawydyr, munuň yzynyň netijeleri-de bardyr, olar-da gowy bolup bilişleri ýaly, erbet-de bolup bilerler.

Öňler Kaliforniýanyň Gara bedenli Gözeli bolan Lakita Gart bir söhbetdeşliginde bu hakda şeýle diýdi:

*Birnäçe ýyl mundan ozal men Fanta içgisiniň mahabatynda surata düşýärdim. Arakesme wagtynda nätanyş bir gyz duýdansyz maňa sorag bilen ýüzlendi: «Ýogsa-da, Lakita, seniň jyns gatnaşygyndaky durmuşyň nähili?» Onuň gönüligi we edepsizligi meni aljyratdy. «Bagyşla,— diýip, men jogap berdim.— Ýöne entek mende jyns gatnaşygyndaky durmuş ýok». Gyz galyşmaýardy: «Onda seniň soňky gezekki jyns gatnaşygyň nähili bolandygyny gürrüň beräý», men-de ýene diýdim: «Mende hiç hili soňky gezekki jyns gatnaşygy bolmandy». Men onuň äňi aşak gaçar öýtdüm. «Ynanyp bilemok! — diýip, gyz dowam etdi.— Seniň töweregiňde şunça ýigitler barka, sen özüňi saklaýaň! Sen hiç bolmanda özüňiň bu durmuşda näçe zady sypdyrýandygyň hakda bir bilýäňmi?» — «Bilýäňmi näme, seniňki dogry bolsa gerek,— diýip, men jogap berdim.— Men bu durmuşda köp zady sypdyrdym. Meselem, her gün irden turanyňda, göwrelilik synagy bu gün näme görkezerkä diýip howatyrlanmadan gelýän titremeleri. Ýa-da söýýän ýigidiň seniň ýanyňda we seniň çagaňyň ýanynda bütin ömre bile galyp bilmeýänligi sebäpli, çagaňy dogulmazdan aýyrtmak üçin seni hassahana alyp barýan duýgulary. Men goňşymyň ýylyň-ýylyna şol bir günde toba gözýaşlary bilen özüniň ýagty jahany görmedik çagasyny ýatlanynda, onuň näme duýýandygyna düşünmeýärin. Men ukudan gözümi açanymda, dostum Rod bilen bolşy ýaly, AIDS bilen kesellänleriň ýatýan hassahanasynyň potologyny görmek mümkinçiligini sypdyrdym. Rod özüni hakyky erkek saýyp, özüne gaty buýsanardy! Ol hamana töwerekdäkileriň barynyň "munuň" bilen meşgullanýandygy baradaky ýalana satyldy. Ölmezinden öň ol maňa öz ýolumdan burulmazlygym üçin ýalbardy. Şonuň üçin, meniň pikirimçe, sen gaty mamla! Men durmuşda köp zady sypdyrdym»*[1]

Her bir çözgüdiň netijesi bar. Eger-de siziň çagalaryňyz toý etmezden öň jyns gatnaşygy bilen meşgullanmazlygy, soňra nikada wepaly galmaklygy çözseler, onda olaryň bagtyna, olar köp agyrylary we ýürek gynançlaryny «sypdyrarlar». Şol sebäpden-de, ýaşlar dogry ahlak saýlawyny ederler diýip garaşmaklyk-da, o diýen bir paýhassyzlyk-da däl. Ýöne bize jyns gatnaşygynda arassalykda we wepalylykda ýaşamaklygyň Hudaýyň biz hakda alada etmek we bizi goramak isleginde beren tabşyryklary boýunça ýaşamakdygyny öz çagalarymyzyň gulagyna guýmak gerekdir.

24

## Öz çagaňyza garşydaş jyns wekili bilen özüni dogry alyp barmaklygy nädip öwredip bolar?

Ýaşlarda garşydaş jyns wekilleri bilen gatnaşyk etmekde hiç hili çägiň ýokdugy sizi geň galdyrmaýarmy? Siz ýakynda ýerleşen söwda merkezine baranyňyzda häzirki on iki, on üç, on dört ýaşyndaky ýetginjekleriň özüni alyp baryşlaryna syn edipmidiňiz? Olara ahlak kadalaryny ýa-da ýigitleriň gyzlara nädip gatnaşyk etmelidiklerini hiç kim öwretmedik ýalydyr. Şunlukda, öz körpejeleriňiziň başga jyns wekiline hormat bilen gatnaşyk etmekleri üçin olara nädip terbiýe bermelikä? Sebäbi olary ýaşlykdan muňa öwretseň, onda bu olara geljekde özlerini jyns gatnaşygynda arassa saklamaklyga kömek eder.

Iň täsirli we ygtybarly usul — söýginiň we hormatyň nusgasyny öz nikaň mysalynda görkezmekdir. Biziň gatnaşyklarymyza we hereketlerimize syn etmek bilen, çagalarymyz garşydaş jyns wekilini hormatlamagy ýa-da hormatlamazlygy öwrenýärler.

Bu näçe geň ýaňlansa-da, ata üçin kiçijik gyzyna oglanlary hormat bilen kabul etmegi öwretmegiň iň oňat ýoly — ony duşuşyga çagyrmakdyr. Şunuň bilen birlikde, oňa duşuşyklardan nämä garaşyp boljakdygyna düşünmek-de ýeňil bolar. Bu biziň

gyzlarymyza gaty gowy täsir etdi. Biziň uly gyzymyz Kelli şeýle gürrüň berýär:

*Men entek gaty ýaşkam, kakam meni we gyz doganlarymy duşuşyklara çagyrardy-da, şeýle diýerdi: «Eger seniň geljekdäki ýigidiň özüni edil meniňki ýaly alyp barmasa, onda ony taşla». Ol biziň öňümizden gapyny açardy, gaty mylaýymdy, biziň bilen hormatly gürrüň edýärdi — garaz, erkek adamyň aýal bilen özüni nähili alyp barmalydygyny aýdyň görkezerdi. Men munuň özüm üçin näçe köp zady aňladandygyny indi doly kesgitläp bilýärin. Duşuşyklar meniň üçin kimdir biriniň maňa basyş edýän wagty däl-de, ýaş ýigidi gowurak tanamagyň mümkinçiligi bolupdy. Kakamyň meni çagyran duşuşyklary geljekde maňa ýakymly bolmadyk zat bilen men hamana ylalaşmaly ýaly özümi duýmazlygym üçin, onuň men hakda eden aladasynyň ýeserlik bilen düzülen ýoly bolupdy. Bu birbada ähmiýetsiz ýaly bolup görünýän zat maňa basyşa garşy durmaga we öz şahsy çäklerimi goramaga ýardam etdi.*

Nika we maşgala meseleleri boýunça maslahatçy doktor Kori Allan şeýle maslahat berýär: «Eger sizde gyzyňyz bar bolsa, onda soňa goýmazdan ony duşuşyga çagyryp başlaň. Erkek adamyň özüni nähili alyp barmalydygynyň mysalyny görkeziň: onuň öňünden gapyny açyň, onuň bilen özüňiz gürrüň ediň, ony diňläň, gelşikli tärde geýniň. Bu gyza geljekdäki duşuşyklardan garaşmaly zatlaryň derejesini göterer. Şol bir zat ogullar üçin-de dogry bolar. Eneler hem olary duşuşyga çagyryp, hanymlaryň özlerini duşuşykda nähili alyp barmalydygyny görkezip biler»[1].

Eger siz ata bolýan bolsaňyz, onda gyzyňyzy duşuşyga çagyrmak üçin wagt tapyň. Onuň halaýan naharyny bile iýmek üçin gidiň, onuň göwün açmalaryny bile paýlaşyň. Eger siz ene bolýan bolsaňyz, onda ogluňyz bilen bileje bir ýerlere çykaýyň. Oňa islendik aýalyň nähili gatnaşyklara garaşýandygyny görkeziň. Çagalara garşydaş jyns wekilleri bilen nähili gatnaşyk etmegi öwretmegiň iň oňat ýoly — olara aýdyň görelde görkezmekdir.

25

# Aç-açan mazmundaky SMS-habarlary alyşmaklyga nähili seretmeli we bu meselede näme edip bolar?

Biziň günlerimizde öýjükli telefonlary ulanyjylarynyň jyns gatnaşygy häsiýetdäki suratlary we wideorolikleri alyşýandyklary seýrek däldir.

Ine, häzirki maşgalalaryň duş bolýan zatlary:

- Ýetginjekleriň on iki ýaşdan on ýedi ýaşa çenlisiniň 75%-niň öýjükli telefony bar, olaryň 88%-i SMS-habarlary alyşýarlar. Ýetginjek aýda ortaça 3146 sany habar iberýär, dokuzdan on iki ýaşa çenli bolan çagalar aýda 1146 habar iberýärler[1]. Beýle statistika aljyraňňylyga salyp biler, emma bu ýerde hiç hili geň galmaly zat ýokdur: çagalar nirede bolaýsyn — mekdepdemi, öýdemi, söwda merkezindemi, garaz, olar öýjükli telefonlara «ýelimlenenliginden gopmaýar». Munuň üstesine, ýokary tehnologiýalar açyk mazmundaky SMS-habarlary alyşmak üçin-de az ulanylmaýar. Mümkin, siz öň bu hakda bilen dälsiňiz, emma:
- ýetginjekleriň 20%-i özleriniň ýalaňaç ýa-da ýarym ýalaňaç ýagdaýda gatnaşýan suratlaryny ýa-da wideoroliklerini çap etdiler ýa-da ýolladylar,

- ýetginjekleriň 39%-i jyns gatnaşygy häsiýetli habarlary ýolladylar ýa-da çap etdiler.

Jyns gatnaşygy häsiýetdäki habarlary ýa-da suratlary ýollanlaryň içinde:

- Ýetginjek gyzlaryň 71%-i we ýetginjek ýigitleriň 67%-i bu hili materiallary «öz ýigidine ýa-da gyzyna» iberendigini aýdýarlar;
- Ýetginjek gyzlaryň 21%-i we ýetginjek ýigitleriň 39%-i bu hili materiallary duşuşmak islän kimdir birine ýollandygyny aýdýarlar;
- Ýetginjek gyzlaryň 66%-i we ýetginjek ýigitleriň 60%-i «göwün hoşlamak» üçin ýa-da birine «aşykbazlyk etmek» üçin muny edendigini aýdýarlar;
- Ýetginjek gyzlaryň 40%-i jyns gatnaşygy häsiýetdäki habarlary ýa-da suratlary «oýun edip» ibereindigini aýdýarlar.

Emma welin ýetginjeklere oýun ýa-da näz etme ýaly görünýän zatlar iş ýüzünde jenaýat hasaplanýar. Soňky birnäçe ýyllaryň içinde köp ýetginjekler telefona jyns gatnaşygy häsiýetdäki suratlary iberendikleri üçin jenaýat jogapkärçiligine çekildiler. Kanun boýunça muňa çaga pornografiýasyny döretmek we ony satmak ýaly seredilýär. Ýetginjekler gizlin suratlary ibermegi hiç kim hiç haçan habar tapmajak şahsy işimdir diýen pikire ýykgyn edýärler, emma olaryň ýoldaşlarydyr joralary gelýän suratlaryny ýeňillik bilen üçünji adamlara görkezýärler.

## Onda näme etmeli?

Ýaşlar bilen işlemekde hünärmen El Menkoni bize bäş sany durmuşy pikirleri teklip edýär:

- Ykjam telefonynyň şeýle amallary edip bilmegi siziň çagaňyza gerekmikä — bu hakda çynlakaý pikirlenip görüň.
- Belli bir çäklendirmeleri goýuň. Nahar edinýän wagtda, mekdep sapaklarynda, maşgala gezelenjinde hiç hili habar alyşmak bolmaz. Hawa! Ýene-de, elbetde, gije ýatanda ykjam telefonlary öçüriň!
- Ýene nämedir bir zadyň üstünde ünsüňi jemlemek gerek bolsa, onda-da hiç hili habar alyşmak bolmaz. Ilkinji nobatda bu ýere awtoulagy dolandyrmak girýär. Sorag edilen sürüjileriň ýarysyna golaýy ruluň başynda habar alyşandyklaryny boýun alýarlar. Käbir ştatlarda awtoulagy dolandyrylýarka habar alyşmaklygy kanuna garşy diýlip yglan edilendir.
- Çagaňyz bilen ykjam telefonyny erbet ýollarda ulanmagyň netijeleri barada gürrüň ediň. Aldaw, gelşiksiz habarlar, uýatsyz hat alyşmalar we ş. m. — bularyň bary siziň gadagan etmekligiňizde bolmalydyr. Edilen gulak asmazlygyň agyrdygyny bellemek isleýäňizmi? Çagaňyzyň elinden öýjükli telefonyny bir hepdelik alyp goýuň.
- Eger siz çagaňyzyň kimdir biri bilen gelşiksiz habarlary alyşýandygyny güman edýän bolsaňyz, onda onuň ýazyşanlarynyň taryhyny hemişe görüp çykyp bolar. Hawa, bu yzarlama meňzeýär, emma ene-atanyň esasy wezipesi çagaňyzyň häzirki zaman tehnologiýalaryny jogapkärçilikli we özüne zyýansyz ulanyp bilmekliginden durýar[3].

Hudaý ynsany jyns duýgurly edip ýaradypdyr, emma bu jyns duýgurlygy sagdyn ýa-da sagdyn däl ýollar arkaly beýan edilip bilner. Jyns gatnaşygy babatda bilim bermek boýunça pedagog Logan Lewkoff şeýle nygtaýar: «Çagalar öz jyns duýgurlygyny beýan etmegiň usullaryny gözleýärler, aýratyn hem özüne duşuşyga çykmak we "munuň" bilen meşgullanmak gadagan edilende şeýle etmegi isleýärler. Häzirki zaman tehnologiýalary

olara fiziki dünýäde herket etmezden öz jyns duýgurlygyny ýüze çykarmaga… mümkinçilik berýär»[4].

Düzgünleri çagalarymyzyň boýnuna ýönekeýje dakmagyň deregine, biz gizlin hat alyşma mowzugyny ulanyp, olary bu hadysa hakdaky gürrüňe çekip bileris. Hudaýyň jyns duýgurlygy baradaky niýeti hakda öz çagaňyz bilen gürrüň edip boljak gowy mümkinçiligi elden bermäň. Olar açyk mazmunly SMS-habarlary köplenç iki sebäpden alyşýarlar: birinjiden-ä, özleriniň jyns duýgurlygyny beýan etmek üçin, ikinjiden, öz deň-duşlaryndan galyşmazlyk üçin. Özleriniň bu irki döwürlerinde olar kabul edilmäni isleýärler — galyberse-de, biziň hemmämiz hem şeýle. Öz çagaňyza jyns gatnaşygy barada gürrüň bermek bilen, hakykatda, siz oňa täze duýgulardan we täze durmuş tejribesinden baş alyp çykmaga kömek edýärsiňiz. Söbetdeşligiň barşynda ol öz duýgularyny sagdyn usulda beýan etmegi öwrenýär, emma mekdepde, teleprogrammalarda ýa-da Internetde köplenç bu hili edilenok.

26

# Öz çagaňyzyň jyns gatnaşygyndaky basyşa garşy durup bilmegine nädip kömek edip bolar?

Häzirki çagalar nikadan öň jyns gatnaşyklaryny etmeli däldigi baradaky wagyzlaryň ägirt uly basyşynyň astynda ýaşaýarlar. Olara pynhan gatnaşyklary Hudaýyň döredip, jyns gatnaşygy üçin çäkleri biderek ýere bellemändigini bilmekleri gerekdir. Üstesine-de, bu zatlary olara ýakyn we ynamdar gatnaşyk şertlerinde aýtmak möhümdir. Bu hakda biz kitabymyzyň birinji bäş babynda jikme-jik gürrüň edipdik. Emma çagalarymyzy olaryň mümkingadar duş boljak basyş edilmelerine-de (mysal üçin, üstünden gülünmek görnüşindäki basyşa) taýýarlamak az derejeli wajyplykda däldir. Sosial basyş (aýratyn hem öz deň-duşlary tarapyndan edilmegi) ýetginjegiň durmuşyna gaty güýçli täsir edýär. Öjükdirmelere, duzly sözlere taýyn bolmazdan, çagalar olara nädip garşy durmalysyny bilmeýärler. Ilki bilen öz çagaňyza aşakdakylary özleşdirmäge kömek ediň:

- Gapdaldan şeýle bolup görünse-de, emma hemmeler «munuň» bilen meşgullanmaýarlar.
- Jyns gatnaşygyny etmekden ýüz öwürmeklik ýetginjegi «öýkelege» ýa-da «agzyndan süýdüň ysy gitmedige» öwür-

meýär. Tersine, özüni saklamaklyk ähli «gowy» we «erbet» taraplaryny ölçäp görendigini, soňundan şeýle karara gelendigiňi görkezýär: nikadan öň ediljek ýakynlaşmalar onuň bähbitlerini aňlatmaýar we dogry saýlaw bolmaýar.

- Jyns gatnaşygyny etmek ýetginjegi uly adama öwürmeýär.
- Jyns gatnaşygy hiç haçan hiç kimiň söýgüsini tassyklamaýar.
- Jyns ýakynlaşmasy hiç haçan hiç kimiň pese gaçan gatnaşyklaryny dikeltmedi we aýrylyşmak howpuny aradan aýyrmady.
- Özüne sagdyn baha bermeklik ýetginjege boýdaşlarynyň gülkülerine we öjükdirmelerine garşy durmaga kömek edýär. Öz mertebesine dogry duýgulary bolan ýetginjek, mydama makullanmagyny we kabul edilmegini dyngysyz gözleýän ýetginjekden tapawutlykda, sosial basyş bolan wagtynda egilmeýär.
- Ýigidi ýa-da gyzy öz bähbitlerine laýyk gelmeýän hereketleri etmäge mejbur edenlerinde ulanyp boljak jogaplaryň taýyn «nusgalary» bar.

Aşakda siziň çagaňyz üçin has peýdaly bolup biläýjek jogaplar getirilendir. Olara ýuwaş-ýuwaşdan, bir gezekde biri-ikisine baha berip bilersiňiz. Bu sözler hakykatdan-da ýüze çykan ýagdaýdan halas edip biler.

## Öjükdirmeler we olara dogry jogaplar[1]

| Aýdylan söz | Jogap |
|---|---|
| «Goýsana, hemmeler bireýýäm muny edýärler!» | «Meni bu gyzyklandyranok — men hemmeler däl. Bolsa-da, hemmeler-ä munuň özünden köp gürrüňini edýärler» |

| | |
|---|---|
| «Eger sen meni söýýän bolsadyň, onda meniň bilen ýatardyň». | «Emma sen meni söýýän bolsadyň, onda meniň islemeýän zadymy etdirjek bolmazdyň». |
| «Eger meni söýýän bolsaň…» | «Beýle sözlerden soň jyns gatnaşygy däl, ýöne taşlap gidesiň gelýär»[2]. |
| «Eger meni söýýän bolsaň, …razy bolardyň». | «Emma sen meni söýýän bolsaň, onda öz diýeniňi tutup durmazdyň!» |
| «Eger razylyk bermeseň, onda meni söýmeýäň diýdigiňdir!» | «Bu sözleriň bilen meni söýmeýändigiňi görkezdiň». |
| «Eger sen meniň bilen ýatmasaň, onda men seni taşlaryn». | «Eger seniň halaşýan gyzyň bolmagyň manysy seniň bilen ýatmak bolýan bolsa, onda seniň halaşýan gyzyň bolasym gelmeýär». |
| «Eýsem-de men seniň göwnüňden turamokmy?» | «Göwnümden turýaň. Emma mundan başga-da, men saňa hormat goýýan. Sen görmegeý, şonuň üçin men seni has gowurak tanamagy isleýän». |
| «Jyns gatnaşygy bize ýakyn bolmaga kömek eder». | «Beýle boljagy gümana, çünki men göwreli bolmazlygyň gaýgysyny etmeli bolaryn». |
| «Sen näme üçin meniň bilen ýatmak islemeýärsiň?» | «Islämok — bolany». (Soňunyň düşündirişleri gerek däl). |
| «Hemmeler muny edýär». | «Onda saňa ýene birini tapmak kyn düşmese gerek». |
| «Biz öňler muny ederdigä, indi näme üçin maňa ýok diýýäň?» | «Mende pikirimi özgertmäge hakym bar. Bu meniň bedenim, meniň durmuşym, men indi toýa çenli garaşmagy çözdüm». |

| | |
|---|---|
| «Bolýar-da, geläý indi. Sen isleýäň-ä, men görüp durun!» | «Ýok, ýok, ýok. Harplaryň haýsy biri saňa düşnüksiz? «Ý»? «O»? «K»?» |
| «Seniň hossarlaryň ertire çenli öýde bolmazlar. Belki-de, seniňkä gideris?» | (Bu siziň eliňizdäki artykmaçlygy ulanmagyň mümkinçiligi: ähli zady ene-atalaryň üstüne ýükläň) «O nähili — meniňkä? Nädäýdiň-ä? Ene-atam öýde özleri ýokka hiç kimi öýe getirmäge rugsat bermeýärler!» |
| «Erkek bolasyň gelýärmi?» | «Men şonsuz hem erkek!» |
| «Maňa seni erkek etmäge rugsat et» | «Muňa jyns gatnaşygynyň näme dahyly bar?» |
| «Seniň joralaryňyň hemmesi munuň bilen meşgullanýar» | «Onda näme, bar-da, şolar bilen gezäý». |
| «Hiç kim tejribesiz gyza öýlenmegi islemez». | «Meniň pikirimçe, men bu kadadan çykma bolaryn». |
| «Sen näçe köp zady sypdyrýandygyňy bir bilsediň!» | «Men-de saňa şony diýip bilerin». |
| «Emma men mundan artyk saklanyp biljek däl!» | «Diýmek, toýdan soň hem saklanyp bilmersiň». |
| «Men seni güýçli söýýän ahyry!» | «Toýa çenli garaşyp biler derejede güýçlümi?» |
| «Bu-da tötänlikden bolup biler-ä». | «Jyns gatnaşygy — tötänlik däl. Hemişe saýlaw bardyr, şuny biläý» |
| «Bu şeýle bir ajaýyp». | «Şeýle ajaýyp bolan zat — toýa çenli garaşanyňa degýär». |
| «Biz ikimiz şeýle ýakyn ahyry… Bu hasap dälmi?» | «Ýakyn bolanymyz — nikada diýdigimiz däldir. Nika — ine, hakyky ýakynlyk». |

27

## Jyns gatnaşyklarynda gezýän ýigitler we gyzlar öz durmuşyny nädip arassa sahypadan başlap bilerler?

Köplenç ýigit ýa-da gyz jyns gatnaşygyndaky durmuşa başladygy özünde günäkärlik, utanç ýa-da hatda özüniň biderekdigi ýaly duýgulary başdan geçirip ugraýarlar. Emma olara, ilki bilen Hudaýyň öňünde, bagyşlanma alyp bilmeklerine kömek bermäge sizde mümkinçiligiňiz we hukugyňyz bardyr.

Kimdir biri jyns gatnaşyk häsiýetdäki jenaýaty etse, ol ilki bilen Hudaýa garşy günä edýär. Dawut patyşa gorkudan ýaňa Oňa şeýle gygyrypdy: «Saňa, diňe Saňa garşy men günä etdim, Seniň nazaryňda ýamanlyk etdim…» (Zebur 51:4). Dawut muny näme sebäpden aýtdy we onuň günäsi nämedi?

Hudaý bize bolan mähribanlygy bilen Mukaddes Kitapda dogry adamlaryň mysallaryny beripdir, emma ol adamalar hem käwagtlar *ýaramaz* hereketleri edipdirler. Dawut «Hudaýyň göwnünden turýan adam» bolupdyr, emma ol bir gezek ärli aýal bolan Batşeba bilen zyna edýär. Onuň göwrelidigini bileninde bolsa, onuň äriniň uruşda wepat bolmagyny gurnaýar. Dawut Batşeba we onuň adamsyna garşy günä edipdi, şeýle hem bolsa, ol ahyrsoňy Hudaýa garşy günä etdi. Näme üçinkä?

Hudaý bizi Özi bilen kämil dostlukda ýaşamagymyz üçin, Onuň ýagşylyk getiriji tabşyryklaryny berjaý etmegimiz üçin hem-de esasynda Oňa ynam we boýun bolma ýatan gatnaşyklardan lezzet almagymyz üçin Öz niýetinde ýaratdy. Şonuň üçinde haçanda biz Onuň tabşyryklaryny bozsak, onda ýüregimizde Oňa garşy günä edýäris.

Hudaý Özüniň mähribanly bilen bize günä eden wagtymyzda ýüregimizde ýazyklyk we utanç duýgusyny başdan geçirmekligi berdi, sebäbi bu duýgy bizi Onuň şatlyk bilen berjek bolýan bagyşlanmasyny gözlemäge mejbur edýär. Mukaddes Ýazgyda şeýle aýdylypdyr: «Emma günälerimizi boýun alsak, sadyk hem adalatly Hudaý günälerimizi bagyşlar we bizi her hili ýamanlykdan tämizlär» (1 Ýohanna 1:9).

Hakykat biziň eden günälerimiz sebäpli jeza laýykdygymyzdan durýar, emma Mukaddes Ýazgyda aýdylyşy ýaly, Hudaý «…bizi hemişe ýazgaryp durmaz, Öz gaharyny baky saklamaz. Ol bize günälerimize görä garanok, ýazyklarymyza görä Ol gaýtaranok. Çünki gökler ýerden nähili belentde bolsa, Rebbiň sadyk söýgüsi Ondan gorkýanlara şonça-da beýik. Gündogar günbatardan nähili uzakda bolsa, şonça-da Ol günälerimizi bizden aýyrýar (Zebur 103:9–12). Näme üçin Dawut «Demirgazyk günortadan nähili uzakda bolsa» diýmän, «Gündogar günbatardan nähili uzakda bolsa» diýip ýazypdyr? Zebur kitapdaky Mezmurlary aýdyjy ýewreýleriň tükeniksizligi aňladýan sözüni ulanypdyr. Demirgazyk bilen günortanyň aralygyny ölçäp bolýar, sebäbi biziň planetamyzyň Demirgazyk we Günorta polýuslary bardyr, emma welin gündogar bilen günbataryň aralygyny ölçäp bolmaýar. Eger siz gündogar tarapa ugrasaňyz, onda siz bütin ömür gündogara gider oturarsyňyz. Eger günbatara gitseňiz — onda bütin ömür günbatara gidip bilersiňiz. Hudaýyň bagyşlamasyna nähili ajaýyp mysal! Bu babatda bagyşlanma teşne bolýan öz çagaňyz bilen hökman paýlaşyň. Hudaýyň hemişe oňa rehim etmäge taýyndygyny we muny isleýändigini, goý, ol bilsin.

Rebbiň mähribanlygy baradaky mowzugy açmak bilen, öz çagaňyzyň her bir adama elýeterli bolan bagyşlanmany alyp bilmegi üçin, oňa aşakdaky ýedi ädimi ädip bilmegine kömek ediň.

**1. Edileni günä diýip atlandyryň.** Bagyşlanma tarap ilkinji ädim — eden hereketiňi öz ady bilen atlandyrmakdyr: günä. Siziň çagaňyzyň şuny bilmegi gerek: Hudaýyň erkine garşy edilýän zatlaryň her biri — günädir. Nämedir bir zady günä diýip boýun almaklyk — günäniň boýun alynmagynyň şertidir.

**2. Günäňizi boýun alyň.** Mukaddes Kitapda şeýle aýdylýar: «Emma günälerimizi boýun alsak, sadyk hem adalatly Hudaý günälerimizi bagyşlar we bizi her hili ýamanlykdan tämizlär» (1 Ýohanna 1:9). «Günämizi boýun alsak» diýmek näme? Bu Hudaý bilen iki zatda ylalaşmak diýmekdir: birinjiden, biz günä edendigimizi Onuň öňünde boýun alýarys, ikinjiden, Onuň bizi bagyşlaýandygyny boýun alýarys.

**3. Hudaýyň bagyşlamasyny kabul ediň.** Siz öz günäsini boýun alyp, oňa hakyky puşman edip, emma soňundan eden işi üçin Hudaýyň ony hakyky bagyşlandygyna şübhelenip, sustupeslikde ýaşaýan adamy görüpmidiňiz? Günäni boýun almak we Hudaýyň bagyşlamasyny kabul etmek — biziň çagalarymyz üçin iki sany möhüm ädimdir. Eger Hudaýyň olary bagyşlandygyna ynanyp bilmeseler, onda olar öz-özüni nädip bagyşlasyn?

Jyns gatnaşygy işjeňliginde gezýän ýigitlerdir gyzlaryň köpüsi üçin bu kyn ädim. Hudaýyň biziň ähli günälerimizi bagyşlajakdygy baradaky berýän wadasyna (1 Ýohanna 1:9-a seret) garamazdan, nikadan öň jyns gatnaşygyny edýän ýaşlar köplenç Onuň bu wadasyna kynlyk bilen ynanýarlar. Ýigitler we gyzlar özlerini Hudaýyň söýgüsine mynasyp bolmadyk ikinji derejeli, şowsuz adamlar ýaly duýýarlar.

Öz çagaňyza biziň hiç birimiziň öz hereketleriniň ýa-da duýgularynyň hiç biri bilen rehimi gazanyp bilmejekdigini düşünmäge kömek ediň. Biz bagyşlanmany eden günämiziň agyrlygyna ýa-da biziň oňa bolan duýgularymyza bagly bolmazdan alýarys.

Bagyşlanmanyň esasy diňe bir zatdyr — Mesihiň getiren gurbanlygydyr. Hudaý ozaldan biziň günä etjekdigimizi bilýärdi, şonuň üçin-de, Ol öz Ogluna ynsan tenini geýinmäge we haçyň üstündäki ölüme gitmäge rugsat etdi. Haçdan Isa: «Hemmesi berjaý boldy!» diýip gygyrdy, soňra ölümden direldi, şeýdip, biz özümize gerekli bolan günälerimiziň ötülmegini aldyk. Mesihiň getiren bagyşlamasyny almak bilen, çagalarymyz Mesihiň ölümi we ölümden direlmegi arkaly beýan edilen Hudaýyň merhemetiniň olaryň eden jyns gatnaşygyndaky günäsiniň ýeterlik muzdy diýip boýun alýarlar.

**4. Özüňiz özüňizi bagyşlaň.** Adamlaryň içinde günälerini boýun alyp, Hudaýyň-da olary bagyşlandygyna ynanyp, emma öz-özüni bagyşlap bilmeýänleri-de az däl. Şol bir zat biziň çagalarymyza-da degişli. Jyns gatnaşygyndaky günäni edeninden soňra, olar Hudaýdan gelýän däl-de, eýsem öz-özünden döreýän günäkärlik duýgusy bilen ýaşap bilerler.

Söýgi we geçirimlilik gurşawyny döretmek bilen, biz çagalarymyza Mesihiň bagyşlamasy barada ýygy-ýygydan aýdyp durmalydyrys.

Siz öz çagaňyza onuň ýalan günäkärlik duýgusyny başdan geçirýändigine we minnetdarlykdan dolan ýüregiň öz-özüňi ýazgarmagy ýeňip geçmäge kömek edýändigine düşünmäge kömek ediň. Öz çagaňyza Hudaýa alkyş aýtmagy, söýgüsi we bagyşlamasy üçin Oňa minnetdarlyk bildirmegi öwrediň. Minnetdar ýürek öz mertebäňi peseltmeklik duýgusyny ýok edip biljek Hudaýyň merhemetini alyp bilmäge ukyplydyr.

**5. Toba hasylyny getiriň.** Belki-de, bu ädim hakda aýdýan adam az bolsa gerek, emma muňa garamazdan, haçanda adam, aýratyn hem jyns gatnaşygy ugurda, Hudaýyň bagyşlamasyna we kimdir biri bilen gatnaşyklarynyň dikelmegine mätäç bolsa, onda bu örän wajyp ädimleriň biridir. Mukaddes Kitapda şeýle aýdylypdyr: «Mundan beýläk eden tobaňyza mynasyp miwe beriň» (Mattanyň Hoş Habary 3:8). Biz çagalarymyzy diňe bir jyns

gatnaşygyndaky günäleriniň bagyşlamasyny şertsiz kabul etmäge däl-de, eýsem, olaryň ozalky ýola gaýdyp gelmezligi üçin, olary gündelik dogry çözgütleri kabul etmäge-de höweslendirip durmalydyrys. Toba etmeklik — bu diňe bir günäden ýüz öwürmek baradaky däl-de, eýsem Hudaý we ýakynlaryň bilen gatnaşyklary berklerşdirmek ugrunda ädimleri ätmek baradaky hem gaýratly çözgütdir.

**6. Öňünde hasabat berip biler ýaly bir adamy tapyň.** Biziň her birimizde bizi Mesihde söýýän we biziň oňa bil baglap bilýän, biziň durmuşymyzdaky jyns gatnaşygyndaky azgynlygy we hapalygy görüp, onuň üçin bizi jogapkärçilige çagyryp bilýän adamymyz bolmalydyr. Beýle adam biziň bilen bir jynsyň adamy bolup, ol Mesih bilen gatnaşyklarda ýaşaýan bolmalydyr.

Çagaňyza onuň hasabat berip biljek adamyny tapmalydygyny düşündiriň. Eger bu siz bolmasaňyz, onda çagaňyzyň ynamda güýçli we ondan hasabat sorap biljek başga bir adamy tapmagyny soraň.

**7. Garşysynda günä eden adamyňyzdan geçirim soraň.** Her gezek, biz nikadan daşarda kimdir biri bilen jyns gatnaşygyny edenimizde, ol adama garşy günä edýäris. Çagaňyza ol adamyň ýanyna baryp, bolan zat üçin ondan geçirim soramalydygyny düşündiriň. Bu olaryň gatnaşyklaryna bejergi berer, olaryň bolmaly ýerine — ýokary we arassa derejesine alyp geler.

Hudaý bizi we biziň çagalarymyzy söýýändigi üçin höküm edýär. Eger biziň çagalarymyz günä etseler, onda biz ene-atalar hökmünde olaryň bagyşlanma almaklary üçin gerekli ädimleri ätmegine kömek edip, olara hyzmat etmek mümkinçiligini alýarys.

28

# Oral jyns gatnaşyklarynyň hem hakyky jyns gatnaşygydygyna çagalaryň köpüsi ynanmaýar. Olaryň bu ýalňyş pikirini nädip dargadyp bolar?

Oral jyns gatnaşygy mowzugynda köp bulam-bujarlyklar we düşnüksizlikler bar. Ony hakyky jyns gatnaşygy hasaplamalymyka? Näme sebäpden çagalar onuň bilen meşgullanýarlar? Bu ýagdaýda päklik saklanýarmyka? Mukaddes Kitap bu hakda näme diýýär? Oral jyns gatnaşygy wagtynda jyns ýollar arkaly geçýän keseller ýokuşyp bilermi? Ene-atalar nähili çäre görmeli? Geliň, bu soraglara jogap bereliň.

## Oral jyns gatnaşygy näme?

Sözlügiň kesgitleme berşine görä, jyns gatnaşygy — bu «jyns höwesli hadysa ýa-da hereket». Bedeniň haýsy agzasy munda gatnaşmasyn, emma jyns gatnaşygy jyns gatnaşyk bolýar. Oral jyns gatnaşygy jynsy tolgunma, gyjyndyrma we jynsy kanagatlanma getirýärmi? Jogap — hawa. Organizm oral jyns gatnaşygynda hem edil jübütleşme wagtynda bolşy ýaly täsirlenýär. Ten we beýni tolgunýar, jyns agzalary täsirlenýär, organizm gatnaşyjylaryň arasyndaky baglary berkleşdirip, «super ýelim» ýaly

hereket edýän gormonlary bölüp çykarýar, dofaminiň akymy bolsa, olary köpräk teşnelige mejbur edip, hadysanyň gaýtalanmagyny talap edýär. Ýürek siziň jyns gatnaşygyny edýändigiňize ynanýar. Oral jyns gatnaşygy hem jyns gatnaşykdyr.

Aşakdaky fiziki galtaşmalaryň dört görnüşi jyns gatnaşygy hasaplanylýandyr, sebäbi olar biziň bedenimizde fiziki we himiki täsirlenmeleri döredýär:

1. Oral jyns gatnaşygy (agyz — jyns organy);
2. Manual gyjyndyrma (el – jyns organy);
3. Jyns organlarynyň galtaşmagy (jyns organy — jyns organy);
4. Aralaşma, girme.

Şu ähli dört ýagdaýda hem gatnaşýanlaryň arasynda baglanyşyk döräp, olaryň dördüsi hem sizi jyns ýollar arkaly geçýän keselleriň ýokuşmak howpuna salýar. Şu hereketleriň islendik birinde gatnaşýan adama jyns gatnaşygyndaky işjeňlikde ýaşaýan adam diýilýär.

### *Biziň çagalarymyz oral jyns gatnaşygy barada näme pikir edýärler?*

- Talyplaryň bäşden dördüsi oral jyns gatnaşygyny jyns gatnaşygy hasap etmeýär[1].
- Biziň döwrümiziň ýetginjekleriniň 80%-i oral ýakynlaşygyna jyns gatnaşygy hökmünde seretmeli diýip hasaplamaýarlar[2].
- Ýetginjekleriň on bäş ýaşdan on ýedi ýaşa çenli bolanlarynyň ählisiniň ýarysy oral jyns gatnaşygynyň sözüň doly manysyndaky jyns gatnaşykdygyna ynanmaýar[3].
- Çagalar oral jyns gatnaşygyna wyždanyň azabyny duýmak, abraýdan düşmek ýa-da öz gymmatlyklaryň we düşünjeleriň garşysyna gitmek töwekgelçiligi bolmadyk hem-de

waginal jübütleşmeden alynýan lezzeti alyp boljak usul hökmünde seredýärler[4].

- Ýetginjekleriň 40%-i oral jyns gatnaşygyny «howpsuzrak» hasap edýär, emma olaryň 20%-i bolsa, jyns gatnaşygyndaky infeksiýalaryň oral jyns gatnaşyk arkaly hem geçýändigini asla bilmeýärler[5].

*Çagalar oral jyns gatnaşygy bilen näçe ýygylykda meşgullanýarlar?*

- On bäş ýaşdan on ýedi ýaşa çenli bolan ýetginjekleriň 36%-i oral jyns gatnaşygy bilen meşgullanandygyny boýun alýarlar. On bäş ýaşdan ýigrimi ýaşa çenli bolan ýaşlaryň arasynda bu göterim mundan-da beýik[6].
- Jübütleşme tejribesi bolan ýetginjekleriň on bäş ýaşdan on ýedi ýaşa çenli bolanlarynyň 75%-i hem oral jyns gatnaşygyny edipdirler; jübütleşme tejribesi bolmadyk ýetginjekleriň on bäş ýaşdan on ýedi ýaşa çenli bolanlarynyň 30%-i hem oral jyns gatnaşygyny edipdirler[7].
- Täze Angliýanyň mekdep okruglarynyň birindäki onunjy synplaryň 25%-i oral jyns gatnaşygynda bolan ýoldaşlarynyň birnäçesini çalşandyklaryny habar berdiler. Gyzlar üç-dört sany şeýle ýoldaşlarynyň bardygyny aýtdylar[8].

*Näme üçin çagalar oral jyns gatnaşygyny edýärler?*

- Talyplary oral jyns gatnaşygyna sosial basyşy mejbur edýär. ýetginjekleriň 92%-den gowragy ýokary synplarda öz päkligiňi saklamaklygy dogry we gowy hasap edýärler[9], emma şunuň bilen birlikde, köp ýetginjekler özleriniň «päkligini ýitirmän» oral jyns gatnaşygy bilen meşgullanyp biljekdiklerine ynanýarlar. Jyns gatnaşygyndaky işjeňlikde bolýan ýetginjegiň her dördünjisi oral jyns gatnaşygyny jübütleşmeden gaçmagyň kadaly usuly hasaplaýar[10].

- Oral jyns gatnaşygy ýaşlaryň arasynda şu derejede ýaýrandyr, hatda olaryň köpüsi üçin bu gündelik we ähmiýetsiz zada öwrülen. Elbetde, bu ýerde deň-duşlaryň basyşy uly rol oýnaýar. Oral jyns gatnaşygynyň başyny başlaýjylar ýigitlerdir, emma gyzlar hem muňa gaty höwesjeň gatnaşýarlar. Munda özüne pes baha berýän gyzlar öz ýigidinden aýrylmazlyk üçin ýa-da öz toparyndan galyşmazlyk üçin oral jyns gatnaşygyna girişýärler.

*Oral jyns gatnaşygynda jyns gatnaşygyndaky infeksiýalar geçirilip bilnermi?*

- Oral jyns gatnaşygy bilen gonoreýanyň, sifilisiň, gerpesiň adamyň papilloma wirusynyň arasyndaky baglanyşygy subut edildi[11].
- Eger adamyň durmuşynyň dowamynda bäş ýa-da ondan-da köp adam bilen oral jyns gatnaşygy bolan bolsa, onda onuň bokurdak rakynyň bolmak ähtimallygy 250%-e çenli artýar[12]. Eger oral ýoldaşlarynyň sany altydan geçýän bolsa, onda howp 45%-e çenli artýar[13].
- Adamyň papilloma wirusynyň oral ýokuşmasynda bokurdak rakyny almagyň ähtimallygy 32%-e çenli artýar[14].

## Siz ene-atalar hökmünde näme edip bilersiňiz?

Hemme zatdan öňürti jyns gatnaşygynyň nämedigini çagaňyza anyk düşündiriň. Ony oral jyns gatnaşygy arkay bagly bolan howplar bilen, şeýle hem abraýyň üçin we özüňe baha bermekligiň uzak möhletli netijeleri bilen tanyş ediň. Ýaşlaryň medeniýetine düşünmek we siziň çagaňyzyň günde gatnaşýan dünýäsini bilmek gaty zerurdyr. Deň-duşlardan gelýän meýillendirme we basyş biziň günlerimizde gaty ýokarydyr, emma oral jyns gatnaşygyna gatnaşmaklyk uzak möhletli netijeleri alyp gelýär. Jübütleşmäniň ornuny tutujy hökmünde oral jyns gatnaşygyna

gatnaşmak kararyna gelmek bilen, biz bu hakdaky ýatlamalara hemişelik beýnimizde galmagyna böwet bolup bilmejekdigimize düşünmelidiris.

Hudaýyň niýeti biziň «tehniki» ýol bilen päkligimizi saklap, jyns gatnaşygyndaky işjeňligi ýüze çykarmagymyz däldir. Çagalaryňyza ýene bir gezek Hudaýyň jyns gatnaşygyny döretmek bilen, onuň nämä niýetlenini we durmuşdaky ornuny, edil biziň kitabymyzyň birinji bölüminde ýazylyşy ýaly edip düşündiriň. Efeslilere ýazan hatynda resul Pawlus şeýle diýýär: «Araňyzda azgynlyk, haramlyk, açgözlük edýän bolmasyn. Beýle zatlar Hudaýyň halkyna gelişmeýär» (Efeslilere hat 5:3). Hudaý bize nikadan daşarda jyns gatnaşygyndaky işjeňlige rugsat bermeýär, ol onuň görnüşleriniň arasynda tapawut görmeýär. Haçanda Hudaý bizi her hili jyns gatnaşygyndaky haramlykdan gaçmaga çagyranda, Onuň ýekeje maksady — bizi goramak we bize nikanyň içinde bolýan ýakynlykdan boldugyndan köp lezzet almak mümkinçiligini bermekdir.

29

# Özüne sagdyn baha bermeklik siziň çagaňyzy nikadan öňki jyns gatnaşyklaryndan nädip gorap biler?

Aşakda iki ýetginjegiň aýdanlary mysal getirilýär:

*Men özüme berýän bahamy götermek üçin nikadan öň jyns gatnaşygyny etdim.Eden her bir jyns gatnaşygym meniň erkek bolandygymyň tassyklamasy boldy, ondan başga-da bu maňa geýim çykarylýan otagdaky «gahrymançylygym» bilen magtanmaga mümkinçilik boldy.*

*Men özümiň erkek hökmünde mertebämi bilmek üçin garşydaş jynsyň ünsüni gazandym. Şeýle ünsüň her bir alamaty meniň özüme berýän bahamy göterýärdi.*

Bu aýdylanlaryň ikisi-de ýaş ýigitlere degişli bolsa-da, öz mertebesini pes tutýan gyzlar hem şuňa meňzeş gürrüňleri edýärler. Olar öz-özüne özüniň gymmatlydygyny subut etmek üçin, özleriniň özüne çekijidigini we garşydaş jynsa ýaraýandygyny subut etmek üçin, özüne berýän bahasyny galdyrmak üçin we boýdaşlarynyň toparynda abraýyny götermek üçin özlerini jyns gatnaşygyndaky durmuşa çekmäge ýol berýärler.

Şu ýagdaýda olaryň köpüsi hut özüne kem baha berýändigini tassyklap, jyns gatnaşygyndaky işjeňlige geçýärler. Adamlar

özlerini nähili görseler şol boýunça-da hereket etmäge ýykgynçylykly bolýarlar. Biz durmuşa haýsydyr bir linzanyň üsti bilen seredýän ýalydyrys, görýän zadymyza baglylykda-da biz näme pikirlenmelidigimiz we näme etmelidigimiz barada çözgüde gelýäs. Meselem, eger ýetginjek gyzyň özüne berýän bahasy aşak bolsa, onda ol basyş edilen wagtynda özüne hakykaty ýoýup görkezýän adaty linza arkaly seredip, şeýle pikir edip biler: «Men barybir hiç zatça-da duramok, beýle bolsa, tapawudy näme? Erbet hereketler — erbet adamlaryň işidir, hemmesi dogry». Tiz wagtda-da, şeýle pikirler şoňa laýyk hereketlere getirer.

Biz gyzlary diňe ýalpyldawuk žurnallaryň daşyndaky gözeller bilen deňeşdirmäge mejbur edýän medeniýetiň şertlerinde ýaşaýarys. Daş keşbiňe bolan ýokary talap diňe bir gyzlara däl, eýsem ýigitlere-de bildirilýär. «Maşgala üns merkezinde» guramasyndan bolan, ýaşlar boýunça bölümiň hünärmeni Rob Jekson şeýle ýatladýar, ýagny biz ene-atalar hökmünde...

> *...olaryň baky ýaşaýşy üçin Hudaýyň tölän bahasynyň esasynda — Isa Mesihiň dökülen ganynyň esasynda, çagalarymyzyň jedelsiz gymmatlydygyny jar etmäge ygtyýarymyz bardyr. Ne çaganyň öz hereketleri, ne-de olary daş-töwerekdäkileriň makullamagy indi olaryň durmuşynyň gymmatlydygyny ölçemeli däldir. Ýeke-täk ölçeg — bu çaga ugrunda amala aşyrylan Isa Mesihiň edermenligi we her bir adamyň Mesihi ýüregine kabul etmek bilen Gökdäki Atamyzdan alýan makullamasydyr. Ine, näme sebäpden size öz çagalaryňyza muny öwretmegiňiz gerek, onda-da muny diňe bir akyl derejesinde däl-de, eýsem emosiýalaryň derejesinde-de etmelidir*[1].

Biziň çagalarymyz aýratyndyrlar, munuň sebäbi olaryň haýran galdyryjy üstünlikleri ýa-da zehinleri däl-de, olary Hudaýyň kim edip ýaradany we olar ugrunda Onuň näme edenidir. Haçan-da ene-atalar Hudaýda kök uran öz mertebäňi ýokary tutmagyň göreldesini görkezseler, onda bu çaganyň öz mertebesini ýokary tutmagyna uly täsirini ýetirýär.

Ýetginjeklerde göz öňünde tutulmadyk göwreliligiň öňüni almak boýunça Milli hereketiniň guramaçylary «ene-atalar we maşgalanyň beýleki agzalary isleseler-de, islemeseler-de islendik ýagdaýda öz çagalarynyň we maşgalanyň beýleki agzalarynyň özüne berýän bahasynyň emele gelmegine täsir edýärler — saýlaw diňe muňa gowy ýa-da erbet täsir etmekdedir» diýip, çak edýärler[2]. Barlaglara laýyklykda, eger çagalar maşgalada özüniň gymmatlydygyny duýýan bolsalar, onda bu «on sekiz ýaşlaryna ýetende çynlakaý depressiýanyň ýüze çykmak howpuny peseldýär»[3]. Dokuz ýaşynda özüniň gymmatlydygyny duýmaklyk «geljekde özüne berjek bahasyna gowy täsir edip, depressiýa ýaly (aýratyn hem erkeklerde bolýar), narkotiki baglylyk ýaly, özüni öldürmek baradaky pikirler, şahsyýetara kynçylyklar ýaly, ýapyk we özüni howsalaly-depressiw halda alyp barma ýaly, şeýle hem agressiw hereket hem-de hukuk bozujylyga ýykgynçylyk ýaly howplary peseldýär»[4].

Çagalaryňyza hormat goýuň we olary ýokary tutuň. Goý, olar Hudaýyň hem olary ýokary tutýandygyny bilsinler. Olara aşakdaky getirilen hakykatlary tiz-tizden gaýtalap duruň. Siz oňa: «Sen — aýratyn adam, sen gaty gymmatlysyň, sebäbi sen hakda Hudaý …

- Seni söýýändigini (Ýohannanyň Hoş Habary 3:16 seret),
- Seniň — Onuň çagasydygyňy (Ýohannanyň Hoş Habary 1:12 seret),
- Seniň saýlanandygyňy (Efeslilere hat 1:4 seret),
- Seniň günäleriň geçilendigini (Efeslilere hat 1:7 seret),
- Seni Onuň Özüniň ýaradandygyny (Efeslilere hat 2:10 seret),
- Sen Onuň dostudygyňy (Ýohannanyň Hoş Habary15:15 seret),
- Seni goraýandygyny (1 Ýohanna 5:18 seret)

aýdýar diýip bilersiňiz».

Häzirki zamanyň dünýewi medeniýetiniň şertlerinde, haçanda hakykata «ýetip bolmaýan» hasaplanylanda, haçanda akyl ynamy basyp ýatyranda, tebigy ylymlar bolsa, barlyga akyl ýetirmegiň ýeke-täk çeşmesine öwrülende, çagalarymyza ýeke-täk üýtgewsiz bir zada — olaryň Ýaradyjysy bolan Hudaýyň olary söýýändigine we olary hiç bir şertsiz kabul edýändigine bolan ynamlylyk her haçan bolşundan gaty köp gerekdir. Çagalar köplenç deň-duşlarynyň olar hakda näme pikir edýändigine baglylykda, özleriniň mekdepdäki üstünliklerine, başdan geçiren tejribesine, öz ukyplaryna we zehinlerine baglylykda özüne baha bermäge ýykgynçylyk edýärler. Emma öz çagaňyzyň durmuşyna gaty köp täsiri barybir siziň özüňiz edýärsiňiz. Özüňiziň onuň gyzyklanmalary hakda köp pikirlenýändigiňizi, oňa mümkin boldugyndan tiz-tizden bildirip duruň, Hudaýyň hem ony söýýändigini we ol hakda alada edýändigini oňa hemişe ýatladyp duruň.

Çagalar bilen ýakyndan gatnaşyk gurmak — olara geljekde jyns basyşynyň öňünde durup bilmäge kömek etmegiň wajyp ýollarynyň biridir. Haçanda maşgala gatnaşyklarynda çynlakaý mähir we söýgi bar bolsa, onda çagada özüne sagdyn baha berip bilmegi başarmak we siziň goýýan çäkleriňiziň diňe ol hakda alada etmek we ony goramak üçin gerekdigine düşünmek mümkinçiligi köp bolýar. Öz çagaňyza söýgi we alada içinde düşünje bermek bilen siz onuň özüne sagdyn baha bermek ukybyny kämilleşdirmäge kömek edýärsiňiz we onuň häzirki zaman dünýewi medeniýetiniň heläkçilikli täsirine garşy durup bilmegine goşmaça güýç goşýarsyňyz.

30

# Öz çagasy bilen jyns gatnaşygy hakda gürrüň edýän paýhasly ata-ene bolmaklygyň alty usuly

Häzirki zamanda çagalary jyns gatnaşygyndaky basyşa garşy durup bileri ýaly terbiýelemek ýeňil iş däl. Bu kitapda biz size muny nähili edip boljakdygynyň birnäçe maslahatlaryny we ýollaryny teklip edip, olar peýdaly bolar diýip umyt edýäris. Bu kitabyň birinji bölüminde eýýäm bellenip geçilişi ýaly, bu ýerde aýgytlaýjy zat ýakyn gatnaşyklardyr. Siziň çagalaryňyz bilen söhbetdeşligi nähili edişiňiz, edil siziň söhbetdeşlik üçin tapýan bahanalaryňyz ýaly wajypdyr, hatda olardan köp bolsa bolar, emma olardan az derejede däldir. Indi bolsa, siziň bilen bilelikdäki barýan ýolumyzyň jemleýji tapgyrynda, biz size öz çagalaryny jyns gatnaşyklaryndan Hudaýyň niýetine laýyklykda lezzet almaga taýýarlaýan has paýhasly we täsirli ene-atalar bolmaklygyň alty usulyny teklip etmegi isledik.

Ene-atalar hökmünde, biz bu alty usulyň biziň öz maşgalamyz üçin peýdaly bolandygyny, şeýle hem, biziň baha berip bilşimiz ýaly, olaryň başga maşgalalara-da kömek edýändigini size aýdyp bilýäris.

## 1. Hemişe soraglar arkaly ýakynlaşmagy başarýan ata-ene boluň.

Mowzugyň haýsy derejede bize ýaramaýandygyna garamazdan, biz çaganyň her bir soragyna, olaryň her birini ýeterlik derejede wajyp hasap etmek bilen jogap bermäge taýýar bolmalydyrys. Entek çagalar soraýarka, biz olaryň maslahatçylary bolup bileris. Esasy zat — biziň olardan näme eşidýändigimize garamazdan, mümkin boldugyça rahatlygy we tolgunmazlygy saklap, dogruçyl we göni jogap bermegimizdir.

Bir bolan zady mysal getireýin. Bir gezek, biziň gyzymyz Keti on üç ýaşyndaka, men (Joş) ony we onuň jorasy Sarany daga gezelenje äkitdim. Ulagymyň yzy görkeziji aýnasyndan olara syn edip, olaryň bir zatlary pyşyrdaşýandygyny, maňa soragly gözleri bilen ogrynça seredip, ýene-de pyşyrdaşmagyny dowam etdirýändiklerini gördüm. Olaryň aňynda anyk bir «ynjyk» zat bardy.

Dogrudan-da: ahyrsoňy Keti öňdäki oturgyja geçip oturdy, Sara bolsa bizi oňat görüp bilmeklik üçin oturgyçlaryň aralygyndan kellesini sokdy, şol bada-da şeýle ses ýaňlandy: «Kaka, meniň soragym bar. Şeýle, bolgusyz bir zat…». Men munuň çynlakaý gürrüňdigine derrew düşündim. «Kaka, oral jyns gatnaşygy nämekä?» Men tas ýoldan çykypdym! Sekizinji synp gyzyň berýän soragyny! Men aljyradym, emma muny görkezmejek boldum-da, hemme zady açyk gürrüň berdim. Men gürrüňi gutaranymda, gyzym: «Nähili ýürek bulanyjy!» diýip gygyrdy, soňra ulagyň yzky oturgyjyna, öz jorasynyň ýanyna geçdi.

Saranyň şol gije meniň sözlerimi öz ejesine ýetirjekdigine düşünýändigim üçin, men çyndan howsala düşüpdim. Öýe gaýdyp gelensoň, men bolan zady ilki bilen Dottä gürrüň berdim, soňra Saranyň ejesine jaň edip, biziň gürrüňimiziň nämeden başlandygyny we meniň näme jogap berendigimi oňa düşündirip berdim. Telefonyň aňyrky tarapynda uly dymyşlyk boldy, men pikirimde iňňirdedim: *«Wah! Muňa kişiniň çagasyny goşmaly däldim ahy-*

*ry!»* Soňra sesli dem alyndy-da, meniň söhbetdeşim şeýle diýdi: «Hut *size* ýüz tutandyklary üçin Hudaýa şükür!»

Hemişe sorag bilen ýanyna baryp boljak ene-ata boluň. Goý, siziň çagaňyz siziň bilen islendik wagty islendik zat barada gürrüň edip bolýandygyny bilsin. Hatda onuň soragy sizde utanjaňlygy döredäýse hem, muny çagaňyzdan gizlejek boluň. Eger ol siziň çekinýändigiňizi biläýse, onda ol howply mowzugy gozgadym diýip pikir eder. Eger siz hemme soraglar üçin özüňiziň açykdygyňyzy oňa bildirseňiz, onda onuň öňünde Hudaýyň döreden we niýetlän jyns gatnaşygy dünýäsini ädimme-ädim açyp barjak ilkinji öwüt-nesihatçy bolmaklyk mümkinçiligine eýe bolarsyňyz.

## 2. Diňlemäge ukyply ata-ene boluň.

Haçanda biz çagalarymyzy üns bilen diňlesek, onda şeýle etmek bilen olaryň özüniň hem-de olaryň bize aýdýanlarynyň haýsy derejede biziň üçin wajypdygyny görkezýäris. Eger siz diňläp bilmeýän bolsaňyz, onda siziň islendik sorag üçin açyk bolanyňyzyň hem manysy azdyr.

Gowy diňleýjiniň ukyplaryny görkezip bilmek üçin edýän işiňizden ünsüňizi sowuň-da, çagaňyza seretjek boluň. Hawa, muny hemişe edip bolmaz, ýöne başa baraýsa, onda siz çagaňyza ony üns bilen diňlemäge taýyndygyňyz hakda we onuň size aýtjak bolýan zadynyň siziň üçin wajypdygy hakda duýduryş berýärsiňiz.

Köp ene-atalar özleriniň gowy diňleýji bolmagy isleýändikleri, emma çagalarynyň olar bilen ýöne bir az gürrüň edýändikleri barada zeýrenýärler. Beýle ýagdaýlarda olary gepletmek üçin sorag berip bolýar. Siz çagaňyza sorag bermek bilen…

- oňa özüňiziň hormatyňyzy ýüze çykarýarsyňyz hem-de siziň üçin onuň pikiriniň gymmatlydygyny görkezýärsiňiz;
- gürrüňi edilýän zat hakda oňa eýýäm bellidigini anyklaýarsyňyz;

- onuň bilýänleriniň haýsy derejede hakykata laýyk gelýändigini bilýärsiňiz;
- aýratyn tassyklamalary ýa-da gürrüňiň mowzugyny anyk edýärsiňiz;
- jogap bermek üçin sözleri tapar ýaly wagt utýarsyňyz;
- onuň ol ýa-da bu maglumaty kabul etmäge taýynlygyna baha bermäge mümkinçilik alýarsyňyz.

Aşakda siziň çagaňyz bilen gürrüňleriňizde kömek edip biljek mahsus bolan soraglaryň birnäçesini getirýäris.

1. Sen Internetden özüňde utanç duýgusyny döreden ýa-da bilesigelijiligiňi oýaran nämedir bir zat görmediňmi?
2. Bu nähili geçdi? Sen özüňi nähili duýduň?
3. Seniň dostlaryňdan kimdir biri tötänlikden ýa-da ýöriteläp pornografiki roliklere tomaşa etmänmi?
4. Sen … hakda näme pikir edýäň?
5. Sen … hakda näme eşitdiň?
6. Sen … hakda eýýäm näme bilýän bolsaň gürrüň beräý?

Şulara meňzeş ýönekeý soraglar size çagaňyz bilen ikiçäk gürrüňe başlamaga kömek eder, ondan soň siz özüňiziň gowy diňleýjilik ukyplaryňyzy görkezip bilersiňiz.

## 3. Düşünjeli ata-ene boluň

Biziň eýýäm 4-nji bapda ýazyşymyz ýaly, gatnaşyklar — düşünjeleriň ösüp çykýan bereketli topragydyr, olar-da öz gezeginde, ýetginjekleriň gymmatlyklarynyň emele gelmegine täsir edip, olaryň hereketlerini kesgitleýär. Çagalar özleriniň jyns gatnaşygyndaky hereketleri barada öz gymmatlyklarynyň esasynda çözgüde gelýärler, olaryň toplumyny bolsa, olar ilkibaşdan sizden alýarlar. Ine, näme sebäpden siziň berk Mukaddes Kitap düşünjeleri bolan ene-ata bolmagyňyz şeýle wajyp.

Gymmatlyklar näme? Biziň çözgütlerimiziň, gatnaşyklarymyzyň we hereketlerimiziň esasynda duran şahsy özümiz tarapdan kabul edilen hakykatlardyr. Siz-de, ene-ata hökmünde, öz gymmatlyklaryňyzy öz çagaňyza bermäge diňe bir borjuňyz däl-de, eýsem muny edip bilmäge iň gowy mümkinçilikleriňiz hem bardyr.

Bir barlagyň maglumatyna laýyklykda, «ýetginjekleriň 26%-i özleriniň jyns gatnaşygy bilen meşgullanmaýandyklarynyň sebäbiniň din bilen we ahlak gymmatlyklary bilen baglydygyny aýdypdyrlar»[1].

Glenn Stenton «Iň ähmiýetli saklap durujy sebäp» diýen makalada ene-atalaryň öz çagalaryna nähili gymmatlyklary geçirýändiginiň wajypdygyny belleýär:

> *Ýetginjekleriň jyns gatnaşygyndaky hereketlerine ene-atalaryň biperwaý garamagy ýigitler üçin bolşy ýaly, gyzlar üçin-de, howpuň güýçli sebäbi boldy. Ene –atalaryny özleriniň nikadan öň jyns gatnaşygyndaky işjeňlikde ýaşamaklaryna garşy däl hasaplaýan ýetginjekleriň jyns gatnaşygyndaky durmuşa ir başlamaklyga gaty ýykgynçylyklydygy geň zat däldir*[2].

Milli seçimli sorag edilmäniň netijelerine laýyklykda, «ýetginjekleriň 64%-i özleriniň jyns gatnaşygyndaky hereketlerine ahlak gymmatlyklaryň hem önelgelilik saglygy boýunça maglumat hyzmatlarynyň täsir edişinden az derejede täsir etmeýär diýip jogap berdiler, şol bir wagtda ýetginjekleriň tas dörtden biri (23%-i) ahlak gymmatlyklaryň has wajyp sebäpdigini habar berdiler»[3].

Sizde jyns gatnaşyk babatda emele gelen esasy gymmatlyklaryň sanawyny düzmek üçin wagtyňyzy gysganmaň. Eger aşakdaky soraglara ýazmaça jogap berseňiz, onda munuň size kömek etmegi mümkin:

1. Jyns gatnaşyk babatda men nähili düşünjelere eýerýärin we olaryň haýsy birini öz çagama-da geçirmegi isleýärin?
2. Men näme üçin muny dogry hasap edýärin?

3. Bu meniň durmuşyma nähili täsir etdi?
4. Bu meniň çagamyň durmuşyna nähili täsir edip biler?

Biz size aşakda getirilen gymmatlyklaryň sanawynyň üstünde pikirlenmegi maslahat berýäris. Belki, ol sizi we siziň maşgala agzalaryňyzy öz şahsy pikirleriňize ruhlandyrar:

- jyns gatnaşygy nika üçin neýtlenendir;
- Hudaý söýgüdir;
- çagalar Rebbiň sowgadydyr;
- biri-biriňizi söýüň;
- biz Hudaýyň keşbinde we Oňa meňzeşlikde ýaradyldyk;
- zatlary däl-de, adamlary gowy görmeli;
- dostluk;
- hormat;
- wepalylyk;
- mertebe;
- arassalyk;
- dogruçyllyk;
- ygrarlylyk;
- ygtybarlylyk;
- Mukaddes Kitap — Hudaýyň hakykatydyr;
- jyns gatnaşygy — ajaýyp zatdyr;
- göwrelilik;
- özüňi alyp baryş;
- nika;
- tanyşlyk, yzyna düşmeklik;
- sylamak;
- biziň geýnişimiz;
- toý.

Siz öz esasy gymmatlyklaryňyzy kesgitläniňizden soň, olary öz çagaňyz bilen adaty ýagdaýda, onuň ýüregine düşmän paýlaşmak üçin wagt tapyň.

## 4. Öz çagasynyň dostlary bilen dostlaşýan ata-ene boluň

Agşam sagat altynyň ýarynda öýümize myhmanlar gelişip ugrady. Men (Dotti) ýedi ýaşlarymdadym, şonda-da men dostlarym we joralarym üçin çynlakaý oturylyşyk etmek üçin olary ýörite myhman naharyna çagyrypdym. Ýekeje kynçylyk-da meniň bu hakda ejemi duýdurmagy ýadymdan çykaranymdy. Emma maňa gaharlanyp, çagalary-da öýli-öýüne dargadyp goýbermegiň deregine, ejem höwes bilen myhman saçagyny taýýarlamaga durdy-da, birnäçe badamly köke gutularyny, süýjüli demir gaplary we miweli gaplary getirdi. Bu biziň bufetimiziň jemi bar zatlarydy, şeýle hem bolsa, biziň baýramçylygymyz başa bardy, onda-da gaty gowy başa bardy! Öz adaty boýunça ejem öz öňünde myhmançylyga gelen her bir çaga üns bermek meselesini goýdy. Ol olaryň her birine özüni aýratyn we islegli adam hökmünde duýmaga mümkinçilik berdi. Ejem özüniň etmeli gündelik işlerine laýyk gelşine garamazdan, meniň ähli dostlarymyň durmuşy bilen gyzyklanyp çykdy, bu bolsa olaryň durmuşyna-da, meniň durmuşyma-da gaty uly täsirini ýetirdi.Munuň üstesine, ejem olaryň söýgüli adamyna we gahrymanyna öwrüldi.

Öz çagalygyňyzy ýadyňyza düşüriň. Size kimiň ene-atasy hemmeden köp ýaraýardy? Näme üçin? Olar size nähili täsir etdiler?

Maňa täsir eden aýratyn hem iki mysal ýadymda galdy: biri erbet, beýlekisi gaty gowy.

Çagalykda meniň bir aýratyn joram bardy. Biz birinji synpdan tä ýedinji synpa çenli ýakyn gatnaşykda bolupdyk. Biz bilelikde gyz-skautlar toparynda bolupdyk, hasany oýnatmak boýunça sapaklary bile geçýärdik, suwda ýüzüşlige gatnapdyk, tikinçilik derslerine bile barardyk we ş.m. Ýedinji synpdan soň men başga ştata göçdüm, emma dokuzynjy synpda okuw döwründe ony görmäge bardym.

Bir ýyllyk aýralykdan soň, men onuň bosagasyna nädip ylgap baranym anyk ýadyma düşýär. Men ony ýene-de görmäge

howlugýardym. Gapyny onuň ejesi açdy. Joram entek öýlerine gelmändir, şonuň üçin men birnäçe minut garaşmaly boldum. Gürrüňiň başy ýadyma düşmeýär, emma soňra men geçen ýylda, özümiň giden döwrümde, joram gowy ýaşadymy diýip soradym. Öýüň eýesi gowy diýip tassyklady-da, birdenem äri ikisine «durmuşda birinji gezek» gyzynyň öýlerine joralaryny çagyrmagynyň ýarandygyny goşdy. Bu aýal özleriniň hiç haçan gyzynyň joralaryny gowy görmändiklerini, emma ahyry hemme zadyň üýtgändigini belledi.

Bu sözler meni haýran galdyrdy. Çekinmeden we tolgunmadan ýaňa ýere giräýjek boldum. Giden ýedi ýyldyr, men olarda myhmançylykda bolupdym! Düşünip bilemok, näme üçin ol beýle diýdi! Ýöne bu agyryly we kemsidijidi. Şu günler hem ol aýaly ýatladygym, onuň *şol sözleri* ýadyma düşäýýär. Men özümiň şunça ýyllap olaryň öýünde bolan wagtymda näme erbet iş edendigimi we näme bilen şeýle agyr boýun alma mynasyp bolandygymy öz-özümden wagtal-wagtal soraýaryn.

Başga bir tarapdan bolsa, meniň golaýymda ýaşaýan joramyň ejesi meni gaty gowy görýärdi. Muňa şübhelenmek welin bolmazdy! Ýadyma düşýär, bir gezek men çeçýotka tansyny edýärdim — meniň saçlarymy burum-burum etmek üçin bu ene biziň öýmüze gelip, soňundan bütin maşgalasy bilen çykyş konsertimde-de bolup, hatda meniň çykyşymy surata-da düşüripdi. Ol hakda pikirlenenimde, men onuň ýanynda özümi nähili aýratyn duýýandygymy, olaryň öýlerine baranymda onuň nähili güýçli begenji ýüze çykarýandygyny ýadyma düşürýärin. Gör, nähili tapawut!

Siz çagaňyzyň dostlarynyň köp ýyllardan soň hem sizi ýatlamagyny isleýäňizmi? Mümkin boldugyndan köp gowy täsir etmegi çözüp, olaryň durmuşyna gatnaşyň. Şeýle etmek bilen, siz…

- çagaňyza onuň üçin wajyp adamlaryň siziň üçin hem wajypdygyny bildirýärsiňiz;

- çagaňyzyň şu wagt nähili täsiriň astynda gezýändigine gowy düşünersiňiz;
- özüňizi çagaňyzyň we onuň dostlarynyň söhbetdeşlik edesi gelýän we pikirini diňlemegi isleýän adamy edip goýarsyňyz, bu bolsa, ähtimal, deň-duşlarynyň çagaňyza edýän erbet basyşyny peselder.

Biz gezek biziň kiçi gyzymyz Hizer men (Joş) tanamaýan bir ýaş ýigit bilen beýsbol oýnuna gitmekçi boldy. Men oňa özümiň howatyrlanmalarymy aýdanymda, şobada şeýle jogap eşitdim: «Kaka, köşeş. Ol seni şu derejede sylaýar welin, seniň makullamadyk hiç bir zadyňy etmäge özüne ýol bermez».

Öz çagaňyzyň töweregindäkiler üçin gahryman boluň. Bu derejä ýetmek üçin köplenç aýratyn tagalla etmek gerek bolmaýar, sebäbi çagalaryň köpüsi öz dostlarynyň hossarlary tarapdan ünse asla garaşmaýarlar ahyry. Men (Joş) oglumyzyň ýa-da gyzymyzyň myhmançylyga çagyran çagalary bilen gürrüňleşmäge hemişe mümkinçilik tapýardym. Men ýönekeýje tanyşlyk berýärdim-de, olaryň kimdigine, näme bilen gyzyklanýandygyna özümiň biperwaý däldigimi we olary öz öýümizde görenime gaty şatlanýandygymy görkezip, olar bilen birnäçe wagt geçirýärdim.

Mundan başga-da, men çagalarymyň meşgullanýan sport toparlarynyň agzalaryna aýratyn üns berýärdim. Men şatlyk bilen olara janköýerlik ederdim, hatda eger sportyň şol görnüşinde tejribäm bolaýsa, onda olara bu ugurda peýdaly maslahatlar-da bererdim. Siziň «gahryman» derejäňiz çagaňyza nähili göni täsir edýän bolsa, onuň dostlary bilen edýän siziň öz gatnaşyklaryňyza-da edil şeýle ýagdaýda täsir edýändir.

## 5. Beýleki ata-eneler bilen gatnaşyk saklaýan ata-ene boluň

Beýleki ene-atalar bilen gatnaşyk saklamaklyk, size olaryň bilimini paýlaşyp bilmegiňize kömek eder. Birmeňzeş gyzyklanma-

lary, tejribesi we maksatlary bolan pikirdeşler bilen özara hereket etmek arkaly siz çagany nädip terbiýelemelidigi baradaky köp, dogrudan-da, gymmatly bolan maslahatlary alyp bilersiňiz. Adatça, iň gowy durmuşy düşünjeler we pikirler, siziň çagaňyz bilen boýdaş bolan ýa-da olardan ulurak bolan, ýa-da hatda ulalyp ýetişen çagalaryň ene-atalaryndan çykýandyr. Olaryň maşgalalary — terbiýelemek boýunça pikirleriň, bilim bermekdäki gurallaryň, sport we dynç alyş teklipleriniň, şeýle hem düzgüne, saglyk we jyns gatnaşygy babatda bilimlilige degişli maslahatlaryň ajaýyp çeşmesidir.

Men (Dotti) ene bolanymda, meniň ýakyn joralarymyň biriniň eýýäm bäş sany çagasy bardy. Ol ussat enedi. Men onuň her bir ädimine syn edýärdim. Her bir täze tapgyrda men oňa maslahat üçin ýüz tutýardym. Joram meniň üçin goldawyň ýöne bir egsilmez çeşmesine öwrüldi. Hut ol maňa nämäniň wajypdygyna we nämäniň wajyp däldigine düşünmäge kömek etdi. Men şu günlerem oňa gaty minnetdardyryn! Ynama, buýsanja we hormata mynasyp başga ene-atalary tapmak — bu gymmatly hazyna tapmak bilen deňdir.

Mundan başga-da, belki-de siziň hyzmatdaşlyk edesiňiz geläýjek birnäçe guramalar-da bardyr. Mekdebe çenli çagalaryň enelerine men «Halkara MOPS» guramasyny maslahat berýärin. Olaryň adresi — MOPS.com. Olaryň maksady — eneleriň we mekdebe çenli çagalaryň göwrede galan gününden başlap, tä mekdep partasyna çenli döwürdäki mätäçliklerini kanagatlandyrmaga ýardam bermek. Biziň gyzlarymyzyň üçüsi bu saýty özleri üçin gaty peýdaly gördiler.

Meniň kizi gyzym «Çaga arabasy bilen uly ädimler» atly eneler we körpeler üçin fitnes programmany maslahat berýär (strollerstrides.com). Beýleki ene-atalar bilen duşuşmaga, şeýle hem bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaga şadyýan we howpsuz şertleri bolan ýeri gözleýän ene-atalara, biziň gyzlarymyzyň özleri ene bolanda olara köp şatlyk getiren

(www.littlegym.org we www.mommyandme.com) toparlary bardyr.

Ýene bir ajaýyp çeşme — «Halkara doga-dilegdäki eneler» atly gurama (ozallar «Ejeler bilen gatnaşykda» (Momsintouch. org)). Onuň edýän işi eneleri doga-dileg etmek üçin birleşdirip, bütin dünýä ýüzündäki çagalara we mekdeplere Isa Mesihiň täsirini ýaýratmakdan durýar.

Biziň berk ynanyşymyz ýaly, ýekäniň çaňy çykmaz, şonuň üçin birmeňzeş gymmatlyklary bolan beýleki ene-atalar bilen gatnaşmaklyk sizde täze görnüşli pikirleriň oduny ýakar we täsirli ýollary paýlaşmak meselesinde (aýratyn hem jyns gatnaşygyndaky bilimlilik meselesinde) peýdaly bolup biler. Geliň, hakykatyň gözüne dogry seredeliň. Çagalar bilen jyns gatnaşygy hakynda gürrüň etmek üçin belli bir derejede gaýrat gerek bolýar. Diňe bir bu hakdaky pikiriň özünden titremedik we haýsy sözler bilen näme diýmelidigini gaýgyrmadyk ene-ata biz entek duş gelmedik. Ine, näme üçin gürrüň etmek şeýle wajyp.

## 6. Öz çagasy bilen bilelikde arzuw ediji ata-ene boluň

Çagalaryň terbiýesi we saglygy baradaky mowzuklarda ýazýan Laura Flinn Makkarti «Maşgala ýygnanyşygy» žurnaly üçin ýazan özüniň makalasynda şeýle belleýär: «Özlerine köp zady wada edýän geljegiň garaşýandygyna ynamly bolan çagalar garaşylmadyk göwrelilik meselesine beýlekilerden has paýhasly garaýarlar… Umyt — iň oňat kontraseptiwdir»[4].

Hudaý Ysraýyl ogullaryna şeýle diýdi: «Çünki siziň üçin niýetlän meýillerimi Özüm bilýärin. Muny Reb aýdýandyr. Bular size ýamanlyk etmek däl-de, umytly geljek bermek üçin parahatlyk niýetleridir» (Ýermeýa 29:11). Reb Öz halky üçin gahrymandy. Özüniň aýratyn halkdygyny duýýan ysraýyllylar Onuň iň beýik isleglerini ödemäge yhlas etdiler.

Haçanda biz öz çagalarymyz üçin gahryman bolup, olary arzuw etmek sungatyny öwredenimizde, bu olary ganatlandyrýar,

şeýdip, munuň netijesinde olar hem biziň olardan garaşýanlarymyzy ödejek bolýarlar. Süleýman patyşa şeýle diýýär: «Uzaga çeken tama ýürek derdidir, hasyl bolan isleg ýaşaýyş daragtydyr» (Süleýmanyň pähimleri 13:12).

Çagalykda meniň (Dottiniň) söýgüli gahrymanym Piter Pen bolupdy. Onuň taryhy — asla ulalmadyk oglan hakyndaky ajaýyp ertekidi. Bu taryhyň täsin pursatlarynyň biri Piteriň uçup bilýänligidi. Kitapda — siziň muny bilýändigiňize ynamym bar,— eýjejik bir gahryman bar: Din-Din atly kiçijik peri. Ol täsin ukyba eýedi — onuň jadyly tozgajygy üstüne sepen adamy hem, edil Piter Pen ýaly, uçup bilerdi.

Bu taryhdan meniň ýüregim ýöne tolgunma düşýärdi. Ol meniň bütin çaga hyýalymy gaplap alyp, ony men ýene we ýene diňlemäge taýýar bolýardym. Bu meniň arzuwymdy, men ol hakda gürrüň edýärdim, aýdym aýdýardym, onuň bilen ýaşaýardym! Uçýan oglan hakdaky gürrüň başladygy, meni derrew bagt gurşap alýardy!

Häzirkim ýaly ýadymda: maňa bäş ýaş töweregi bolanda, men tötänlikden öýümizdäki ýerkümä girdim. Ol ýerdäki kir ýuwujy maşynyň üstünde «Ak garjagaz» atly kir ýuwujy serişdäniň ullakan gutusyny gördüm. Onuň her bir dänejigi gar tozgajygynyň şekilindedi. Birden mende ajaýyp pikir peýda boldy.

Men Wendiniň, Maýklyň we Jonuň, edil Piter Pen ýaly uçup bilmekleri üçin, Din-Diniň olary jadyly tozgajyk bilen sepelän erteki sahnasyny hakykatda başdan geçirip biljekdim. Nähili ajaýyp pikir! Tolgunmadan we şatlykdan ýaňa titräp durşuma, men serişdäni goşawuçlap alyp, bütin ýerkümä sepeläp ugradym. Hatda onlarça ýyllardan soň hem meniň ýüregimde şol täsin şatlyk ýaşaýar. Bu ýatdan çykmajak pursat bolupdy. Men işimi tamamlanymda, bütin ýerküme «tozgajyklara» gömlüpdi!

Birnäçe wagtdan men ýerkümäniň gapysynyň açylýanyny… we basgançaklardan ädim seslerini eşitdim. Bu meniň ejemdi!

Onuň ýerinde köp eneleriň näme diýjegini göz öňüne getirýärin. Şulara meňzeş bir zatlary aýdardylar:

- Sen näme etdiň?
- Sen nämäniň pikirini etdiň?
- Sen näme, *ähli* serişdäni zaýaladyňmy?
- Sen onuň näçe durýandygyny bir bilýäňmi?
- Bu tertipsizligi bir gör-le! Men gahardan ýaňa özümi elde saklap bilemog-a!
- Garaş bakaly! Kakaň öýe bir gelsin!…
- *Häziriň özünde* bu ýerini ýygna!
- Ýene bir gezek şunuň ýaly edäýseň — bir ýyllap otagyňdan çykmarsyň!

Ýöne meniň ejem beýle däl! Ol hahaýlap güldi-de, meni dyzyna alyp, munuň näme aňladýandygyny sorady. Men oňa munuň Din-Diniň jadyly tozgajygydygyny aýdanymda, ol meni ähli wakany ýene birnäçe gezek gaýtalamaga mejbur etdi. Biziň ikimiz-de gülüşdik, soňundan — arkaýyn we şatlyk bilen bilelikde ýerkümäni tertibe getirdik.

Bu waka ejemiň meni söýýändigi, onuň meniň ejem bolmagy halaýandygy we men hakda alada edýändigi baradaky pikirlerimde meni has-da berkitdi. Mundan başga-da, ejemiň *meniň bilen birlikde arzuw etmäge* ukyplydygy, maňa wajyp bolan zatlaryň (ähli oňaýsyzlyklara garamazdan) onuň üçin-de wajypdygy baradaky habar has güýçli bolupdy. Meniň gorkman eden arzuwymy menden aýyrmazdan, ejem meni geljege umyt etmäge — çynym bilen bütin ýürekden umyt etmäge ruhlandyrypdy.

## Çagaňyzyň durmuşyna gatnaşyň

Öz çagaňyz bilen birlikde arzuw ediň, dünýä onuň gözleri bilen seretmegi öwreniň. Özüňiziň mydama onuň tarapyndadygyňyzy

